# *ŞAHYRYŇ GYZY MEN*

***Redaktor: K.Ataýew***

***Suratçy: A.Nuryýewa***

*2025*
***O. Bäşimowa.*** *Şahyryň gyzy men Goşgular ýygyndysy*
*Türkmen dilinde Aşgabat 2024 ý.*

*Şahyr Oguljennet Bäşimowanyň duýgulary akgynly, özboluşly poeziýasy bar. Indi birnäçe ýyl bäri ol şygyrlar gündelik metbugat arkaly okyjylarymyza ýetirilip gelinýär. Onuň poeziýasy duýguçyllygy, diliniň ýeňil hem akgynly okalýanlygy, çeperçilik derejesiniň ýokarylygy bilen tapawutlanýar.*

***© O. Bäşimowa 2025***
***mowlanakyzy@mail.ru***



*Kitaby mahriban käbämiň, kyblamyň we dünýeden ir giden eziz doganym Döwranyň,şahyr aýal doganym Güljahanyň,Döwlediň ýagty ýadygärliklerine bagyşlaýaryn*

***Watan***

*Men seň adyň daşap , asyrlarmyza*

*Hem saçym şemalňa aşyk meň, Watan.*

*Söz berip tugumyz gaçyrmazlyga ,*

*Sözün tutan şahyr, joşup men Watan.*

*Göge galsam, baş harpyňy bellämde,*

*Bulutlaryň leblerinden ellämde,*

*Dür göterip, gaş kakmaga göwrämde,*

*Arşyň ýedi gatyn aşyp men, Watan!*

*Kebelekli merdiwanňy bökjekläp,*

*Saçlarmyň tellerni elimde epläp,*

*Ýetmiş müň äleme gulsem jak- jaklap,*

*Seň türkmen heňiňe sadyk men, Watan!*

*Gül dökülsin arabamdan gujagňa,*

*Bal dökülsin dabaraňdan ojagňa,*

*"Şahyryň watany" diýip, güjeňle,*

*Sensiz bir jülgede gädik men , Watan!*

*Şabaz atlaň baz oýnaşar , näz bilen,*

*Güller gökde gapaksyz sonarlanar,*

*Öýmämi ýel oýnar- ýerden ýaz galar,*

*Dessanlarňa büdrän aşyk men , Watan!*

*Dünýä sygman, köňle sygan hoşuňa,*

*Anbar saçyp töweregňe- daşyňa,*

*Bal gatyp ilimiň döwlet aşyna,*

*Seniň huzuryňa sadyk men, Watan!*

***Diýar***

*Bar bolup bilşim şu, ýazgarma diýar,*
*Göçgünli toýlara gaçypdyr, telwas.*
*Bu gün soňsuz gussaň bilen ulaşyp,*
*Seniň ak säherňe ünjüli gelýän.*

*Gyzyň men, geldim seň, ýüpek günlerňe,*
*Ýadadym, elendim, ardym, eglendim.*
*Ýöne ýüzleýlige serin uzatman,*
*Şol öňki bolşuny saklan perzendiň.*

*Ýürekde gülşen sen, diňle birsellem,*
*Düňle men yşkynda bu däli dünýäň.*
*Nämedenkä, Diýar, düşündir maňa,*
*Senden has uzakda saňa düşünýän?*

***6***

***Topragym***

*Saňa hasyl beren güýzler  bu öýlän*
*Süllerip galypdyr, suwly salmada.*
*Men geçdim- de gitdim, galgadyp öýmäm,*
*Seň şonda özüňde karar galmady.*

*Bag astynyň  gussasyna ilişen*
*Guşlar bilen galmasam- da ikiçäk.*
*Egnimdäki şol  gyrmyzy çüýdeşen,*
*Güllere  çatylyp,sygmandy köçä.*

*Bu güýze “gussaly” diýmäli indi,*
*Bu güýz käkilleri zerewşan hyýal.*
*Topragym, seň üçin söýmek synagym,*
*Bu dünýäniň bakylygy oguşýan!*

*Goňras bag astyna atylan düşek,*
*Gowaçaly meýdanlara düşelge.*
*Sen zemin göbegi mähriban obam,*
*Gözi ýaşly çagalygma geçelge.*

*Çygyň öpsem, piýalaňdan suw berdiň,*
*Galmady söýülmän, birje zerräňem.*
*Topragym, keşbiňi unudyp bilmen,*
*Saklap ýörün, şol gyrmyzy öýmämem.*

*Keramat diýilýän sende bolarly,*
*Güýzde gülli, gyşda güýzli perdäm sen.*
*Seň galan zatlaryň mende bolarly,*
*Sährалary ally, gelin kürtäm sen!*

*7*

***Bulutlar gül döküp...***

*Eteginden gül döküşip bulutlar,*
*Geçdi gitdi aňyrsyna dünýäniň.*
*Gyşyň meňzi örtenipdir, solupdyr,*
*Paşman garyň ýer üstünde müňzäni.*

*Baharyň riştesi aýlaýar başyň,*
*Dal bedewiň agyzdaragy misli.*
*Çyrmaşyk nallara çyrmaşyp barýar*
*Gülhana öwrülip, bedewleň üsti.*

*Läläň ýaňaklary şowhunyn sazlap,*
*Bahary buşlaýan baky dünýäniň,*
*Eteginden gül döküşip bulutlar,*
*Puja öwrüp joşýar garyň müňzänin...*

*Derýa ör- boýuna galaýjak ýaly,*
*Dereleri begres kysmy atynyp...*
*Älemgoşar guçup alaýjak bolýar*
*Aşagynda ýatan meniň watanym...*

*Daglar derdiň ýaly nyzama durlar,*
*Zemin lälä monjuk dakyp derleýär.*
*Bu aýdymlar meniň synama gurlan,*
*Hem owazym: "Watan" diýip, gürleýän.*

*Gül reýhandan baglar sapyp hiňňildik,*
*Kebelekler sallançagyn üwreýär.*
*Şeýdip bahar başlar meniň ilimde:*
*Bahar gelse duýgular hem düwmelär.*
***8***

*Çala başyn egip sary ýasemin,*
*Sebzä dakyp, reňki täze sim-u zer*
*Bu ahwaly tanap bilen ýa Kerim!*
*Gül suwyn ýaýradar syna- da meger.*

*Taňrym! Taňrym!*
*Bu ne joşgun, bu ne ýer,*
*Teneçirler sazandalaň hatary.*
*Bulutlar gül döküp geçip gitdiler,*
*Arasynda galdy meniň watanym!*





***Watan***

*Gapagny açasym geldi,*
*Gaýnap duran çeşmeleriň...*
*Damarlarymdan bellidir,*
*Meniň Saňa teşneligim...*

*Suwuň ganymda aýlanýar,*
*Howaň könlimiň tagtydyr.*
*Şahyrlaň watany bolsa,*
*Allanyň beren bagtydyr.*

*Ellerim daragtyň kibi,*
*Ýaýrap gidýär uzaklara.*
*Pelleri atyrlar kibi ,*
*Bozup gidýär duzaklary...*

*Men seniň şahaňda galan,*
*Ýel bolanda...*
*Ýapyşak deý.*
*Sen bolmasaň, men kimmişim,*
*Sen şeýlebir ýakyşykly?*

*Lal açsam, guşuň sözleýär,*
*Ker bolsam yşk içden g:ygyr.*
*Daşa gitsem , gözi gözläp,*
*Enem deýin meni çagyr...*

*Ýazgy:n saçlarymy çözüp,*
*Şemalňa kybap gelmişem.*
*Watan seniň ýaýlalaňda,*



*Doguldym,*
*Indem...*



***Mellegmiz***
*...şu ýerde oturardy ejem,*
*Elinde sapagy bardy,*
*Şu ýerde oturardy ejem,*
*Aglaýyp sogan bogýardy...*
*Bogmaly ýaş soganlary ýanynda,*
*Päkje,*



*Taýýardy...*
*Hiňlenerdi bir heň bilen,*
*Sözlerni eşdip bolmazdy...*

*...şu ýerde oturardy ejem,*

*...hiç ýöne geçip bolmazdy,*
*Sakga durman, hiç säginmän,*
*Diňlärdim oň owazyny...*
*Mellegmiz öz bir çetinde*
*Saklardy oň howasyny...*
*...Şu ýerde oturardy ejem,*
*Tüňçe ýaly düýrlener- de*
*Serederdi käte köçä,*
*"Kakamy gözläp…" meger-de...*
*...şu ýerde oturardy ejem,*
*Çil üstüniň topragynda...*
*Galdyryp horaz kekejin*
*oturardy gapdalynda.*
*Jüýjeler bozmazdy heňin...*
*Şu ýerde oturardy ejem,*
*Syzyp meger ýeriň tenin...*
*Gapdalynda tagarasy,*
*Gök otlar kuýaşlanardy...*
*Käte bir heň aýdýan ýaly,*
*Öz halyndan hoşlanardy...*
*Bozsaň hem uýat bolardy.*
*...şu ýerde oturardy ejem,*
*Jiglermiň seslerin diňläp...*
*Aýtmazdy hiç kime, hijem,*
*Duýgular galdy meger- de*
*- öz ýüreginde "iriňläp..."*
***12***

*...şu ýerde oturardy ejem,*
*Synlaňda aýdym ýalydy.*
*Gapdalyndan geçip gitseň,*
*Bir zatlar aýdan ýalydy...*
*Zat diýmez, özüň bilersiň,*
*Hataňy hem ýalňyşlarňy...*
*...şu ýerde oturardy ejem,*
*Geçirip gazap gyşlarny...*
*Syzardy seň syzyşlarňy.*
*Bir göz aýlap serederdi,*
*Gözleriň gussa baglasa.*
*Ýüregiňde ýer ederdi,*
*seredişi assa- assa...*
*Soň: "Näme üçinkä? Diýerdik,*
*ejem mellekde aglasa...*
*...söhbet hem edip bilmedik,*

*Biz oň bilen aga- ýana...*
*Özi gaýta umyt bi:ýrdi:*
*Gapdalynda aglaýana...*
*Şu ýerde oturardy ejem:*
*“Mamamy ýatlap megerem...*
*...biziň howlymyz gözeldi,*
*gelerdi kä garry enem...”*
*Belki her zady içine,*
*Salyp ýatlardy geçeni...*
*Mellegiň hut şu ýerinde jaýlanlar ýaly ejemi...*
*...edil tamdyryň gory deý,*
*Her geçemde ýanýar içim:*
*“...şu ýerde oturardy ejem,*
*Şu ýerde oturardy ejem...”*

**13**

## *EJEME*

*Ýukajyk geýimde, galyp pederden,*

*Aňzagyň bahara ýazan günleri.*

*Daňdan turup, gök satmaga giderdiň,*

*Ýumruk ýaljak bolup, bazar günleri.*

*Joýa –joýa elleň titrär durardy,*

*Halta gök otlary dykyp gideňde.*

*“Kakam bolsa, beýle bolmazdy?”-diýip,*

*Her gezek aglardym, çykyp gideňde.*

*Her daňdan üşämde ýadyma düşýär,*

*Gysmyljyrap, aglaýaryn pejiňe.*

*Hem: “Oglum üşäýse näderkäm?”-diýip,*

*Meňzäp barýan “halta ýükli” ejeme.*

*Şindi- şindem  gidip barşyň ýadymda,*

*Ýatlamalar  hakydama sürünýär:*

*Aşagynda gök dykylan haltanyň,*

***14***

*Ýumruk ýaljak bolup, çala görünýän...*

*“Sen üşänsiň”  diýip, ýygryp göwrämi,*
*Çoýunýaryn gor ýaljak, şol pejiňe.*
*“Oglum üşäýmesin...”üstün basyryp,*
*Meňzäp barýan, “halta ýükli”ejeme.*

*Gitme diýip, elleriňe ýapyşsam,*
*Diýerdiň : “Ot bar ahyry aňyrda”*
*Ot indi ýaşaýan ýerin çalyşyp,*
*Şol ýanyp dur aglamjyrap, bagyrda.*

*Sen gidýäň, biz bolsa, galýas yzyňda,*
*Gysmyljyrap, ýakyp giden pejiňe...*
*Her säher özümem işe gidemde,*
*Meňzäp barýan “halta ýükli” ejeme.*

***15***

### *EJEME*

*Ertekiler  ýat bolupdyr, ejemem,*
*Enemem, bir mahal aýdyp bererdi.*
*Goňşularyň ählisi- de oturyp,*
*Ýadymda kölgede gök çaý süzerdi.*

*Çagalygym geçdi baglaň içinde,*
*Nowçalar düzerdik, monjuk hamana.*
*Oglan doganlarmyň söýýän gyzlarna,*
*Hat äkidip bererdik, agşamara.*

*Ýyllar saçlaryma ak gar sepipdir,*

*Ulalypdyr, birmahalky taýçanak.*
*Obanyň çetinde akan şol akar,*
*Ene ýaba öwrülipdir, çaýkanyp.*

*Kysmat uzaklara seçipdir, bizi,*
*Biýaralaň seçişi deý garpyzyn.*
*Nersi bir ojaga eýe bolupdyr,*
*Joralarym söýmese- de, agtygyn.*

*Ýyllar dür saçypdyr, duýgularmyza,*
*Kän kösenip, kämilleşdim bu ýolda.*
*Ejemiň ertekä siňdiren sesi,*
*Doňup galdy sahna bolup hyýalda.*

*Ýatlama, ýatlama, gundogda ýatan,*
*Päkizeje bäbejige meňzeýäň.*
*Käteler arlykdan aşjak bolaňda,*


*Kalbyň baglaryny kertip, dyňzaýaň.*

*Gowzadýaň joşgunyň aýdymlaň bilen,*
*Owal- ahyr ýazyp, aýdanlaň bilen.*
*Kämilleşip ýaşap geçýän ýollary,*
*Kämilligiň öýdän öýdümi bilen...*

## ***Erkek dogan***

*Erkek dogan suwjuk bolmaz,*

*Ýüregi hut çelpek dogan.*

*Barsam, gaýtsam ýollaryma,*

*Sözüň bilen gül dök dogan.*

*Bir mahallar batbörege*

*Çolaşardy galpak dogan…*

*Diýme maňa: “Sözüň çuň däl”*

*Aýna ýaly ýalpak dogan!*

*Mündirer “sürerdiň ulag”*

*17*

*Bizi*

*şonda galtak dogan.*

*"Geldi- gelmedi" diýmäwer,*

*Gözde gizläp, çylpyk dogan.*

*Süýji geplemersiň bilýän,*

*Şonda- da ýürek dok dogan...*

*Seň kalbyň aňyrsy umman,*

*Garramawer entek dogan,*

*Erkek dogan, erkek dogan...*

*18*

## *MÄHRIBAN EJEME*

*Ah seni şeýlebir göresim gelýär,*
*Gül ýüzüň küýseýän, gülüp bakarny.*
*Ýaşyl gözleriňde görerdim mydam,*
*Mellekde suwarýan günebakarňy.*

*Saňa aýdyp bererdim men, derdimi,*
*Hem agtygyň öýlenjegne garaşsaň...*
*Ine, ýene bir ýyl geçdi aradan,*
*Ýene seniň geleriňe garaşýan...*

*Seni meň şeýlebir göresim gelýär,*
*Ýassyk etsem, gül keşdeli ýakaňy.*
*Ýene- de düýşüme girsene, käbäm,*
*Suwarşyň göreýin, günebakarňy...*

*19*

***KÄBÄME***

*Sen hakda köp zatlar ýazasym gelýär;*
*Ýöne bagrym paralanýar, ýatlasam.*
*Käteler şeýlebir göresim gelýär,*
*Gaýtalap bolmaýan ajap zatmy sen?*

*Ahwalmy sen, Arşy duýgular içre,*
*Päkize perişdäm, ömrümiň zary.*
*Ahli aýralyklar, gaýgylar içre,*
*Pursatlarym gutarmady, nalaryn.*

*Seni ajap eýwanlara saljakdym,*
*Ýoluňa gül düşäp, garşy aljakdym.*
*Seň bilen gyzlary saýlap, agtygňa,*
*Gelin aljakdym.*

*Garaşýan hyýalda "gelersiň"- diýip,*
*"Duýşlerimde mähriň çoýarsyň"- diýip.*
*Garaşýan, ýene- de ogluň yzyndan*
*"Hat ýazyp ber"- diýip gelersiň" diýip.*

***20***

***DOGANYM GÜLJAHANA***

*Al- ýaşyl gülleň "gyňajy",*
*Seň tutumly toýlaryňmy?*
*Güller seniň joraňmy ýa,*
*Ýa- da doganoglanyňmy?*

*Güller seniň ykbalyňmy,*
*Aglap içiň döküäniňmi?*
*Çyg basan bu ýaşyl meýdan*
*Diýýär:*
*"Zaryn çekýäniň kim?*

*Nirelerde seýran göwnüň,*
*Gunçalaň gaýmagyndamy?*
*Hany nirelerde höwrüň,*
*Gülleriň oýmagyndamy?*

***Bilýäňmi, meň seni göresim geldi.***

***(Ejeme)***

*Bilýäňmi, meň seni göresim geldi,*
*Bitin aý asmana meň bolan çagy.*
*Agaçlar akarlaň gaýmagyn ýalap,*
*Ýapraklaň güýzürgäp, güň bolan çagy.*

*Çagy, gyzyl güller zemin göbegne,*
*Bahar gelmek üçin çümüp gidende.*
*Çagy, gözleň del ýerlerde, bir ýerde,*
*Başga bir gözlere sümüp gidende.*

*Çagy, göwnüm solpusyny ýitirip,*
*Derwüşiň yzyna düşjek bolanda.*
*Sallançaga meňzeş ala daglardan,*
*Akja bulut ýere gaçjak bolanda.*



*Çagy, ýaplar kisesini dolduryp,*
*Bala meňzeş ýagyş suwun ýygnanda.*
*Öýdäki dalbarda üzümleň murtyn,*
*Oýun  edip körpe jiglem towlanda.*

*Mellekdäki çilden eňende agşam,*
*Işikdäki çyralary soraglap...*

*Öýe ýygnananda işe gidenler,*

*Saçagyň başyndan ýer goýup saňa,*

*Gelmejek bolsaňam, ýoluňa garap,*

*Bilýäňmi, meň seni göresim geldi...*

***23***

***Ogluma***

*Howa  salkynjag-a,bilýäň,*

*Geýip gitginiň penjegiň.*

*Sen sähra gidermen bolýaň,*

*Bilmersiň ýazyň ölçegni.*

*Türkmeniň häsiýeti ýaly,*

*Sährasy sergin- alaňdyr.*

*Bir görseň güneş ýyladar,*

*Bir görseň, bary ýalandyr.*

*Ýagmyra suwsan düzüne,*

*Sergiläp kakyn- gurduny.*

*Sähra gelin deý süzüler,*

*Ýagyş- ýagmyrdyr,gerdeni.*

***24***

*Ýazlary ýar örtügünden,*

*Bilmersiň serhet- ölçegin.*

*Sen sähra gidesiň gelse,*

*Geýip gitginiň penjegiň.*

*Eşikleriň bolsun,ýyly,*
*Sen indi çaga däl, bilýäň.*
*Towşanlaryň owsunşyny,*
*Çalyşma şatlygna dünýäň.*

*Ýar söýmäge bolar wagtyň,*
*Görüp alaňda geljegňi.*
*Oglum, indi çaga däl sen,*
*Geýip gitginiň, penjegňi.*







***IR DÄLMI?***

*(Jigim Marala)*

***27***

*İr-ä entek iýnse gubar gözlerňe,*

*Gaşlaryňda on  ýediniň  heseri.*

*Ilki agsam ir dolanyp,oýüňe,*

*Okap diňe söýgi hakda eseri.*

*Ýatlamaga  iş-güýç  bilen unudyp,*

*Batbörege  göwünlermiz daňýanmyz.*

*Ene  ýaba tanamaga cuňlugy,*

*Özumizi  goja  tutdan  zyňyanmyz.*

*Gelnejemiň  kürtesinden ýapyşyp,*

*Çagalardan  gabanyanyň   düýn  dälmi?*

*Ir-ä entek,içki  jaýda  gyslysyp,*

*Sabamaňyz, O ne beýle, Ir dälmi?*

***Düýşümde meň kakam barmyş***

*Düýşümde meň kakam barmyş,*
*Indi ýetim dälmişim...*
*Dälmişim hem egni gysyk,*
*Aýakgaby deşigem...*
*Şähdi açykmyşym ylla,*
*Iýjegimem känmişin,*
*Indi alada dälmişin gyşda galyň eşigem...*
*Düýşümde meň kakam barmyş,*
*Ýokmuşyn oň serhedi.*
*Kakasyzlyk asla beýle*
*Serhetsiz öýtmänmişim...*
*Düýşümde meň kakam barmyş,*
*Şuja ýyllar eýse kim*
*Maňa kakasyzlygyň ýüküni*
*Göýäki bir aýtmanmyş...*
*Düýşümde meň kakam barmyş,*



*30*

*Saralýarmyş köküme.*

*“ Meň gyzyma degmäň , asla”*

*Diýip bilýän janserek.*

*Düýşümde meň kakam barmyş,*

*Iýdirmeýän hakymy:*

*“Saňa gyzym indi besdir,*

*Ýetimlik nämä gerek”*

*Düýşümde meň kakam barmyş,*

Indi arkaýynmyşym hem,
Göwnüm berrak, şygrym deňiz,
Galamym hem ýelkenmiş.
Düýşümde meň kakam barmyş,
Gamlar serpilenmişin,
Hak ýolunda şeksiz duran,
Ýeke- täk galkanmyşyn.
Düýşümde meň kakambarmyş,
Öz- ä täsin düýşmişin,
Düýşümde meň kakam barmyş,



Başga zatlar hiçmişin.

**Ejem ýaly...**

Dünýede gowy adamlar
Tiz ýaşaşyp geçen ýaly...
Aglasyň gelýär käteler,
Adam görseň ejeň ýaly...

Dymmalyk ýar boldy maňa,
Ýaňralyk hut göçen ýaly...
Gürleseň- dä hut käte bir
Garabagyr ejeň ýaly...

Süýji günleň kölgesinde
Jennet suwun içen ýaly...
Meň uçma düşesim gelýär,

*Ejem ýaly, ejem ýaly...*

*32Däli köňlüm uçdy göge,*

*Sen kapasam açan ýaly...*

*Sen kakama meňzeş käte,*

*Kä mähriban ejem ýaly...*

*Derdimiň intizarysyň,*

*Dert, sen hem men üçem ýaly...*

*Sen meniň arym- namysym,*

*Hem höwürim ejem ýaly...*

*Düýbi deşikdir girdäbyň,*

*Biz öňem bir geçen ýaly...*

*Bile ýatlansak bor soňra,*

*Kakam bilen ejem ýaly...*

***33***

***Eje, ýüregim üşeýär...***

*Eje, ýüregim üşeýär...*

*Ýorgan hem ýapyp bolanok.*

*Ýüregim üşeýär , eje,*

*"diýýänni" tapyp bolanok.*

*Gözümden akýar burjysy,*
*Gaýraty at çapan ýaly...*
*Size meňzeş oň gurluşy-*
*-Göreňde hut Watan ýaly...*

*Ýüregim üşeýär , eje,*
*Penjiresi jyklatmazmyş.*
*Menden hem syr saklap, kejir,*
*Hiç kese gapy açmazmyş...*

*Eje, ýüregim üşeýär,*
*Tapaýmasaň, bir sen derdin...*
***34***

*Şol sözi küýseýär belki:*
*“Gaýratly gyzym” diýerdiň...*

*Ýürgim üşeýär , eje,*
*Ýorgan hem ýapyp bolanok.*
*Çoýunanok peje, kejir,*
*“ Diýýännem” tapyp bolanok...*

***35***

***Sowal***

*Enemiň ýürek urgusy ertekä sapdymyka ýa,*
*Gijeler gaty gerdenne çoh dertler çökdümikä ýa?*
*Düýşünde pirler hasaly öňünden çykdymyka ýa,*
*Näme üçin käbäm enem,meň gaşlarym çytyk doguldym.*
*Diňläp oturdymmy Onda seniň ýürek gowulyňy,*
*Aýtsana käbäm enem jan gaşlarym çytyk doguldym?*
*Ýa göwnüňe degdilermi, babamsyz, erkek dogansyz,*
*Ýa döwründe döwdülermi gawuny eýmenç şagallar.*
*Ýa uruşmy? Hasratyňyz ? Kalbyňyzda eser bolan,*
*Näme üçin gaşym çytyk doguldym men , käbäm enem?*
*Haýsy aýdymy diňledim,*
*Kimiň heňini geňledim,*
*Jennediň guşy geçipdirhowamda şonda menden öň,*
*Näme üçin käbäm enem, gaşlarym bir geňsi çytyk,*

*Bolup doguldym men?*
*36*

*Ýaşlarym çytyk doguldym.*
*Başlarym çytyk doguldym,*
*Atlarym çytyk doguldym.*
*Käbäm enem aýtsana sen , gamgyn aýdym aýtdyňmy ýa?*

*Kölgede ýalňyz galaňda, maňa ýokdur öýtdüňmi ýa?*

*Saçlarym gytyk doguldym.*

*Aýtsana sen näme üçin gaşlarym çytyk doguldym?*



***Ejeme***

*Ýüzüň sowuga ýanykdy,*

*Kim biler içiň neneňsi?*

*Diýjegiň arzuw damakda,*

*Halyň bardy gaty geňsi...*

*Sesiň çykmazdy asyl- ha,*

*Agyr bolsun, ýükleň seniň...*

*nerede bolsak, parhy ýok,*

*“çeker bizi ýüpleň” seniň,*

*Sen dert bilen ýüklenseňem...*

*Kim biler içiň gemirýän*

*Ahwal nedir, gamlar nedir?!*

*Seni ýatlasam hakydam,*

*Aglap başlar:Barýan ýaly,*

*Çapgyn ýoldan büdür- südür...*

*Ýaglygyň çogy çyglansa,*

*Perejiňe bukardyň sen...*

*Simfoniýa diňlän ýaly:*

*Owazyň hem ýokardan seň...*

*Guntdy düýşüň,işiň guntdy,*

*Işigiň gunt bilen mähir.*

*Seniň asuda kalbyňdan,*



*Dömerdi gyşyna bahar...*

*Ýüzüň sowuga ýanykdy,*

*Kim biler içiň neneňsi?!*

*Aglaýanyň- a anykdy:*

*Halyň bardy seň, birgeňsi...*

***Atama***

*Men entek çyzmadym seniň göwräňi,*

*Ruhuňy ganatman , gan gazanynda.*

*Yşyk bilen kölegäňi döwmäni,*

*Özüm bilen pitne, gozgalaňymda.*

***40***

*Men entek çekmedim elleriň süňkün,*

*Belki- de çekerin, galar belki- de...*

*Seni çeken wagtym , soragym: Men kim?*

*Soň seň suratyňy satyn alarlar,*

*Million ýyldan beýik şalar , belki- de...*

*Barmaklarňy bejermesem, galamda,*

*Çyzyp bilmän, hyrçym dişläp, süýkärin.*

*Seni çekmän gitsem, bolmaz älemden,*

*Galar barmaklarym, menden öýkeläp.*

*Belki- de boýlarny derek çekerin,*

*Zehinimiň ýeten burçuna çenli.*

*Seň eliňde kitap, gözüň äýnekli,*

*Asmanda ýer aljak ýurduňa çenli.*

*Gos- goja zeminde bir özüň bar dek,*

*Çekerin deňiziň kenarlarynda...*

***41***

*Entek çyzmadym men seni beýnimde,*
*Sorag bar , suratkeş hünärlerimde...*

*Ruhuňy gögele, düýşüňi ýaşyl,*
*Gidip barşyň nokat edip çekerin.*
*Durasyň ýok- la sen hetdiňi aşyp,*
*Sabryňy ak , takat edip çekerin.*
*Ýa bu gün, ýa ertir, belki- de hiç soň,*
*Çekmek bilen çekmezligiň arasy.*
*Men seni çekemde özüme gerin,*
*Çünki sen bir ýarasyň...*

***42***

***Jigim Muhammetjana***

*Sen bir boz ýaýlanyň akja owlagy,*
*Entek ýüňün ýetiren bir gaplaň däl.*
*Sen häzir perişde, garamyk gözli,*
*Şonuň üçin, ganatlaram hökman däl.*

*Ýaňagyňda posa küdelenipdir,*
*Öpjek bolsam, eneň ýanna gaçýarsyň.*
*Bala saçlaryňam seçelenip dur,*
*Entek sen dilem açmansyň.*

*Süýt ýaly dişleriň, agyzlaň bulgur.*
*Öwrülsene, öpeýin men alnyňdan.*
*Eneň digregi sen, Muhammet ogul,*
*Aýrylmagyn, hijem onuň ýanyndan.*

***43***

***Ejeme...***

*Sen sözläňde...*
*Sen sözläňde ene ýeriň teýinde*
*Bagjygyn çözlärdi syry ýelleriň.*
*Sen sözläňde arşyň çilinden ýöräp*
*Güllere çyrmaşyp barýardy elim.*
*Sen sözläňde sözler bişen erik deý,*
*Sessizje düşerdi, görüpdim telim.*
*Gelerdi bir owaz, düzülendi ol,*
*Harplaň arasynda görmändim ýelim.*
*Sen sözläňde, hüwdi beýläk geçerdi,*
*Ýalňyşyny bilen bir çaga mysaly.*
*Sen sözläňde meniň kelläm göçerdi,*
*Dyrmyşan deý beýik daga mysaly.*
*Sen sözläňde, aýallary gam basyp,*

*Ojagyň başynda oýlandyrardy.*
*Sen sözläňde, şähdiň ýokarky tary,*
*Daş- töweregiňi gozgandyrardy.*

***44***

*Sen sözläňde, jigimiň towly saçy*
*Mekgejewen gulpagyna meňzärdi.*
*Sen sözläňde, meň ýüregmiň içinde*
*Daşaryk çykmaga bir güýç dyňzardy.*
*Sen sözläňde, dertlerimi bir pozguç,*
*Gorkup, elin sandyradyp pozardy.*
*Sen sözläňde, ýapraklaryn atan bag,*
*Kyn bolsa- da gaýdyp tele düzerdi.*
*Sen sözläňde, bolmaýan zat bolardy,*
*Gelerdi üstüňden gülleriň sesi.*
*Sen sözläňde, betbagtlar gülerdi,*
*Dertliler donundan çykardy geňsi.*
*Sen sözläňde, älem dymardy bir hal!*
*Sen sözläňde, agtygňa aýak biter,*
*Pelegiň çarhynda togtardy mähir,*
*Maňa güýç bererdiň öňküden beter.*
*Sen sözläňde...*

***45***

**Häzir garry öýde bolsadym biraz...**

*Häzir garry öýde bolsadym biraz,*
*Körpäň "ejesidir" öýdüşin geňläp:*

*Sallançagyň jygyldaýan enjamyn,*
*Ejem barka aýdan “aýdymyn” diňläp...*

*Kyrk çille içinde “hykyrdap” ýatan,*
*Körpäň “nirelerden gaýdyşyn”diňläp...*
*Üçekleň üstüne daman damjalaň,*
*Ol hakda syrly heň aýdyşyn diňläp...*

*Köne “jygyldadan’ alyp lezzeti,*
*Çaýyň käsä bakan  gaýdyşyn diňläp...*
*Enem...*
*Ejem...*
*Kakam...*

***46***

*Doganjyklarym...*
*Maňa  “uly şahyr” öýdüşin diňläp...*

*Mellekgyra “azatlyga” çykarlan,*
*Ördekleň suwoty tüýdüşin diňläp...*
*Tamdyrtow taýýarlan gelinejemiň,*
*Gyňajyn oklaw deý öýdüşin geňläp...*

*Joýalaň içinde sary jüýjeleň,*
*Goňşa öz mellegmiz öýdüşin diňläp...*
*Başlangyç synpdaky jigimiň öýe,*
*Bagjygyny süýräp, gaýdyşyn geňläp...*

*Wah, häzir bolaýsaň, garry öýmüzde,*
*Garpyzlaň toşaba geçişin geňläp...*
*Ot maşynnyň mekge palajyn küle,*
*Mäjuma öwürip seçişin diňläp...*

***47***

*Wah häzir bolaýsaň,garry öýmüzde:*
*Ejem ak kökeden tutup ýüküni,*
*Gyzyl alma bilen getirerdi kän,*
*Satyp,mellekdäki gökje ekini...*

*Wah, häzir bolaýsaň, garry öýmüzde,*
*Geçiräýseň, şu zatlary ýazga bir.*
*Ah, indi zol- zol öýmüze gitmäge,*
*Ýarabam duramzok, indi garr- a biz...*

*Ah häzir aý gaçsa üçek tagtyna,*
*Gupbaly öýmüzem ulygyz ýaly.*
*Dünýäde bir nokat baryn agtyga*
*Aýdyp bermek üçin taýýarlanýaryn...*

*“Ahh, häzir bolaýsa garry öýümiz...”*
*-diýip, agtygym hem ýazaýar ýaly.*
*Has süýji hallary düşündirýärin:*

***48***

*Ol hem bir gün garrap, hut biziň ýaly...*
*Iň süýji nokady saýsa dünýäniň,*
*Alyp gelse, käte goş- golamyny,*

*Diýäýse:*

*“ Bolaýsa, garry öýümiz,*
*Wahh,häzir enemiň ýanyna çöküp,*
*Diňläpjik bolaýsa goşgularyny...”*

***Ejem gelip…***

*Üçekleň aýdymyn diňläp ýatyryn,*
*Ejem tamdyrtowdan geläýjek ýaly...*
*Şalpy- şaram üsti başy, gyňajy,*
*Häzir hut özi hem eräýjek ýaly...*

*Mal ýataga ýagşyň geçýänin aýdyp,*
*Zeýrenjegem bolmazdy ol, öýde kän...*
*Käte bir doganma igenerdi hem:*
*Diýerdi: “ Bejeräýmel- ä ahyr öýdekäň...”*



*Häzirem ýagyp dur, şol köne ýagyş,*
*Getirip gussany öz ýoly bilen...*
*Wagtyň damaryna çekip ol nagyş,*
*Dur meniň aňymda gozganybilmän...*

*Näme üçindir adam küýseýär käte,*
*Geçilen ýollaryň süýji gussasyn.*
*Kim bejerer köňlüň ajy derdini,*
*Kim synyk ýamalaň ezber ussasy?*

*Sowalymy kime berjegim bilmän,*
*Gaýta- gaýta wagta ýüzlenip mäkäm*

*Men ýagyşyň üçekdäki sesinden,*
*Diňleýärin "aýak basyşyn" Notaň!*

*Ezilýär köňülem ýagyşly günde,*
*Oň sesin diňleýän goýup işimi.*
*Her ýagyş ýaganda baş atgyjy öl,*
*Ejem gelip, açjak ýaly işigi...*



## ***Gorky***

*Öňler "bahar gelmez" öýdüp gorkardym,*
*Gorkardym: "guzular mälemez" öýdüp,*
*Öňler "ejem gülmez" öýdüp gorkardym,*
*"Dymar" öýdüp...*
*Meniň ejem nalamaz...*
*Öňler aýdymlarym güller hakdady,*
*Saçymda ak goýan ýyllar hakdady,*
*Ýöne...*
*Paşmadyk söýgüme taňry ýalkasyn,*
*Ol maňa öwretdi köňül bermegi,*
*Ynsana däl, hut galama erk edip,*
*Öňler "yşgym halkasyndan azaşyp,*
*Basym halat geler"- öýdüp,gorkardym.*
*Aslynda biriniň ýerine geldim,*
*Uçma giden guşum nirde, gör hatar?*
*Öňler nije aýralykdan sowruldym,*
*Meger ýürek şol sebäpli gorp atar,*
*Öňler jigilerim hem kiçijikgedi,*
*On sekiz ýaş, oglanlara jort atar...*
*Ejemiň mellegi dünýäň kartasy,*
*Iň ullakan ylym- bir şol kartadyr.*
*Öňler "yşga degmek bolmaýar" -diýip,*
*Uzaklardan el uzadyp, gorkardym...*
*Gorkardym : "oň nury gaçmasyn" diýip...*
*Yşgy dile getirmäge gorkardym,*
*"Ýazan şygyrlarmy görerler" diýip,*

*Mekdebe-de götermäge gorkardym...*
*Gorky ýürekleri mukaddesleşdirer,*
*-yşgy ýitirmezlik, gorkynyň işi.*
*Okardym gysymma gysyp dogasyn,*
*Ýat tutardym olaň her bentlerini...*
*Gorkardym: "Ejemsiz ýaşap bormy heý?"*
*Gorksaň hem ejeler gidäýýär eken:*
*Uzaltmaklyk üçin perzentleň ýaşyn...*

***52***

***Mama, men düýş gördüm...***

*Mama, men düýş gördüm:*

*Düýşümde ynan:*

*Seniň goşgularyň ýelken mysaly*

*Derýalary, deňizleri ýüzüp kän,*

*Meni alyp barýarmyşyn wysala...*

*Mama, men düýş gördüm:*
*Görsem seň eziz, hemem juda hamrak,*
*Mähriban gyzyň*
*Şol ýelkeniň bir desmaly mysaly,*
*Otagasyn bezäp, barýarmyş ýüzüp...*

*Mama, men düýş gördüm:*
*Körpe ýegenim dyzyna çöküp hut*
*Ýelken yzynda...*



*Kalbyň göwherlerin çar ýana döküp,*
*Geçirýärmiş seniň söýýän gyzyňdan...*

*Mama, men düýş gördüm,*
*Göýä aý gatyk, suwam jama meňzeş,*
*Ýelken çemçemiş...*
*Mama, men düýş gördüm:*
*Şeýle gözel düýş,*
*Oň ýanynda hiç zat, altyn hem kümüş!*

*Mama, men düýş gördüm:*
*Neberäň yzyn şol sadaja ýelken*
*Barýarmyş alyp...*
*Mama, men düýş gördüm:*
*Seniň dowamyň,*
*Barlygyň düýşlerne beýik nusgalyk!*

*Mama, men düýş gördüm:*

***54***

*Görsem obamyz şol sary ýelkenne*

*Barýarmyş ýüzüp...*

*Bir şalygyň aýrylmajak bölegi*

*Sürünýär bulut deý, monjugyn üzüp...*

*Mama, men düýş gördüm,*

*Gyş baharmyşyn,*

*Bahar guwa öwrülipmiş hamana...*

*Mama, men düýş gördüm:*

*Adamlaň gepin*

*Çykarypdym bir püçege- gümana...*

*Mama, men düýş gördüm:*

*Şeýle bir näzik,*

*Leblerden bal suwlar syzýarmyş çala.*

*Mama, men düýş gördüm:*

*Kejebä münüp,*

*Babamyň yzyndan gelýäňmiş bize.*

**55**

*Mama, men düýş gördüm:*

*Uçýan men, sakla!*

*Şeýle düýşler açsyn säher işigi...*

*Mama, men düýş gördüm, ýeri şo düýşde:*

*"Sen mamama meňzeş" diýýär gyz jigim.*

*Mama, men düýş gördüm:*

*Şeýle bir düýş ol...*

*Geläý- dä şol gelişiň deý öýmüze...*

*Iň bolmanda ýekeje gün, birje gün:*

*Gören düýşüm özüm aýdaýyn saňa!*

***Başgaça mümkin däl eje!***

*Başgaça mümkin däl eje! Söýmän ekenimmiş bar şol...*

*Sen meni ýene "Günäsiz balamsyň" diýip garşy al!*

*Sen eje ahbetin, bilýäň: Gyzyň demi gelmez sensiz.*

*Kakam meni geçmişdäki suratyna daňyp gitdi,*



*Ýogsam onsuz, ýogsam onsuz...*

*Oglanlygym doňup gitdi...*

*Başgaça mümkin däl eje, "Jiglermiň boýny egilmän,*

*Dursun" diýdim, kerkaw ýaly...*

*Gezdim ýördüm, gezdim ýördüm, sag dünýede*

*Syrkaw ýaly...*

*Damarlam ýogsa taýakdy,güldüm şol ýansa- da içim,*

*Sensiz galmak ýeňil iş däl, başgaça mümkin däl eje...*

*Kesgitlenen ädimlerim, nusga boldy ula- kiçä,*

*Mümkin däldi undulmagym, Başgaça mümkin däl eje!*

*Ýokdy göwnümiň awlagy,ýel bilen ylgap geçdim men...*

*Mejnunyň hyrkasyn basyp, Leýlini üwräp geçdim men...*

*Duýgulam dartdy- la ýüjä...*

*Saýhallandym soň kem- kemden...*

*Başgaça mümkin däl eje, sensiz dünýede kemsinmek...*

***57***

*Jiglermiň elinden tutup, ýörjen etdim, ýörjen etdim.*

*Özüm lokmamy iýdirip, üst- başlaryn gurjak etdim.*

*El uzadan zatlaryny alyp berjek boldum mydam,*

*Başgaça mümkin däl eje,*

*"Wi ýa- da şol mümkinmikän?"*

*"Eje, eje,eje, eje, daşymdan aýdasym geldi,*

*Kemsidildim,kem görüldim,öýüňe gaýdasym geldi...*

*Emma gözýaşlarym bilen görünmedim ile hijem,*

*Çaga deý göz- gaşlam bilen, diňledim aglan göremde,*

*Öýe baryan bolsam gijem...*

*Başgaça mümkin däl eje, başgaça mümkin däl, eje!*



ÝYLLAR SAÇLARYMA

AK REŇK ÇALANDA,

SYÝAM GOÝALANDA

GARA GALAMDA,

"BAGYŞLA"DIÝMÄGE GELJEK
BOLAŇDA,

HIÇ ZAT KALBA SALYP BILMEZ
TALAŇ ÝAR,

SERESAP BOL:

ZENAN GÖWNI NÄZIKDIR,

BIR GÜN ALYSLARDAN GELMELEM
BOLMAN,

ŞOL ÝERLERDE GALSAŇ HEM BOR,
GYNANMAN...

ALYSLARDAN KÄN GELESI GELEN
ÝAR,

BOLAÝMAGYŇ, BOLAÝMAGYŇ
ÄHTIMAL...



## *Portret*

*Öz gamgyn suratym çekipdirin men,*
*Gözlerimde gussa, kirpiklerim çyg.*
*Leblemde galypdyr kemsinmäň şekli,*
*Gaşlarmyň ujunda ýalňyzlyk otyr.*

*Ýaňaklamda gözýaş ýolun ýasapdyr,*
*Ol elbetde Meso- potamiýa däl.*
*Iki deryaň arasynda taryhyň*
*Gözýaşly sözlerin okar ýaly däl...*

*Däl olar aňrybaş, daş ýarýan zehin,*
*Ýa talantyň ruhy siňen keşbi- de...*
*Men seni şonsuz hem söýýärin özüm,*

*Hiç zat ýazmasaň hem,*
*Iş etmeseň hem...*

***Ilime***

*Gujak-gujak güller bilen, sähra dolasym gelýär meň,*

*Şirin –şeker sözler bilen gelýär gulakda galasym.*

*Gelýär meniň zyban bolup, dillerňe şeker garasym,*

*Gelýär meniň şeýlebir çalt,şygyrda çeper bolasym,*

*Ýazyp-ýazyp okyjysyn agladan eser bolasym.*

*Şol günki deý, ilkinji deý, öňki bolasym gelýär meň,*

*Hemme zatdan beteri hem ,seňki bolasym gelýär meň...*



***Saňa şo gün bir zat aýtjak boldum men***

*Saňa şo gün bir zat aýtjak boldum men,*

*Nämedigni men özümem bilmeýän.*

*Saňa şo gün bir zat aýtjak boldum men,*

*Dirikäň ölmeýän, soňam gelmeýän...*

*Gözleň suratymy alýan ýalydy,*

*Her bakamda gelip durdy ýyly zat.*

*Saňa şo gün bir zat aýtjak boldum men:*

*Öz- ä uly zat...*

***61***

*Nobat- nobat adam geçdi- de durdy,*

*Aramyzdan. Aňdym: käte ýitirdiň...*

*Aýtmaly zatlarym köp ýalydy, wah,*

*Saňa şonda bir zat aýtjak boldum men,*

*O zat duýgymyzyň ykbalydy, wah...*

*Ýanyňda durasym gelipdi, şonda,*

*Göz edip mähellä, göz edip ile...*

*Saňa şonda bir zat aýtjak boldum men,*

*Belki aýtdyrmady ynjyk nesibe...*

*Belki seň aýtjagyň meňem aýtjagym,*

*Mümkin seni ýanar oda saldym, men.*

*Birden mähelleden ýitirim bolduň,*

*Saňa şonda bir zat ýatjak boldum men...*

***62***

***Peýzaj***

*Aý kesilen dyrnak ýaly, egrelip, täze dogupdy,*

*Gije ýyldyzlaň sapagy elindedi, bugdaýlygyň.*

*Senem, menem gedemlikden doňňara daşa dönüpdik,*

*Aýrylanlaň şaýady deý, doňup galdy bugdaýlaram.*

*Nesim ýeller öser- ösmez, salkyndy ýogsa  howa- da,*

*Sejda iýnen agaçlaram, egrelip galdy, sowalda.*

*Menmi, sen? Bu aýralygyň ýüpünden hiç goýbermedik,*

*Soňsuzlygyň serhedinde eglenmedik, eglenmedik.*

*Gaýtdyk şonda gara gije ikä böldük- de meýdany.*

*Nika toýunda aňk bolan, adamlar ýaly bugdaýlar...*

*Ýogsa ýel öser- ösmezde, salkynjakdy ýa howa- da...*

*Galyp bilmän sejdesinden, agaçlar galdy, sowalda.*

*Asman ýüpünden aslyşan ýyldyzlaň peträn gözünde,*

*Aýralyk nepes durlady, yşk sesi geldi gyrlara.*

*Iki göwräň sowalyny çözüp bilmän egrelen dek,*

*Aýam hut meňzeşdi şonda, kesilen inçe dyrnaga.*

## GYŞ GELMÄNKÄ

*Kɔ̀mil dɔ̀l bolarly bu bеэik baglar,*
*Garga geçse hüjjerişýär saçlary.*
*Gyş heniz nobata goýmandyr*
*3emli*
*Güýz toşabna dalan bu agaçlary...*

*Bilýänem däldirler añzagyň baryn...*
*Adam şeýle bolýar...*
*Gaty suэende.*
*Tɔ̀sin...*
*Gyş gelende asyljak daryn*
*Çyrmaşyklar taýýarlaşyp goýanda...*

*Agaзlar henizem эaprak dykerne,*
*Ynanmazdan dowam edɔ̀r эangynyn.*
*Ezilip damary güýzüň şekerne,*
*Hamana gelmejek эaly gamly gъn...*

*Goýalşan mürepbe,*
*Ýumşak toşabyň*
*Nobatyny syzyp, sъэji gъlaby...*
*Häzir süññü müdimilik galjak deý,*
*Göýä häzir başlajak deý bal aýy...*

*Gargalaň opera aýdyşyn diňläp,*
*Toprak baş ýaýkaýan mysaly häzir.*
*Tekiz эerde bъdrɔ̀p gelɔ̀n enem deэ,*
*Güýzüň ruhy gökde hasaly häzir...*

*Şemal ýekelänok öýsüz itleri...*
*Gorkusyndan gizlenişýär syçanlar.*
*Güýz gelse obamyz aňyryk süýşüp,*
*Uzaklaşan ýaly bolýar ejemler...*

*Toşabyň ysyna eräp bedenim,*
*Kimdir birin gyresleri gelɔ̀ndir.*
*Gyş gelmänkä bilmän näme ederin,*
*Agaзlar hem hut men эaly bolэandyr.*

*Ol heniz nobata goэmandyr зemli,*
*Agaзlar bukulyp, nyэaza durmaz...*



## *64*

## *SAŇA MENZILLER*

*Ne kyn, ne bir aňsat, ne bir ýönekeý,*
*O diýen çarkandak dälem ahbetin.*
*Ýöne, men barybir geçýän olary,*
*O menzilleň hupbatlary ýakmasa,*
*Neneň,niçik geçeýin men olary,*
*Iň süýji menziller,*
*Saňa menziller...*

*Garaşýaň,*
*Garaşýan,*
*Tapawudy ýok.*
*Ýok bir wagt ülşi,*
*Ýa boş wakalar.*

*Barylýan ýer, şol bir nokatda durýar,*
*Ýene-de birleşýär  göwre, köňüller.*
*Çabraýarka yşgyň howry ýürekde,*
*Iň güýçli menziller, saňa menziller...*

*Käte-käte öýke bilen aýrylyp,*
*Bilýäs, posalaryň aýyrmajagyn.*
*Göwne-de degişýäs,*
*Birek-bireksiz*
*Bilýäsem,onça köp oňulmajagyn.*
*Işlisirän bolýas,*
*Wagtymyz ýokmuş,*
*Barmalymyş, öýmüze ýa, okuwa...*
*Barmalymyş, bir ýerlere-dokuza...*
*He-e-eý, dünýe, sen näme bizi aldaýaň?!*
*Barybir oňanok birek-bireksiz,*


*Bu howlukmaç,bu başagaý köňüller,*
*Iň işli menziller, saňa menziller...*

*Ýyl geçer, aý geçer, kim biler asyr...*
*Aglar ýatlamalar, goja seriňde.*
*Soňra tutup, agtyjagyň elinden,*
*Mekdebe geçersiň ýa-da dükana.*
*Gözýaş geler dideleňe duşuşan*
*Ýerleňden geçeňde, ony göreňde.*
*Bu bir durmuş, senden öňem hut şeýle*
*Bolupdyrlar,*
*Geçipdirler, menzilden.*
*Iň öçli menziller, saňa menziller...*
*Bir gün,*
*Ikimize kyn bolar bilýän.*
*Bu menziller geçilesi gelmezler.*
*Ýolumyzda bizi bir mahal bökdän,*
*Ownuk-uşak päsgelçilikler gaçar.*
*Olaň birem gapdalmyza  gelmezler.*
*Yşk gider, dünýe deý, biwepa olam.*
*Taşlar bizi. Bizi neneň, ne halda.*
*Agyrdygyn, kyndygyny bilmez-de,*
*Menzillerem başga-başga aşyklar*
*Geçer durar,duşuşarlar dünýede.*
*Öwrüler kalbymda keşbiň heýkele,*
*Hem yssy mähirli, hemem öýkeli.*
*Bulaň baryn, hemmesini bilýän  men,*
*Ýöne seň ýanyňa barýan, ýene-de,*

*Keýpine.*
*Heý bizi aýyrjak barmy?!*
*Baharyň başy deý täsin howaly,*
***66***

*Söýgümizem,duýgymyzam owadan.*
*Meňzäp dur ol, baky yşgyň owazyn,*
*Çalyp duran ajap ýaňa köňülde.*
*Ýöne bu gün düşünýän men, nädeýin,*
*Bu zatlaryň şeýle boljakdygyna.*
*Ah, şeýle, guwançly, şeýlebir joşly,*
*Hem iki didäni garradyp biljek,*
*Gözýaşly menziller, saňa menziller...*




## *O ÝER...*

*Seniň maňa, meniň saňa garaşan,*
*Hal-ahwal soraşan,*
*Bir gün öýkeleşen,*
*Bir gün ýaraşan,*

*Yerimiz- o ýer...*

*Duşuşsak duwlady baglañ ýapragy,*
*Öpdüñ, beýhuş boldy, çygly topragym,*
*Şatlandy hem asman çaldy depregi,*
*Toýmuza garaşan ýerimiz- o ýer...*

***68***

*Göwünden göwrämi sogrup taşlady,*
*Ýapraklary sowuk "gowrup" başlady,*
*Biri paşsa, müñ birisi paşmady,*
*Yhlasy puç bolan serimiz- o ýer...*

*Gujakladyñ, sowuk howañ içinde,*
*Ezizledim, daşymdan däl, içimden,*
*Arzuwy iberip, gazlañ göçünden,*
*Asmana ugradan demimiz - o ýer...*

*Wepa, yşk bolmasa baglanmaz ykbal,*
*Biz barmasak, seret, baglar haýykýar.*
*Aýt, gelmeseñ, ýa gelmesem aýyp bor,*
*Ol bize, ol bize garaşar hökman,*
*Biziñ duşuşmaly ýerimiz - o ýer...*

***68***

***TOMUS GÜNLERI***

*Bu günler men daş çykybam ýöremok,*

Gidibem ýöremok, ýalňyz seýle kän.
Indi men düşünýän, kalbyň döremok,
Men indi gerek däl, saňa beýle kän.

Öýkeläp duramok,ýazmanyň üçin,
Aýaklary bala  çümen  harplary.
“Söýýän...”
“Menem söýýän...”

Näçenji gezek
Yzgar ýaly ýumşatdy bu kalplary.

“Ýol bardyr arada,
 Bardyr giňişlik,
Aglap ýörme gülüm, habar ýok diýip”
Muny maňa çyn ýürekden diýişiň,
Dowinçiň  eserni  ýatlatdy telim.

“Kämil ynsanmyşyk biz bu ýerlerde“,
Bagtlymyş bizi gözläp tapanlar.
Ýöne men seň sadalygyňy çalyşman,
Akyldarlaň dünýä belli toparna.

Gözleň mawy syýa,
Köňle hat ýazar.
Syzyp ýörün henizlerem gussaň men.
Ýok seň görküňe däl,
Duýgularyňa
Ýesir düşen uzyn boýly tussag men.
69
Uzyn boýly ýesir moda däl öýdýän,
Garaşýan  habar ýok, neçüýn şeýlekä?
Belki, gysga boýlyň yşgyndasyň sen,
Şoň üçin düşünýän,
Belki, men indi
Saňa gerek bolup durman beýle kän.

## ***“ALYSLARDAN ALYSLARDA GALAN ÝAR”***

Biziň aramyzda menziller ýatyr,
Wagt bize saldy agyr talaň ýar.
Ýöne aramyza adam düşmesin,
Alyslardan alyslarda galan ýar.

*Men mejalsyz, habarlarňa garaşýan,*
*Men bir tukat görnüş, yşga dalaşgär.*
*Goşgy ýazyp bilýän saňa bagyşlap,*
*Başga zatlar meniň üçin ýalan, ýar.*

*Ýyllar saçlaryma ak reňk  çalanda,*
*Syýam goýalanda gara galamda,*
*“Bagyşla” diýmäge geljek bolaňda,*
*Hiç zat kalba salyp bilmez talaň, ýar.*
*Seresap bol, zenan göwnü näzikdir,*
*Bir gün alyslardan gelmeli bolman,*
*Şol ýerlerde galsaňam bor.*
*Gynanman.*
*Alyslardan kän gelesi gelen, ýar*
*Bolaýmagyň,bolaýmagyň ähtimal.*

*70*

***Ýüregim küýsedi seni.***

*Ýüregim küýsedi seni,*
*Joşgun joşguna baglandy.*
*Ýüregim küýsedi seni,*
*Maýsada göwün aglady.*

*Aglady,boýalan sähra,*
*Gatyk ýaly ak bulutlar.*
*Kebelekli şemal hakda,*
*Gürrüň bereňňi unutma!*

*Seň gözüňde ünji gördüm,*
*Ýüregim küýsedi seni.*
*Düzülmejek hünji gördüm,*
*Pytyrap giden ekine...*

***Muza.***

*Ýok biziň iller öwere,*

*Artyk-süýşük zadymyzam.*
*Ara söz goşman,ses goşman,*
*Düşünişýär,ýadymyzam.*

*71*
*Ýok biziň aýra zadymyz,*
*Ýog- a bile zadymyzam.*
*Ýöne näme üçindir iller,*
*Goşup tutýar adymyzam.*

*Görüşlermiz meňzeş biziň,*
*Şondadyr- da jadymyzam.*
*Indi bir ýerde tutuljak,*
*Öňi- soňy adymyzam.*

*Ýok biziň ilden artyk ýa,*
*Ýa ilden kem zadymyzam.*
*Öňde- soňda bile bolar,*
*Ikimiziň adymyzam*

***Şemal***

*Gämikleň üstünden süýräp fotasyn,*

*Şemal bahar bilen tangoda häzir,*

*Hem ýykylan ýaly, gämik hatary,*

*Ýagtylyp dur täsin ýanýoda häzir.*

*Häzir bar zat aşyklary garşylar,*

*Ýüreklerde goş ýazdyran mysaly.*

*72*

*Baglar ýapraklarny ütükläp otyr,*

*Toýa geýjek ýaly, gyssanýan ýaly....*

*Şemal fotasyny süýräp sähradan,*

*Tansa çykan bada gysan deý köwşi...*

*Güller gopýar baldagyndan, sähra suw...*
*Gülkünç şemalyň saçlarny bogşy...*
*He –heý teneçirjik gyjagyň nirde,*
*Nirde kölüň gyrasynda ýeriň seň?*
*Göýä ak fotaly şemalyň yzyn*
*Ýitirmejek bolýan ýaly, serin sen!*
*Gämikleň alnyny açyp barýan dek,*
*Ýagyş sapaklarny uzadýar gökden,*
*Bahar diýilýän zat şeýlebir sökýär,*
*Parça-parça sökýär, bizi ýürekden...*
*Fotasyny süýräp,ökjesin alyp,*
*Gaçyp barýan bir owadan gyz ýaly...*
*Gyssagly iş çyksa ellerin çarpyp,*
*Çagyrýar alaňlar tizbent şemaly...*

***73***

***Tikinçi gelne***

***(Söýliniň arzuwy)***

*Içki gatlarynda düwmesi bolsun,*
*Daş gatyna dakgyn ýaz deý güljäjek,*
*Hem kebelek gonan egmesi bolsun,*
*Hem egniniň üsti bolsun, ýyljajyk...*
*Hem görende gözlerinde ot ýansyn,*
*Elliklermiň barmakdaky ýüzügne...*
*Tiken wagtyň,*
*Uzyn elleň bat alsyn!*
*Wagtyny ýitirsin, işeňňir iňňe....*

*Bagly goýgun , ikimiziň derdimiz,*

*Bu halkada dursun köňül bir bolup,*

*Ýeňlerinden güller dökülip dursun,*

*Hem gülälek, dak bagjygna teňňelik.*

*Men gollarmy açsam, uçjak dek bolsun,*

*Ganaty deý, gögerçiniň ýaýlada,*

*74*

*Sallançaga münsek, süýrelsin gökde,*

*Eteklerne çopantelpek aýla-da...*

*Sähralara gül paýlasynher gün ol,*

*Hem sähra güllerin dak sen gysganman,*

*Men dünýäniň iň owadan perisi*

*Bolaýyn,*

*Köýnegme gaty gyssanýan...*

*Men ol köýnek bilen baglaýyn golun,*

*Hem gözleri kimselere bakmasyn...*

*Ony ýelden- günden goraryn mydam,*

*Ýaman gözlerden hem Alla saklasyn!*

### ***Ogluma***

*Howa salkynjag-a,bilýäň,*
*Geýip gitginiň penjegiň.*
*Sen sähra gidermen bolýaň,*
*Bilmersiň ýazyň ölçegni.*

*Türkmeniň häsiýeti ýaly,*
*Sährasy sergin-alaňdyr.*
*Bir görseň güneş ýyladar,*
*Bir görseň,bulutlanandyr.*

*75*

*Ýagmyra suwsan düzüne,*
*Sergiläp kakyn- gurduny.*
*Sähra gelin deý süzüler,*

*Ýagyş-ýagmyrdyr,gerdeni.*

*Ýazlary ýar örtügünden,*
*Bilmersiň serhet-ölçegin.*
*Seň sähra gidesiň gelse,*
*Geýip gitginiň penjegiň.*

*Eşikleriň bolsun,ýyly,*
*Sen indi çaga däl,bilýäň.*
*Towşanlaryň owsunşyny,*
*Çalyşma şatlygna dünýäň.*

*Ýar söýmäge bolar wagtyň,*
*Görüp alaňda geljegňi.*
*Oglum,indi çaga däl sen,*
*Geýip gitginiň,penjegňi.*

***Mawy köl***

*Gussa çökýär billerine kenaryň,*

*Mawy syýa akyp gidýär tokaýa.*

*Kiçijik ikatýok derdi senaly,*

*Göýä şol dumanda bir hat okaýa...*



*Gaýgyň gara çyny borly, sypypdyr,*

*Gazygy şemala çüýrändir belki.*

*Bir mahallar "sary"diýip tanardym,*

*Aýralygyň mümkin üýtgäpdir reňki.*

*Gussa çökýär billerine kenaryň,*

*Mawy suwda yzy galýar küregiň.*

*Aýralyga çydam etmedik borly,*

*Syýasy dökülýän ýaly ýüregiň.*

***Siren gijesi***

*Sedasyz...*

*Gijeki geýminde misli,*

*Siren güli dökülip dur penjirä...*

*Aý nuruna suwa düşýän deý asla,*

*77*

*Ýary ak,ýarysy mawy hünjüler...*

*Gözümde gözleriň...*

*Araçäk ýitdi. Birden ýyldyz süýnüp,*

*“Heý, siz kim?” diýjek...*

*Gara hem ýakymly şalyn örtünip,*

*Ikimize garawul dur, bu gije...*

*Tämiz, juda tämiz, öte tämiz, bil,*

*Açan hem açmadyk gunçalaň agzy.*

*Hünjülerni döküp, aýnaň öňünde,*

*Aý nuruna çökýär sireniň labzy...*

*Kämillik hem bikämillik arada,*

*Gülünden sallançak örüpdir misli.*

*Demiňde demlerim, ýok oň arasy,*

*Ysyna garaşan sirenimiz şu...*

*78*

*Boýlaryň ölçegni alan kölge deý,*

*Süýşüp barýar siren labyzly aýam...*

*Sen meni goýberme, haýyş goýberme,*

*Entek aýralyga taýyn däl aýa:m...*

Barlygym  ýygnasyn gül kokun,

Garaş...

Siren hünjülerniň çümüp içine...

Näzik barmaklaňda saçlarym daraş,

Gül ysyna çümüp gitsin, saçymam...

Ýadama näzimden, aý nur saçýar, bak!

Perdelerin gülden gerip, dalbaryň.

Sejdä inişi deý, Ýaradylyşyň

Bu beýik Ýalbaryş,

Kämil Ýalbaryş!

Aý nuruna gark bolupdyr Ýaşaýyş

79

Sirenli gijesi suratkeş Taňryň!

Gözleň arasynda çäk bolmaýşy deý,

Demleň arasynda çäk bolmaýşy deý,

Siren köprüsidir belki- de Aňryň!

**Soň...**

Gije aý astynda süýrelen bulut,

Ýeňiş bilen gündogara aşdy soň...

Meniň sensizligme haýpym gelmedi,

Saňa bolan duýgylarym öçdi soň.

Soň leýliler gije golun uzatdy,

Akarlaň gyrasyn salgylap saýa.

Bahar nagyş dökdi gülgüne sähra,

*Ak güller meňzedi süýtli piýala.*

*Bilýäňmi, apreliň aýaklarydy,*

*Şeýlebir şo günler kebelek ýagdy.*

*Alyslarda biri aýdym aýdardy,*

*80*

*Bal ýataklaryna gatnaw köpeldi,*

*Göýä sähra balarylaň paýtagty.*

*Seni halaýanmy bilipjik durduň,*

*Süýji sözleriňe höwrügenimi,*

*Asmandan ganar deý süýrenip barýan,*

*Bulutlaň yzyna öwrülenini...*

*Bilmeýän zadyň- a ýogam ýalydy,*

*Akyl bilen barjam bardy, öçdi soň...*

*Sähralaň gündizki şowhuny ýatyp,*

*Şo gije bulutlar yza geçdi soň...*

### ***Aýyň ýaňagyndan dişläpdir biri...***

*Aýyň ýaňagyndan dişläpdir biri,*

*Megerem şol pursat alma saýandyr.*

*Ýa- da bir mahallar söýüp bir gyzy,*

*81*

*Ýüreginde belki arman galandyr.*

*Aýyň ýaňagyndan dişläpdir biri,*

*Şu gün bir azajyk gaçypdyr gelşik.*

*Ýa soňky günlerde idelmändir şol,*
*Daşyndan undulan top ýaly ýemşik.*

*Ýüzünden müň ýoda barýar ýaňaga,*
*Käsi kerwen geçen ýol ýaly çatak.*
*Ýa gije ýassykda gyşyk uklapdyr,*
*Dünýäni duýmandyr,*
*Ýa şol has ýatak...*

*Garaz ýaňaklary dişlenen ýaly,*
*Şu gije görnüşi üýtgäpdir aýyň.*
*Ýogsa syýadan deý çogup ýatyr ol,*
*Söýülmäge mynasyp ol, bitaý ol.*

*Megerem şeýledir, bilýän däldiris,*

*Ony deňän bolýas bagtly birine.*
*Aýyň ýaňagyndan dişläpdir biri,*
*Hyjuwlarna çydam etmän,iribem.*

*Ol häzir şeýlebir ýalňyz görünýär,*
*Özüni hiç kime dözmeýän misli.*
*Biz ony gül ýüzli gyza meňzedip,*
*Onuň gussalarny duýmaýarysmy?*

*Bilmedim, näme üçin gädilipdir ol?*
*Özem täze ýaňakdaky gädigi.*
*Şonda- da gussasy ýetik görünýär,*
*Aýyň ýaňagyndan dişläpdir biri...*
*Aýyň ýaňagyndan dişläpdir biri...*

***Siren hem şemal***

*Gülgün duman göterlende giç öýlän,*
*82*
*Howlyň erňeklerne örülip şemal.*
*Göýä gyz näz edýär, gürleýär oglan:*
*Burugsaýan güle dirilik berýär...*
*Aýlanyp gelipmiş depe- dag- düzi,*
*Görmänmiş siren deý, bir näzli “ýary”.*
*Ýokmuş siren ýaly,*
*Başga hiç gülem,*
*Gülgün bug çykarýan hut siren ýaly...*
*Labzy şirin, barmaklary haýatda,*
*Güllere örülmiş gülgüne hünji.*
*Siren käte- käte uludan demin,*
*“Alyp burugsanda- duman narynjy...*
*Aýlanyp gapysyn, penjire, üçek,*
*Baryndanasoranmyş siren gülüni,*
*Hut häzirem tutdyraýsa, üm- düze,*
*Gitjekmiş ol al- asmanda bölünip...”*
*Şeýlebir owadan, şeýlebir nakys,*
*Şemalyň aýdymy ýa- da goşgusy...*
*Göýäki sireniň başynda nagyş*
*Dökülip dur gumak howla, “bus- busy...”*
*Giç öýläne çenli okady moral,*
*Şemal süýdün emdi narynç baglaryň,*
*Burugsan tüssesin başyna sorap,*
*Gitmek üçin bogup durka ýaglygyn...*
*Siren näziklikden akyp hut ýere,*
*Monjuk ýaly güller serdi etegne...*
*Şemal hyrkasyny süýräp büdredi,*
*Hyrkasynyň güli çümen etegne...*
*83*
*Narynç tüsse çykýar, göýäki halka,*
*Howlyň erňekleri egbardy şala,*
*Yzyndan “ylgaýar” siren gülleri*
*Hyrkasyndan gül dökülýän şemaly,*
*Indi giden wagty tanaýan ýaly...*
*Gitdi, gaýtalanmaz, gelmezem indi,*
*Yklymlarda oluk- oluk işi bar...*

*Sireniň gülünde gözýaş göründi...*
*Hyrkaň eteginden entegem güller,*
*Şo-ol dökülip barýar, dökülip barýar...*

## *YŞK HEM AÝRALYK*

*Ilki bilmändiris, hakykatlygyn,*
*Aýrylan ekenik, şo gezek güýzde.*
*Baglaň başyndaky tukatlyklary,*
*Her gezek synlaýan,geçip gidemde.*

*Güýzüň reňki bilen garylyp gidýän,*
*Söýgi däl- de aýralygy ýitirdim.*
*Seniň umman gözleň güýzüň gerşinde,*
*Maňa undulmajak şöhrat getirdi.*

*Aýralyk söýginiň sary sulbasy,*
*Ony bu güýz içre tapmadym gözläp.*
*Şygyrlarym hut aýralyk hakynda,*
*Şoň üçin sary reňk, lezzetsiz şöhrat.*



*Ýat ýerlerden geçip giden guşlar deý,*
*Gözlermi şol baga dikýän- de gidýän.*
*Ne söýgiden nyşan, ne aýralykdan,*
*Ne- de senden habar getirýär ykbal.*

*Bagtly günler kän bolmadyk bolsa- da,*
*Bagtsyz günleň ählijesin ýeňipdik.*
*Biz indi yşga däl, ejizlik bilen*
*Aýrylanlaň sanawyna giripdik.*

*Näme üçindigin bilebilmedik,*
*Gussalary şöhrat getirýär yşgyň.*
*Bu gün boş hiňňillik üwreýän baglaň,*
*Arasynda görýän, hasratyň keşbin.*

*Yşgyň geçendigin bilýänem bolsak,*
*Indi aýralykda boýun alsak, ýar.*
*Garaňky baglaryň sary keşdesi,*
*Ýakanyň gaýmasyn ýadyňa salýar.*

*Biz aýralyk hakda agzamasagam,*

*Aýrylypdyk, bir- biregi söýýän dek.*
*Şol sary ýodanyň ýaplara siňen,*
*Öýkesi hem mensiz oňup bilmändir.*

*Görsene, aýralyk nirede galdy,*
*Bile aldap ýörüs, birek- biregi.*
*Görsene, aýralyk etegne salyp,*
*Süýräp barýar, meniň söýýän ýüregmi.*

*Güýzüň sakar ýabyn syryp çalaja,*
*Aýralygyň şol pyşyrdan gezegi,*
*85*
*Sen çynyň bilen hem aýdan ekeniň,*
*Goparyp göwrämden janly ýüregi.*

*Ah indi, ah indi datly aýralyk,*
*Şojagaz ýerlerem terk ede- ede.*
*Meniň şindem özün küýseýänimi,*
*Ýadyndan çykaryp, gitdi dünýeden.*

*Görsene, o ýoda, o sadaja ýap,*
*Hem şol agzy burlan bir gap ýorunja.*
*Baglar hem otyrlar, başlaryn sallap,*
*Gollaryn galgadyp, ýalňyz gelin dek.*

*Indi aýralygam garaşyp bilmän,*
*Giden eken, şol baglaryň teýinden.*
*Meni şonda çäksiz ahmyra goýup,*
*“Seni, diňe seni söýýän”diýen kim?*

*Ah aýralyk, nirede şol aýralyk,*
*Baglar tazygypdyr, ýekeliklerne.*
*Aýralygyň ýerni, yşgyň ýerini,*
*Alypdyr dünýede tükeniksizlik.*

*Asyl şo güýz aýrylanňy syzdyryp,*
*Aýdypsyň, men düşünmedik ekenim.*
*Yşgyň mazary men, aýralygyň hem,*
*Sary güýz reňkine çümen kepeni.*

*86*
***Güýz***

*Bu neneň sarylyk, nähili matal,*
*Ýaprak nirden tapdy, gopup gaçmany.*
*Bulutlaň astynda çaýkanyp ýatan*

*Baglar edil çirkizilen saç yaly.*

*Söydüm seni “sary deňziň” damjasy,*
*Sende däli yazyň porhanlygy ýok,*
*Saňa içim dökjek diýen gursagym,*
*İndi seret, pyşyrdap hem bilenok.*

*Sust ümsümlik paýlap ýaganda ýagyş,*
*Çyg çekipdir güýzün altyn ýallary.*
*Ah, kükregi ýanyp duran nätanyş,*
*Gujaklap çykypdyr, ýaşyl baglary.*

### ***GÜÝZ MOTIWLERI***

*Sepeläp dur gözi gök gyz, asman gyz,*
*Künjümi, hünjümi- seniň kürtäňe.*
*Durnalaryň sazlaşygy gaçmandyr,*
*Çekinjeňlik aýrylmandyr,entägem.*

*Döz maňa höwesin,ýalaňaç baglaň,*
*Ýaprak seçişinde arman göreýin.*
*Ýene- de aýlanyp, ýüz ýyldan geljek,*
*Gözleri deňiz deý durnaň bolaýyn.*

***87***
***Güýz***

*Bir rahatlyk gelýär kalba*
*Bilmedim,*
*Derdiniň parçasy egsilmiş göýä....*
*Içi doly höwürli bir külbeden*
*Dolanýan ýaly men*
*Hut häzir öýe...*
*Hem beden*
*Soňsuzlygyň kölgesinde düýrlenýär,*
*Hem diýýän deý ýetim ruhum:*
*“Gülmediň”*
*Bir ýerde, bir ýerde itlerem üýrýär,*
*Aşmadan hetdinden serhetsizligiň.*
*Şonda – da höwürli baky ölmeden*
*Ýatagynda galýan ýaly sen ukyň*

*Ahhh gül beden,*
*Ahhh gül beden,*
*Gülbeden...*

*Köprüsinde galýan erk etmezligiň...*
*Gapdalymda enem deýin otyr ol,*
*Bürenjegin bu zemine bent edip...*

*Köçesiz ýaly hut şäher hem oba,*
*Göýäki söwüdiň hataralygy.*
*Gargalar şahada eýleýip "toba"*
*Göýä goýupdyrlar nadaralygy*
*We*
*Rahat men tä ki*
*88*
*Damjalar zemine gyssana çenli...*
*Bir rahatlyk gelýär kalba*
*Bilmedim,*
*Belki bu pitneýi ykbala çenli...*

*Heniz guramandyr mazaryň gumy*
*Ýüregimde çyglygyny saklaýar...*
*Ýöräp barýan Rahat hemem Söýgüli*
*Käte bulut gökden damja oklaýar*
*Hem özün güjeňläp, çygjarýar umyt...*
*Ahhh gözleri çygjaryp dur*
*JOKRAMAŇ...*
*A men göýä tapmaýan deý öýmüzi...*
*Dogurdan hem tapmaýan...*

*...Ol häzir külbede*
*Gamgyn haly- da*
*Bir rahatlyk geldi kalba bilmedim.*
*Güýzüň ruhy merdiwandan tabyda*
*Mündirip äkidip barýar bedeni*
*Ruhuň hiç serhetsiz halyna çenli...*
*Öpüp bedenimiň leblerinden men*
*Galdym alyslaryň legleginden*
*MEN...*
*Men häzir ýok, bu dünýäde,*
*Bolsamam*
*Bar soňsuz ruhumyň aňyna çenli...*
*Güýzüň sabynyna batyryp goýdum*
*Goý ýuwsun bu ruhum geçmiş geçennen...*

*...ýene ýodalary ýiten şäherde*
*Haraý gözleýärin*
*89*
*Öýlerinden men*

***KAPASA***
*Dirijor deý topar başlamakçy hut
Älem taýýarlanýar
Pitne gelmeden
Ruhum bedenimi öpýär aldygna
Bir rahatlyk gelýär kalba
BILMEDIM...
Hol alysda tylla tutly salmadan
Geçjek bolşup ruhlar haýýarlanýarlar
Diýmek men ölmedim
Şeýlebir ýumşak,
Sabynlar, tabytlar,
Aýdymlar,
Ruhlar.
Mazaryň içinden çykyp gelýän deý
Bedenimiň içi göýaki göwher...
Diýmek men ölmedim...
Dogdum täzeden
Bir rahatlyk gelýär kalba bilmedim...*

***GÜÝZ OÝLANMALARY***

*Güýzüň solgun köçesinden,
Guneş jyklaýar solak.
Şahyr göwnüň şemal ýaly,
Güýz yzynda hozanak.*

*Ýagmyr ýagýar, bir zamanlar,
Garaşaryn yşga men.
Tebigat guýzüniň reňkin,
Gabanýarmyş gyşdanam.*
*90*

*Her köçede güýzüň reňki,
Gujak- gujak gül ýaly,
Sarylykdan kamyslyga,
Alyp barýar dünýäni.*

*Şeýde- şeýde orun berip,
Bir- birege pasyllar,
Misli şahyr ýüregi deý,
Hem dusbi, hem asylly.*

***GÜÝZ HYÝALLARY***

*Dyrnaklary sary bulut,*
*Güýzüň näzik ýary bulut,*
*Salla sary merdiwany,*
*Serhoşlugyň dary bolup...*

*Salla sary merdiwany,*
*Degirip görjek ellerim:*
*Üstüňdäki hol buluda,*
*Gyrasyna, gerim- gerim.*

*Soň dyrmyşjak aňyrlaryk,*
*Güýz ýedi gat sarymyka?*
*Zemin ýaly agyrlygam,*
*Asmana- da baglymyka?*

*Gaýjak depesinde baglaň,*
*Söýýänime syn kylaýyn...*
*91*
*Oba, şäher, sary daglaň,*
*Duýaýyn men, meňkiligin.*

*“Ylham oglumyz” gelipdir,*
*Diýsinler güýz günortany.*
*Barmaklary sary bulut,*
*Meni göge göter hany!*

***GÜÝZ DUÝGULARY***

*Güýzüň sary joýasynda*
*Duýga suwa düşýärin.*
*Gözýetimem, sesýetimem,*
*Göwnüme bir düýş ýaly.*

*Gussa- da däl, hesret hem däl,*
*Häsiýeti ýok hamana oň.*
*Durna geçse, güýzdügini*
*Duýup gelýär, amana ol.*

*Manymy açyp berip git,*
*Saýylam, saçyň serip git.*
*Seni daşa goýbermerin,*
*Altyn ganatly ýürekden.*

***92***

***Güyz***

*Bu nenen sarylyk, nähili matal,*

*Ýaprak nirden  tapdy, gopup gaçmany?*

*Bulutlaň astynda çaýkanyp ýatan*

*Baglar edil çirkizilen saç yaly.*

*Söydüm seni sary deňzin damjasy,*

*Sende däli yazyň porhanlygy ýok,*

*Saňa "İçim dökjek"- diýen gursagym,*

*İndi seret, pyşyrdap hem bilenok.*

*Sust ümsümlik paýlap ýaganda ýagyş,*

*Çyg çekipdir güýzün altyn ýallary.*

*Ah, kükregi ýanyp duran nätanyş,*

*Gujaklap çykypdyr, ýaşyl baglary.*

***93***

***GÜÝZ GÜNLERI***

*Kemis - kemis  güýz günlerniň kenarna,*
*Erik sary ýaprak dökeninde kän...*
*Owsun atyp duran baglaň ýodasy,*
*Sary ketenisin sökeninde kän...*

*Senem, menem öýkelidik ykbaldan,*
*Sen- ä menden görýäň, a men ýazgytdan.*
*Güýzde telim gelip, giden  asmandan*
*Bulutlar ýene- de göge ýazlypdyr.*

*Goýup tämizligiň özüni ýeke,*
*Menem öz ýolumda görmämsoň seni,*
*Men soňsuz aýralyk küýüne baka,*

*Ýekelikde aglap, giden ekenim...*

*Indi näme habar gelýär, dumly- duş,*
*Seniň maňa ýekeligňi ýatladyp...*
*Seni gelniň ugradýarmyş  işiňe,*
*Öpüp gözleriňden, gije ýatmadyk.*

*Sen näme hamsygýaň ýitiren söýgim,*
*Birden - birden sojap alýaň demiňi.*
*Goňras baglaň depesinde öýkelän,*
*Çal dumana başyň goýýaň, serilip.*

*Ýene otlar bilen saralýar öýlän,*
*Bedeleriň başy gyzyl çaýylan.*
*Güýz güni meniňem owadan öýmäm,*
*94*

*Seň tanaryň  ýaly, sähra ýaýylar.*

*Ysyn alyp güýz höwrüniň bir ýerde,*
*Meni ýalňyz goýan ýeriň taýa gel.*
*Tämiz köňül baglanýandyr bir- bire,*
*Gel syrdaşym, gelseň, köňül taýa gel!*

## ***NYŞAN***

*Güýz ýene- de gulaklaryn galdyrdy,*
*Syrly ýaba ýaplanyşan otlaryň.*
*Sowuk ýekän- ýekän çygdan gandyrdy,*
*Tomus solan suwotulaň gapdalyn.*

*Ýene- de köňlümde gussa dyňzaýar,*
*Ýene- de ýerleşýär, beýnime agy.*
*Ýene- de men seň mähriňsiz oňmaýan,*
*Ýene- de yranýar, gussanyň bagy.*

*Aýtsana, näme üçin sesiň sandyrap,*
*Gözleýäňmiş telefonda adymy.*
*Sen gözläp tapmaga synanyşýaňmy*
*Özüň tapyp, öz ýitiren zadyňy.*

*Maňa seret, baglaň gatynda galdym,*

*95*

*Maňa seret, ýazan hatyňda galdym.*
*Bu men, seň dünýäňi eýeläp ýörkäm,*
*Birden seň durmuşyň çetinde galdym.*

*Beýlede bir jeza bormy, päk söýgä,*
*Beýle günleň hiç ahyry gelmeýär.*
*Ýene- de şemallar galdyryp öýmäm,*
*Seniň deýin, bagra basyp oýnaýar.*

*Bu men tanaýaňmy, ine, tap meni,*
*Men baglaň saralan gatynda galdym.*
*Eý söýgi küýseýän şygyr depderim,*
*Men seň maňa ýazan hatyňda galdym.*

*Birden gök asmandan durna geçende,*
*Biri gaçsa, şol mendirin, gap meni.*
*Sen şol güýzüň gussasynda ýitirdiň,*
*Indi içiň gyssa güýzden tap meni.*

***96***

***Goýy güýz***

*Owadan gijeler sowap başlady,*
*Güýzüň dökjek zerlerine ýer ýasap.*
*Agaçlar toprakdan nemlenen borly,*
*Çygjaryp dur,*
*Elläp görseň, der basyp...*

*Merdiwany döwülipdir, alysda*
*Gökden aslyşyp dur nawy bulutlaň...*
*Sen şol gün,*
*Sen şol gün saçlarmy sypap,ýuwdundyň...*
*Süýndi şonda mawy- mawy bulutlar...*
*Muny iki dünýäň aralygynda duramda-da hiç unutman,*

*Unutman...*

*Ýene-de ýegşerýär, aýyň erňegi,*

*"Ýok, bu güýzem gaýdyp gelmez" diýip ýa...*

*Ýagyş damjalaýar agaçlaň, baglaň,*

***97***

*Begresinden taýyp, ýere tyýpýa...*

*Men ýene- de durun daňyň çotgasyn,*

*"Haçan gaçyrarka, elleri?" diýip...*

*Şol günem şeýledi,*

*Toprak çyglydy...*

*Aglap çawuş çakan ýyllarym deýin...*

*Ýene güýze taýýarlaýar eşigni,*

*Enä meňzeş baglar, hellew- de hellew...*

*Döwük merdiwan dek bölek bulutlar:*

*- "Geler"*

*- "Gelmez..."*

*- "Geler..."*

*- "Gelmez- le" diýip...*

*Parhy ýok, älemde kimdir biriniň,*

*Bir ýerlere barmaklygy hökman däl...*

*Sen bilmänem galdyň,*

*Saçym sypaňda,*

***98***

*Seň kalbyňa "meni unutmaz ýaly"*

*Sanjym goýberipdir,*

*Göýä lukmanlar...*

***Ýene güýz…***

*Ýene güýz,*

*Ýene- de şol sary baglar,*

*Şol ýetim ýapraklar baldagy gaýym.*

*Näme üçin olar ýere gaçýarka,*

*Adressiz itler deý, ýakyn Hudaýa?*

*Olara bu dünýe darmyka eýse?*

*Belki bardyr eýesine hasaby.*

*Güýz güni şeýlebir göwnüme laýyk,*

*Göýä onda juwan giden kakamjan,*

*Gaýdyp gelýän ýaly, eli hasaly.*

***99***

*Ejemiň mellekde güneşi peýläp,*

*Ýadyma getirýär susgun oturşyn.*

*Sary ýapraklary alowda çeýnäp,*

*Kalbyma täzeden guýulýar gurşun.*

*Ýene-de goýalýar mürepbä meňzäp,*

*Atyzlaryň gapdalyndaky baglar.*

*Geçip bolmaýan deý datly hem göýä,*

*Häzir bölünen deý gökde howalar.*

*Serçeleň içinde erkin has biri,*

*It sesinden ürkmeýän deý haly-da.*

*Käte- käte güýzüň ruhy şemalyň*

*Eli bilen ýapraklary göterip,*

*Mündirjek bolýan deý , sary tabyda.*

***100***

*Ejemiň oragnyň tutajy çüýräp,*

*Dur eken bir täsin altyn gapyda.*

*E-heý ap- ak guwlar, barýaňyz niräk?*

*Nurly güne çümüp gidýär hakyda...*

*Şükür biri zyňaýmandyr zibile,*

*Ýatlama öwrülýär, ruhum, bedenim.*

*Belki bu güýz hasabyny soraýar:*

*“Öz jigime tabşyrman, tiz gidenmiň...”*

*Göýäki atlar hem ýalyn unudyp,*

*Sähra garşy öwüripdir ümzügin.*

*Şeýlebir süňňümden owaz eşdilýär,*

*Göýä saz guraly ýaly Men bu gün.*

*Heý doýma barmyka, barmyka gitme,*

*101*

*Ýar göýäki pasyl bilen klasdaş.*

*Ýene güýz, güýz bolsa turuzýar pitne,*

*Meň Ruhumda*

*Ol ikimiz kybapdaş!*

***Ýönekeý ýodajyk***

*Belki-de beýlebir gözel hem däldir,*

*Meni munça oda salary ýaly...*

*Ýöne ömrüň sahaplarna dolaýar,*

*Zordan ýaza çykan balary ýaly:*

*Ýaprak ýatyr...*

*Güýzem geçdi...*

*Gyş geldi,*

*Edil aýralygyň hazany ýaly...*

*Belki- de Mejnunyň öňünden çykar,*

*102*

*Ol dyzyna çöküp, alary ýaly...*

*Derekler çyzgyç deý durlar hatara,*

*Käte- de ussadyň galamy ýaly...*

*Birden- birden soňsuzlykdan ses gelýär,*

*Ylham perişdäniň habary ýaly...*

*Käte bir öwüsýär çapgyn, sowuk ýel,*

*Atanyň ogula gazaby ýaly...*

*Belki- de diýýändir: Git- de duýup gel,*

*Enäniň perzende azaby ýaly...*

*Belki- de beýle- de däldir bu ýoda,*

*Ussat şahyrlaryň ýazany ýaly...*

*Ýönekeýje bolsa bolubersin ol,*

*Ejemiň gamlyja gazaly ýaly...*

*103*

*Dylym- dylym edýär gökde bulutlar,*

*Şu ýodany tapyp ýazanym bäri...*

*Belki ýene geçer bu ýerden biri:*

*Meň şahyr ýüregmiň nazary ýaly...*

***Gyş gelmänkä...***

*Kämil däl bolarly bu beýik baglar,*
*Garga geçse hüjjerişýär saçlary.*
*Gyş heniz nobata goýmandyr*
*Çemli*
*Güýz toşabna dalan bu agaçlary...*

*Bilýänem däldirler aňzagyň baryn...*
*Adam şeýle bolýar...*
*Gaty söýende.*
*Täsin...*
*Gyş gelende asyljak daryn*
*Çyrmaşyklar taýýarlaşyp goýanda...*

*Agaçlar henizem ýaprak dökerne,*
*Ynanmazdan dowam edýär ýangynyn.*
*Ezilip damary güýzüň şekerne,*
*Hamana gelmejek ýaly gamly gün...*

*Goýalşan mürepbe,*
***104***

*Ýumşak toşabyň*
*Nobatyny syzyp, süýji gülaby...*
*Häzir süňňü müdimilik galjak deý,*
*Göýä häzir başlajak deý bal aýy...*

*Gargalaň opera aýdyşyn diňläp,*
*Toprak baş ýaýkaýan mysaly häzir.*
*Tekiz ýerde büdräp gelýän enem deý,*
*Güýzüň ruhy gökde hasaly häzir...*

*Şemal ýekelänok öýsüz itleri...*
*Gorkusyndan gizlenişýär syçanlar.*
*Güýz gelse obamyz aňyryk süýşüp,*
*Uzaklaşan ýaly bolýar ejemler...*

*Toşabyň ysyna eräp bedenim,*
*Kimdir birin göresleri gelýändir.*
*Gyş gelmänkä bilmän näme ederin,*
*Agaçlar hem hut men ýaly bolýandyr.*

*Ol heniz nobata goýmandyr çemli,*
*Agaçlar bukulyp, nyýaza durmaz...*
*Emma...*
*Arasynda bölek bulut deý*
*Geçip gidýär gyş köýnekli...*
*Sudurlar...*

***105***

***Gün***

*Eý nurly gün, eý äpet gün, janly gün,*
*Şöhlelerňi seçip, seçekme - seçek.*
*Sabyrsyz mamam deý, bimekanly gün,*
*Şanly ahwallary barýarsyň geçip.*
*Lebiňde gaýnadyp, kölegäň keşbin,*
*Seriňde gaýnadyp, baky däldigim,*
*Sen bu gün nämeleň yşgyna düşdüň,*
*Nämä damar bolar altyn ýallaryň?*
*Eý äpet gün, eý nurly gün, bir täsin*
*Ýeke özüň ömür sürýän ýaly - la,*

Öňküden azajyk özgerip keşbiň,
Hany dur göreýin, garran halyňy...
Aýý... Ýok, seriň tämiz, saçlaryň tow- tow,
Bulutlardan geýmänsiň sen başgaby,
Meniň mamam ýaly mähriban hem sen,
Täk başyňa söýüp bilmän başgany,
Bu pany dünýeden geçip barýanlaň
Sanawyny şöhläň bilen sanaýaň.
Eý nurly gün, eý äpet gün, syrly gün,
Aýtman syrymyzy nämä gynaýaň?
Geçip barýas sahna ýaly öňüňden,
Tellerimiz daňylypdyr nesile.
Eý äpet gün öz perzendiň saýybam,
Adamzady duwlaýaň sen kesege.
Soňam diýdirýärsiň: “Çöpi gutaryp,
Atylypdyr baka baky nesibe”
Eý nurly gün, eý äpet gün, syrly gün,
Özüň galyp, ugradyp sen ynsany,
Neçüýn beýle kasdyň galypdyr bizde,


Ýokmy seniň birazajyk ynsabyň?
Ýokmy seniň biziň üçin bir ta:byň...
Eý nurly gün, enem ýaly garry gün,
Ýa hut senem arly gije çümüp bir,
Älem gurluşyndan mahsun, a:rly gün?!
Ýa saňa - da ýazylypmy ykbalyň:
Bir gün hasrat, bir gün aýdym - sazly gün gün?
Her gün akla sygmaz seniň geň tabyň!
Daň...
Gal sen äpet gün!
Şuglalaň nirde?
Sensiz üşär bu naşyja bedenim.
Şumy seniň ýardan aýra salaňda,
Meniň üçin bir zatlary edeniň.
Eý nurly gün! Soraglarym kän saňa,
Menem bir gün seni taşlap giderin...
Belki- de bildirmez saňa gidenim...
Belki zar aglaýyp, çalyp çalgyjy...
Bir haýyşym: Aglamasyn bedenim...
Öllenmesin gyzymyň gök gyňajy.
Eý nurly gün şumy seniň edeniň,
Şumy seniň ähtiň, antyň hem wadaň?!
Eý nurly gün, eý äpet gün, garry gün...
Giderin terk etmän şol gadym ýodaň...

***107***

***Derwüş***

*Ýyllar geçdi gitdi, ýaşyň goýaldy*

*Ýok umydyň, näzik duýgular galdy*

*Seniň gözleriňden syrygan gözýaş*

*Ýöne möne däldi...*

*Ol syrly juda, hem derdiň seriňden aşypdy derwüş*

*Dünýäň o çetinde men seň sesiňe*

*Hem goja keşbiňe aşykdym derwüş...*

*Şol gün... hany dur- la...*

*Seneler  sandy...*

*Bagryň başy bilen badaşdy zikir*

*Könelerli däldi yşgyň,*

*Eý görmüş...*

*Ýöne, möne däldi…*

*Aýdardyň şonda*

*Gözel duýgulary garyp pyşyrda*

*108*

*Baky saklamaga duýgularmyzy:*

*“Öý orap bilmesem, gezsem daşarda”*

*Sen bolsa ýokduň...*

*“Sen bir ýerde”- diýip, maňa bir ýere ýönelerli däldi*

*Däldiň salgyly...*

*Ýöne möne däldi yşgymyň aýdymy*

*Deýin algyly*

*Baharda pytradyp sadabyn erik*

*Derwüş giden ýollar süllümbaýdylar.*

*Wah... arman yzyňda Leýliler tukat,*

*Agaçlar ýüzlerin tutup galdylar...*

*Emma hiç duýgular täzelenmedi,*

*Olar hijem könelerl däldiler...*

*Ah, olar şeýlebir meňzeşdi saňa,*

*Çünki olar ýöne- möne däldiler...*

*Gark bolan ördek deý, uzakda obaň*

*Kepbeleri bag astyna daldylar.*

*109*

*Kepderileň ketekleri talanan,*

*Gijeki itlerem namys astynda,*

*Hut agy astynda doňup galdylar.*

*Seň giden ýoluňdan erigni döküp,*

*Agaçlar nowçasyn zyňyşýardylar...*

*Daňa orun berip barýan şuglalar*

*Baglaň erňegini kümüşlärdiler…*

*Ah, soň- soňlar seniň meni söýenňi,*

*Hem aglap gidenňi bilip galdylar...*

*Bugdaýlar ysgynsyz sarydy yşkdan,*

*Bu ýakynda dänelärli däldiler.*

*Aramyza ýyllar düşüpdi derwüş...*

*Hem duýgylar ýöne- möne däldiler...*

*Bilmedim ýa men, ýa agaçlar şonda,*

*Ýa sadyk ýodalar hakyt laldylar.*

*Bir zady bilýärdim ýöne,*

*Her gezek:*

*Bakyşlarmyz ýöne- möne däldiler...*

*110*

***Ene gelýärdi...***

*Köçäň gyrasyndan ene gelýärdi,*

*Ajy ýylgyryşly, hassady asla.*

*Ýogsa mylakatly kalby elendi,*

*Lebleri kepäpdi tomusky yssa.*

*Gülýärdi howlukmaç ýaşlara garap,*

*Darap çal başyny sypady ýeller.*

*Bir mahal balasyn sypalan eller,*

*Bolupdy galmaz, bolupdy galmaz.*

*Ol garry dünýäniň halyndan daşda,*

*Ol bize gülýärdi, biz bolsa oňa.*

*Alyndan, aýyndan, balyndan daşda,*

*Ýalňyzlygy alyp, gelýärdi ene.*

*"Garrapdyr... görgüli" diýýärdi biri,*

*Beýleki "eňkamy agypdyr" diýýä.*

*111*

*Biz oňa, ol bize şeýlebir uzak,*

*Belki bizem oňa uzak görünýäs.*

*Belki- de diýýändir: "Adamlar nirä?*

*Gyssagly ýöreýşip, undup enäni"*

*Bu howlukmaç adamzadyň ümzügne*

*Ene düşünmeýän, bilmeýän ýaly.*

*Ol dünýäniň mekri - alyndan daşda,*
*Adamlaň üstünden, hilä gülýärdi.*
*Biz tabyndan daşda, tabyndan daşda...*
*Ýoluň o başyndan ene gelýärdi.*

*Sowulan döwranlaň heýkeli bolup,*
*Ýoluň o başyndan ene gelýärdi.*
*Biz oňa üns bermän barýardyk geçip,*
*Ol bize gülýärdi, bize gülýärdi.*

***112***

**Gün bu gün surata düşýär.**

*Gün şu gün surata düşýär,*
*Enjam garaşyp dur oňa.*
*Gün şu gün surata düşýär,*
*Suratçy garaşdy daňa.*

*Sülmüräp çykar sähelden,*
*Toý lybasy egnindedir,*
*Gün şu gün surata düşýär,*
*Günüň ýary eglendi-le.*

*Ýüzi nurly, çogy artyk,*
*Asman ak ýol, ýoly artyk,*

*Ýöräp gelýär, şaly artyk,*

*Gün bu gün surata düşýär.*

*Dag- daşlaryň aňyrsyndan,*

*113*

*Gaýmaklan asman gatyndan,*

*Sorap söýgi Taňrysyndan,*

*Gün bu gün surata düşýär.*

*Daň bilen guşluk arasy,*

*Suratçy köňül parasy,*

*Beýle güýjüň heý ýary kim?*

*Gün bu gün surata düşýär.*

*Ýol beriň gün geleýidi,*

*Ýar boljaklar öleýidi,*

*Ýalňyzlygyň täleýidi,*

*Gün bu gün surata düşýär...*

***Adaty däl gün**.*

*Häzir zemin aýlanypdyr güneýe,*

*Agaçlaryň köki gökde galgaýar.*

*114*

*Häzir misli ähli sagatlar togtap,*

*Yşgyň demi ähli zady sanaýar.*

*Sanaýar ol aşyklaryň hökümni,*

*Başga demler üçin wagt ýok borly.*

Häzir zaman gep- gybatyň şekilni,
Depdere geçmesiz edäýen ýaly.

Zemin düwünýär- de pytraýar alma,
Başaşak duransoň agaçlaň bary.
Gökden barýan akja guwlar hezil edip,
Ýer gözleýär, poltolarny asmana.

Güni derwüş bary barýar tigirläp,
Agyr borly, bükülýär kä billeri.
Güller öwrülmejek bolup tersine,
Sapak bilen daňylgy dur telleri.

Bir- birege sowman ünsün adamlar,
115
Geçýän ýaly jaýlarynyň gerşinden.
Ýumşak şemal nagyş döküp ganata,
Gül ýasaýar kebelekleň hersinden.

Men häzir galamly- ýekeje özüm,
Sagatlaň dillerin saklap dur biri.
Çeşmeler tersine akýar, olaňam
Öňüni bekläpdir, garagol söýgi.

Yşk gelýär, ör tutuň, Zemin örkliler!
Asman pällerňizden seresap boluň!
Ak bulutlar, per ýassyk deý görkliler
Aşyk dälleň ukusyna gap boluň!

*Mysal üçin, ýokmuş häzir ýyldyzlar,*
*Göýä jamdan gaçan tylla meňzeşip.*
*Kerweni talanan kelek gündizleň,*
*Sagatlary marsda durmuş dyňzaşyp.*

*116*
*Häzir guşlar gögüňki däl hamana,*
*Dartyşyň kanuny degişli dälmiş.*
*Jaýlaň tutulary Nuhuň gämisin*
*Ýelken edip assa ýüzüp barýarmyş.*
*Geň gün!*
*Wagtam ýok, ýok pursatlaram,*
*Ähli zadyň bagyn boşadan ýaly.*
*Hamana: "Wagtym ýok"- adamlaň sesin,*
*Ýaradan gaharly, eşiden ýaly.*

*Diýýän ýaly: "Hany indi wagt ýok,*
*Pursadam ýok, boluberiň işsiz siz"*
*Diýşi ýaly wagt bolmadyk bolsa,*
*Bolarmykak ýa- da beýle güýçsiz biz.*

*Gussaň giňişligi ýokmuş hamana,*
*Gülkiň meýdançasam ýitip gidenmiş.*
*Wagtsyzlaram gelenmişin amana,*
*Aşyklardan wagtsyzlyk ötenmiş.*
*117*
*Adaty günleriň gadryn bilere,*
*Käte adaty däl günlere dolan!*
*Eý mähre zar, eý wagty az adamzat,*

*Wagtsyz wagtyň demsiz demlere dolan!*

## ***Gyş hem bir ýaz...***

*Gyş hem bir ýaz...*
*Sowuk bolsa bolsun,guşlar saýraýar*
*Ady bolanda nä:*
*Gyşlar...*
*Aýry Ýaz...*

*Ýakymly ýaryň hem söýýän ýaly has,*
*Ýyljak pejiň başy,*
*Tüýs master klass...*
*Köçeden ýygnanan çagalaň içi*
*Edil Amstradam deý:*
*Gysby hem kiçi...*

*Olaryň ýüregi ýarylyp barýar,*
*Aýaz için ýakýar penjirä gelip...*
*Oň dili ýelmeşýär kä daýym aýna...*
*Ehhh...Bu pursat üçin ölmäge taýýar...*

*Daşarda dilini çykaryp käte,*
*Doňan penjirä de ýelmeşip ümsüm...*
*118*
*Sahna: Nagyş ýasap, hem şuwlap çapgyn...*
*Ähli teatrlaň sahna oýnuny*
*Bir ýere üýşürip, otlasaň hem bes,*
*Gyşyň gurnan sahnalarnyň dünýäsin,*
*Görmäge penjireden edeňde höwes...*

*Heý... Papagny çümrüp geçýär fonarly*
*Aýazbaba ha däl, dertli biri ýa?...*

*Hol ýerde tokaýyň üstünden gaýdýan*
*Garlar*
*Häzir ahwaly deý Siriýaň...*

*Döwük ýaly ähli jaýlar, agaçlar,*
*Guşlar çeýnäp läle, güjür- de güjür...*
*Ýeri şol fonarly geçende näme,*
*Daralyp barýarmy gar basan köçe?*

*Kölegeler gorkunç,hatar- hatar kä,*
*Aý halkasy el uzadýar işige*
*Uffff...*
*Bu gorky neneň süýji,*
*Höwürli,*
*Häzir uçýan ene girýär düýşüme...*

*Göýä öýjagazam aýakda dur kä*
*Yrgyldap,*
*Üstünden gaçaýjak ýaly...*
*Köçede hiç kim ýok,*
*Heý kimsiň?..*
*Kölge!..*
*119*
*Paraşýutym açyk uçaýjak ýaly...*

*Bar zat ak gar, guşlar saýrap*
*Heşelle*
*Kaksa kaksyn, belki biri ýalňyşýar...*
*Gyş bolsa- da ady Ýaz dek*
*sahnaly*
*Şoň adyny biri ýalňyş ýazmyş ýa?*
*Taňrym...*
*Çagalary gabama öýe*
*Ýazdan gözel gyşyň peýiizajy...*
*Gyş diýseň sowuk ger, gözüň*
*öňüne*
*Kim dakypdyr oňa: üşedýän ady?..*

*Sowuk bolsa bolsun,guşlar*
*Saýraýar...*
*Ady bolanda nä: Gyşlar...*
*Aýry Ýaz...*

***120***

***Uly şäherlerde adam köp bolýar...***

*Uly şäherlerde adam köp bolýar,*

*Köp bolýar yşyklar,*

*Hökman däl duýgy...*

*Wagt käte dertleriňe dep bolýar,*

*Gülkünç görünýär bu ýerde söýgi.*

*Akyp barýan sile dur diýen ýaly,*

*Bir adamy saklap, salgy sormaak.*

*Uly şäherlerde kir suwuň ýoly*

*Açyk ýaly...*

*Adaty zat: Hor bolmak...*

*Uly şäherlerde meseleler kän,*

*Wagt,*

*Ýer ýok sentimentalizime...*

*Adamlaň akymna barýan ýalysyň*

*Welin...*

*Käte ýöräp barýaň yzyňa...*

*121*

*Ýitirip orentir,Ýoldaşlaryňy,*

*Özüň ýitip gitseň käte ir bilen...*

*Uly şäherlerde adam köp bolýar,*

*Göýä olar bir- birini irizen...*

*Bu ýerde mähelläň eli jübsünde,*

*Belki ýarag bardyr, kim biler onda...*

*Bir adam görmersiň tutup jigsiniň,*

*Mekdebe äkidip barýan*

*Elinden...*

*Bizar bolmak moda ýaly hamana,*

*Bir- birege seretmeýär adamlar.*

*Göýä bärde üýtgän ýaly zamana,*

*Göýä bärden ýiten ýaly,adalga...*

*Bolsa bolsun,menem barýan köçeden,*
*Esentanyş ýaly, ýylgyryp hemmä...*
*Belki- de diýýändir olar içinden:*

*122*
*“Işsiz gezip ýören ,bir akmak, düňle”*

*“ Heý, nirä barýaňyz? Barmydyr aýbym,*
*Nansyz galan ejeňizi unudyp...”*
*Uly şäherlerde adam köp bolýar,*
*Gaçan ýaly bolýar...*
*Ähli umydyň...*

*Olar maňa ünsem berenok käte,*
*Käte biri, ýa ikisi geň bakýar.*
*“Wagty ýok adamzat” şeýlemi ýa- da...*
*Çalt geçip gitmekmi hyýaly hat- da...*

*Yzyna gaňrylyp kä daýym biri,*
*Belki- de hüňürdäp, belki düşünip.*
*Aýdaýasym gelýär: “ Heý men-ä däli,*
*Aslyňyza siz azajyk düşüniň...”*
*Aý bolýa- da dymdym,*
*Belki bularam gelende ýaňradyr,*
*Edil men ýaly...*
*123*
*Şu ýerde ýaşamak dert çökerýändir,*
*Olar hem bir mahal açyk dünýäli...*

*Ejeňi unutmak moda deý bärde...*
*Aýtmasam-a azar, aýtsam gep bolýar...*
*Pahyrlaryň özi bilýändirler-dä...*
*Uly şäherlerde adam köp bolýar...*

***124***

***Körsyçan***

*Şahada aslyşyp ýatan körsyçan,*
*Bakdy mawy köle yaşyl göz bilen.*
*Tirpilda öwürip töwerek daşy,*
*Assajadan ýigit gelýär gyz bilen.*

*Başga älemleriň şekilimi bi?*
*Ýa kenara ýazylypdyr gül düşek.*
*Körsyçanyň bakýan ugrunda häzir*
*Başga zatlar ýöräp barýar başaşak.*

*Agaçlar köküni çümdirip göge,*
*Kebelekleň ugry däl aýyl- saýyl.*
*Älemgoşar çelejige meňzeýär,*
*Bulutlar ýüp bökýär,*
*Howa has maýyl...*

***125***

*Teneçiriň saz guraly uçup ýör,*
*Başyn tutýar gorkup birden körsyçan.*
*Mawy kölüň köýnegini ütükläp,*
*Dumanyň aljyrap, ýüzüp ýörşi çuň...*

*Ümsüm kenar toý- baýrama beslene,*
*Bahara taýyn deý, guşagy läle.*
*Başaşaga bakyp duran körsyçan,*
*Dünýä tersligine bakanda näme?*

*Ýüpden gaçan gaýyk täje çalymdaş,*
*Tersligine küreginde togtady.*
*Ýetip bilmez bir mätäje çalymdaş-*
*Köl içinde galdy aýyň nogtasy...*

*Güller sapagyndan bolýar sypmajak,*
*Ählisini synlap bakýar körsyçan.*
*Durna kölüň aýnasynda pyrlanýar,*
*Asla onuň bu dünýäni görşi çyn.*
***126***
*Iňrik garalmadan öň geçen ýaly,*
*Sürüleriň tozan basan bakjasy.*
*Gamyşlykda birden zym uçan ýaly,*
*Aýnaň goýup giden geýim bukjasy.*

*Kölüň kenaryndan bakýar başaşak,*
*Belki dogry bakýar bize körsyçan.*
*Dünýäni bolşy deý görmek hyýaly,*
*Oňa aýan däldir,*
*Ýöne görşi çyn...*

***Täzeden dogulmak***

*Ýuwaşjadan gürläp, azajyk derläp,*
*Öňümde duraňda aşykdym saňa.*
*Hiç zat hakynda däl, uly zat hakda*
*Bir zatlary aýdyp, joşupdym saňa!*

***127***

*Halardym dymşyňy, gelşigiň başga,*
*Ynjasam, didäňde görerdim gussa.*
*Dymardyň, bilýän deý, dymardyň şonda*
*Aýralygyň geljekdigni alysdan...*

*Gün – aý aralara keşde keşäpdir,*
*Edil meňze keşeýşi deý durmuşyň.*
*Ine, birden alys menzilden "salam"*
*Başga bir älemden aldy durmuşym.*

*Owaz ýaly dolup gitdiň içime,*
*"Höwründen tazygan" misli bahana.*
*Seň üçindir, şol garaşyp ýörenim,*
*Täzeden bir iýnjek bolup, jahana!*

*Seniň ýüregiňde keşbim galypdyr,*
*Suratkeş deý, çyzýaň her gün bir çyzyk*
*Arasynda sesim eşiden wagtyň,*
*Aňýan meger dişleýäň sen hyrçyňy.*

*128*

*Leblemde saklanan misli, gyzyl reňk...*
*Sesiň çykmaýar- da diňleýän meni*
*Görkezmän çekseňde, keşbimi söýüp,*
*Edil ýanymda deý görýärin ony.*

***Kiçi Dil***

*Nurly sesiň şahasynda bir til bar,*
*Alysa aýan däl, däl lala aýan.*
*Aralykda galýan diňlesem seni*
*Kämillik- aralyk – tapdym eý, aman.*

*Inçejik çyzyga halka goýberip,*
*Gaşlardan gözlere ýol salan ylla.*
*“Öz oglumy gözel kylaýyn” diýip,*
*Seni ýasanynda joşandyr Alla.*

*Kesbiň sesiň ýaly*
*Ýük berjek alsaň,*
*129*
*Ylahy gülleriň nepesin durlap.*
*Men jahan şalygny biläýen bolsam,*
*Periden doldyrdym, içimden gürläp.*

*Kiçi dil diýeniň akylly borly,*
*Etjegi içinde ýürek serhedi.*
*Eger seni özüm hüwdilän bolsam,*
*Perişdeleň hut özüne görkezip...*

*Sesiňde bar daňyň desmalyn şaha*

*Daňan keýikleriň okara gelşi*

*Owazly älemden derwişiň bärde*

*Dünýä gelip,ýalňyz, pukara bolşy.*

*Saňa kän söz aýtjak bolýan, diňle sen*

*Çykandyr seň tilsimi çuň hasabyň.*

*Öz synaňa meňzeş diýip, söýüpsiň*

*"Syrymy aýtmasyn" diýýän mysaly.*

*130*

*Syrymy aýtmasyn diýýän mysaly.*

*Kiçi dili alyslarda goýupsyň.*

***Saňa ýer***

*Halka baglap, oturlardan şelpe dek,*

*Nokatdan tiňkämi asmana geldim.*

*Heýkeli janly söz alar janymy,*

*Şekilsiz sözleri kesmäne geldim.*

*Geldim jahan şalygyna senden öň,*

*"Ýollaryň açaýyn" diýip, aslynda.*

*Jümleleň dartyşma kanunyn ýoýup,*

*Käte öz ýüregmi dardan assym- da...*

*Geldim, o ýerlerde gül guş ýa misli,*

*Jennetiň hüýrleri "Süýş aňry" diýmez.*

*Men geldim, seň bärik gelişiň kysmy,*

*Gelenimi belki Taňry hem duýmaz.*

*131*

*Saňa bossan ýasadym men arşdan bir,*

*Periler içinde "Dyz bersin" diýe...*

*Ýüpek ýaly daňyp tara saçlammy,*

*Saz çalmaga bir ýer taýýardy göýä.*

*Çöz bagyny öň gurulan jümleleň,*

*Oturlaryn aýyrdym men seň üçin.*

*Nokatlar togtadyp durmasyn yşgy,*

*Bu jahana geldim asla, şoň üçin.*

***132***

***Men dünýäde...***

***Men dünýäde öňem bardym ahyry,***

***Ýöne men öň ýokdum, seniň dünýäňde**...*

*Görsene muny...*

*Senden öň gelmäge endik edindim,*

*Dünýä däl- de duşuşyga giç agşam.*

*Meň dünýäde öňem barlygym bilip,*

*Hiç kimi söýmeýşiň...*

*Ýalňyz, "dynç alşyň"*

*Meni derde goýýar, goýýar ahyry...*

*Sen oýansaň, oýanyp dur ýüregim,*

*Sen durlansaň, dury...*

*Horlansaň- ejiz...*
*Beýle hala düşürişiň şahyry*
*Alymlar hem açyp bilenok heniz...*
*Men dünýäde öňem bardym- bilýäň sen-*
*-Ine,*
*133*
*Nýutonyň dartyş kanuny saňa...*
*Men yşgyň depderni görkezdim eltip,*
*Şo gün Nazar Gullaň ümsüm sapagna...*
*Men dünýäde öňem bardym, geldim iýr...*
*“Sen gelersiň” diýip, Gül bakjasyna.*
*Şo gün janym eltip berjekdim welin,*
*Nazar mollum gelmändir- dä sapaga...*
*Men dünýäde öňem bardym, bir salam*
*Iýberip ýörere sen ýakyn däldiň!*
*Gür çynaryň aşagynda dursamam...*
*Gelmediň:*
*“Men dünýä gelmelem däldim”*
*Men dünýäde öňem bardym...*
*“Sen gersiň,*
*Ýa- da meň barlygma baglarsyň bagy”...*
*Diýip...*
*Leksiýada surat çekipdim,*
*Hyrçyny dişledip, Nazar Gullanyň...*
*Ýogsa näme?*
*134*
*Seň gelerňe has iýrdi*
*Has soňlar soňlandy yşgyň hijrany...*
*Men dünýäde öňem bardym ahyry...*

*Söýýänimi ýalňyz goýaýar ýaly...*
*Beýle doň däldi meň uly ýüregim...*
*Hem perdesi üzük däldi dutarmyň...*
*Men dünýäde öňem bardym ahyry,*
*Höwürlidi*
*Bilýärdim men, pudagym...*
*Men dünýäde öňem täsin nepesli,*
*Hem keşbi heserli garaşyp durdym...*
*Seni garşy almak bagty miýesser*
*Edeni*
*Maňa- da ýaraşyp durdy...*
*Men dünýäde öňem bardym ahyry,*
*Açmaga gelipdim, seniň ýollaryň.*
*Arzuw hyýallarda oturardym kän,*
*Leksiýasynam ýazman Nazar mollumyň...*
*Men dünýäde öňem bardym ahyry,*
*135*
*Kebelekli sähraň goltugna düşen,*
*Desmalyn gaçyran bulutlar kibi...*
*Hut saňa garaşyp, görünjek bolup,*
*Bäşlik gutarypdym, orta mekdebi.*
*Men dünýäde öňem bardym ahbetin,*
*Dartyşyp, hallary ökdeler bilen,*
*Hudaýyň syryna giripdim*
*Galam*
*Hemem goşgy ýazýan depderim bilen...*
*Men dünýäde öňem bardym ahyry,*
*Öň barlygym indi ötäýer ýaly...*
*Men dünýä gelmedim, ýöne keýpine,*

*Seni ýalňyz goýup, gidäýer ýaly...*

***Siz düşüp gelýärsiňiz...***

*Siz düşüp gelýäňiz basgançakda ýaz,*

*Köňül içre çakýan ýaly ýyldyrym,*

*136*

*A men gamsyn bir hal bilen hiňlenýän,*

*Arasynda aýdym bilen ýyldyzyň.*

*Ýa ertekidenmi,ýa ertekimi,*

*Unudýan dünýäni,unudýan bada,*

*Siz düşüp gelýäňiz,entedi hemme,*

*"ylham gelýär"diýip,gadym dünýäde.*

*Tokaýyň ajymak deminden sypan,*

*Keýik ýaly,tisginjiräp,bökeläp,*

*Siz düşüp gelýäňiz,kalbyma meniň,*

*Gülleň näzik ýapragyndna öýkeläp...*

*Bu nähili dymyk jahan demikýän,*

*Bu täsire düşmedikler sesleniň,*

*Goja ýere ädimňizi degirmän,*

*Siz düşüp gelýäňiz,kalbyma meniň.*

***137***

***Soraglar içinde...***

*Soraglar içinde iň uly sorag,*

*Şahalar içinde Hydyr görenim,*

*Açyk kuýaşlara ilkinji jora,*

*Ýoldan gelsem,ellerini serenim.*

*Bykynyndan gül ýyganym baharyň,*

*Pasyrdaýan sähramy sen,şalmy sen?*

*Gaý-gyşda öňümi duman ýapanda,*

*Ýanyp gaçjak göreçlerim dälmi sen?*

*Ylham,aşyk beýniň,yşk zannyň bilen,*

*Göz görtele,göz görkeze dünýäme,*

*Barlyk içre bir meň aşygmy sülen,*

*Ýok zatlarym üçin,maňa gülmäge,*

*Daş-içdäki ahwalym hem dälmi sen,*

*Soraglar içinde iň uly sorag-*

*Näme üçin men dälikäm,däli sen?*

***138***

***Dost hakda kelam agyz...***

*"Hiç kim bu jahana görmez artykmaç,*

*Gül kibi synamy mähriban dostum.*

*Sowuk gije ýassygymy sörtükler,*

*Uçuryp,göwnümi aldaýar,dostum.*

*Ikimiziň söhbetimiz soňsuzdyr,*

*Emsiz bor panydan düşjek hasratam,*

*Sen bar ýygnan gowlugym deý,mensiz heý,*

*Kaýyl bolup galarmykaň,kysmata.*

*Älemi aýlanyp duran,aý sakasy kinäňdir.*

*Erginler deý mendirin,eräp gitjek içinde.*

*Höwesime seniň ýaly hiç kim hyjuw guýmandyr,*

*Kalbyma-da seniň ýaly,başga hiç kes düşünmez.*

*Meýilimi mmakul saklan ýeke özüň jahanda,*

*Mahmalymdan çekjegim sen,aýnap gitsem,dözümli.*

*Ýa üstüme iýnjegim sen,kebelekli baharda,*

*Ýa sen meniň gapdalymmy,ýa sen meniň özümmi?*

***139***

***Kiçijik goşgy***

*Asman bulutlaryn gyrkyp geçende,*

*durnalaryň gaýçy ýaly,ganaty.*

*Kalbymyň töründe çommalan gussa,*

*Saňa nälet okap,uzak aglady.*

*Mukaddeslik mündirýär-de mizana,*

*Ykbal bilen aýdymlarmy ölçeýär.*

*Akarda saralan ýapraklar ýaly,*

*Söýgimizi leýlisaçlar  "gamçylar"*

***Haýyş***

*Gel ikimiz uzak ýola gideli,*

*Elimizde tutup,ynam baýdagyn.*

*Seniň gürrüň berişiň deý kän zady,*

*Ýol ugrunda saňa köp zat aýdaryn.*

*Dogan borus,könelişer bu günler,*

*Gam –gussa deý geçer gider eglenmän.*

*Bilýärin men muny,bize seredip,*

*Gybatkeşleň çaýy galar,demlenmän.*

***140***

***Söýgi şalygy***

*Käte ýüregimden alysa galyp,*

*Durmuşyň,bu ýaşaýyşyň guşy deý,*

*Örän uzaklara uçasym gelýär,*

*Ýaşyl-ýaşyl adalara görmegeý.*

*Höwesinde hopugyp bu dünýäniň,*

*Taşlap,ýa taşlaman,çykyp gaýdanym,*

*Duzlar iýen ýerlerimi derdim deý...*

***Sen***

*Seniň öýkäň meň ukusyz gijelem,*

*Seniň kinäň aýdymym meň,ýaň ýaly.*

*Günbataryň gap bilinde güýjelen,*

*Bizi mährem saýyp,atan daň ýaly.*

*Görmegeý sen,rehimli sen,gowy sen,*

*Ýüregiň gül ýapragyndan galyň däl.*

*Meň hiç haçan garaşmadyk duýgym sen,*

*Esasy geldi-geçer däl...*

*141*

*Boýnuňa güýzleriň tylla ýapragyn,*

*Monjuk kibi atanymda galma,geň!*

*Meniň dünýäm bakylygyň nokady,*

*Taýyny tapmasa bolar,haly teň.*

***Ýaşyl ganatly perýadym***

*Göwrämiň içinden gözläp,*

*Älemden tapmadyk zadym,*

*Ruhum aýlanyp ýör meniň,*

*Ýaşyl ganatly perýadym.*

*Gapymyň kildimi ýa-da,*

*Dyrmap göwnüň tutawajyn.*

*Kölegäm deý,girsem-çyksam,*

*Şol ýanymda utanjyrap.*

*Howanyň gabagny synlap,*

*Bagdaky alma barada,*

*Gürrüň berip,güýmäp otyr,*

*142*

*Guşy-gumryny arada.*

*Meniň ukusyz gijämden,*

*Çykaryp,özüçe many.*

*Hökman gapdalymdan örer,*

*Ruhum aýlanyp,dünýäni.*

***Äkit meni...***

*Äkit meni,tükeniksiz gamlardan,*

*Gussasy buz bolup üçekde erän.*

*Ümsüm gijeleriň goýnuna äkit,*

*Ýadaw gözlerimde hal bolup dörän.*

*Elwan ýaglyk örtüp,bahar başyma,*

*Ýeller bilen uçup gelsem,gaşyňa.*

*Ýol beledim,yşk älemne goşulan,*

*Sygma şonda gözlerimiň ýaşyna.*

*Piriň aşyklygna şek bolmaz,bilýän,*

*Biz kän wagt bilmesegem görüşip.*

*Nagyş bu ýol bize,bilýärmiň,dünýäm,*

*Bu söýgi görklere berer gelişik.*

***143***

***Asmanyň ýedi ýyldyzy***

*Asmanyň ýedi ýyldyzy,seredip dur ikimize,*

*Aýdymçy aý nirä gitdi,hossar çykmandyr-la bize.*

*Möhür hany ömrümize,bu ynjyk hyýallar näme,*

*Ýa gaýyp düşen syzgymy,bir pynhanlyga siňmäge?*

*Mähir gaplan ýüzüm hany,nirä-nirä sowulypdyr?*

*Bilýänimi bilýäňmi sen,ynsan-söýgi-gowulyk-bir.*

*Küm düşüner ahwalmyza,hoşsurat aý nirä sümdi?*

*Pynhan galan duýgymyza,çenelmedik peýkam çümdi.*

***Ýolagçy***

*Günortan.Tüp yssyň bili,*

*Gara görnenok bu ýolda.*

*Şonda-da geçipdir biri,*

*Bir sebäpden,gamgyn halda.*

*Hon – ha gözýaş daman  gumlar,*

*Çugdamlanypdyr şol öle.*



*Belki eýýäm şatdyr,kişi,*

*Belki, dolanandyr öýe.*

*Belki baran tüneginde*

*Şagalaňa garylandyr.*

*Men bilemmok,mümkin men deý*

*Öz öýünde saralandyr.*

*Howa tolkun atýamy ýa,*

*Kemiş-kemşimi yssynyň?*

*Eý ýolagçy ykbalyňa*

*Geçip gitdiňmi gyssanyp...*

***Meni tanaýarmy?***

*Meni tanaýarmy ýyly posalaň,*

*Söýgi şalygyna myhman çagyryp.*

*Be men seniň şol owadan dilberiň,*

*Seň derdiňden ýürek saly agaran.*

*145*

*Bu men,seniň gussalarňa ak şäher,*

*Hem betbagt günleriň ýykylan ýeriň.*

*Ylhamyň döşünde gaýnaýan serwer,*

*Ylahy asmanda gaýan dilberiň.*

*Howa,men bu ynha,şol yşk mukamy,*

*Aşyk ruhda,zemin üste ýaşaýan.*

*Aýallar hakynda ýazyp,nowella,*

*Olaň baryn,şol şalyga daşaýan.*

*Sen men hakda kän eşidensiň,ozalam,*

*Söýgi şalygynda gitmez diýilen,*

*Bu men seniň ilkinji söýgiň,*

*Hem seniň ykbalyň,nokat goýulan.*

*Bu men ýene,şol owadan sena men,*

*Gözlermiň garagy yşga gabalan.*

*Gülleň ýapragyndan posa ogurlap,*

*Öwzar ýasan ýellerinden sabalaň.*

*Bu men seniň şol owadan dilberiň,*

*Betbagt etmek üçin söýen gül heňiň.*

***146***

***Hüýr gyz dagy***

*Hüýr gyz dagy nedir kadaň,*

*Gursaga sygmajak arman,*

*Hüýr gyz dagy,hany ýodaň?*

*Baraýyn,daşlaryň dyrmap...*

*Hüýr gyz dagy,hüýr gyz dagy,*

*Sary gülleň dessesi sen.*

*Sary güle saram-saram,*

*Älemiň bir bessesi sen.*

***O günler...   (Güljemala)***

*Hany hemişeki şatlyk-dabaraň,*

*Meýlis münmez merdiwanym yralan,*

*Öten günler hany etegi gülli,*

*Ýatlap gezeýinmi,keýpihon meňziň.*

*Bilmedim gaş kakdy,ýaşlykmy,ýazgyt,*

*Bir pursat yrapdyr,başlarymyzy,*



*Käte bu dünýede bardygyň ýaňzyt,*

*Geçirýän men seniň başga gylygňy.*

*Ýogsa,unutmaga kän-ä bahana,*

*Iň soňky duşuşyk bolupdy,soguk.*

*Şonda-da biz ýetişmeli bahara,*

*Bulut deý öýkäni köňülden kowup.*

*Hany hemişeki şatlyk-dabaraň,*

*Keýik deý böküşiň,ýagyş çisňände.*

*Dileglerim bilen arşyň gatyndan,*

*Hany gelşiň halys seni küýsämde.*

***Göwün goşgusy***

*Didelerňe heser ýetip söýgüden,*

*Buşlamanka yşgyň sebäpkärini,*

*Müň reňkli tebigat ary bar ýaly,*

*Tapyp bize aýralygyň tärini.*

*Wagty ýitiripmiş ýaly hamana,*

*Gül ysly howadan hasrat iýberip.*

*148*

*Gelip günleň gussasynda amana,*

*Seni bagtly etdi,bir gün toý berip...*

*Solan gözýaş soňlanmajak hesretdir,*

*Düşünýärin,del ykbala daňlanňa.*

*Duýgylarmy kesä çekmezler ýaly,*

*Sataşamda seretmesem,gamlanma.*

***Ýüregim küýsedi seni***

*Ýüregim küýsedi seni,*

*Joşgun joşguna baglandy.*

*Ýüregim küýsedi seni,*

*Maýsada göwün aglady.*

*Aglady,boýalan sähra,*

*Gatyk ýaly ak bulutlar.*

*Kebelekli şemal hakda,*

*149*

*Gürrüň berenňi unutma!*

*Seň gözüňde ünji gördüm,*

*Ýüregim küýsedi seni.*

*Düzülmejek hünji gördüm,*

*Pytyrap giden ekine...*

***Ikimiz...***

*Ikimiz oturyp gümra,*

*Bolardyk dünýäň gürrüňne.*

*Sen meniň ruhuma hemra,*

*Gowy görsem,kän geň görme.*

*Sypaýy halyňy seniň,*

*Halaýardym,çynym bilen,*

*Howlukma,duluňa seniň,*

*Kürteli bir gelin geler.*

*Oýlandym,hemişe bagtyň,*

*Açykygny diledim-de.*

*150*

*Gözlerme sereden wagtyň,*

*Çekindiňmi,dilegimden.*

*Birden ara garyşladyň,*

*Bir gözelden hatlar bardy.*

*Näme üçin garaşmadyň,*

*Saňa aýtjak zatlam bardy.*

***Umman keşbi***

*Deňiz mawy owurt bolup çaýkanar,*

*Bagtyýar gözleriň hanalarynda.*

*Tolkunlaň dilinden dökülen säher,*

*Eglener, sepgidiň ýamalarynda.*

*Bulut çykyp gelýän ýaly asmandan,*

*Çal döwleriň possunynyň gatyndan.*

*Men dogulýan, men dogulýan adamlar,*

*Meni söýen bir ýigidiň hatyndan.*

*151*

*Suwperiniň köýneginden gaçan gül,*

*Kowçum- kowçum bolup, kenary tutýar.*

*Serediň çarlaklaň gamgyn sesini,*

*Deňiz meger öz keşbini unudýar.*

*Kenardaky çagäň billeri büzlen,*

*Balykgulaklardan çykýan owaza.*

*Gözleriňi süzüp, elleriň serýäň,*

*Hamana sen deňziň duýgy dowamy.*

***Nika ýüzügi***

*Özümem aglaýan, bir sen däl ähyr,*

*Ýalňyzlygyň elindäki ýarty Aý.*

*Öňem, soňam bu asmanyň ýüzünde,*

*Döwlen nika ýüzügi deý bardy Aý.*

*152*

*Öňem alça gül döküpdi şemala,*

*Bahar syran ýagşyň nemlerin ýalap.*

*Sensiz menem ýanýan, ynanaý eziz,*

*Ýolda taýly görsem, yzyma garap...*

*Öňem, soňam däldi kysmat atyzlaň*
*Ýürekgysgynç kölgesinden enaýy.*
*Öňem mellekdäki üzüm dalbary,*
*Şerap bolup ýuwdy, meň ýok günämi.*

*Çilleň çetin güljäjekler jähekläp,*
*Kakamyň ak iti kowup teneçir,*
*Agşamara äpet Güni itekläp,*
*Tomus äkidende ymgyr daňa çen…*

*Men şonda- da seni göresim gelip,*
*Ýollaryňa hünji düzerdim, eziz.*
*Soňsuz şol ýollardan “gelersiň” diýip,*
*Yhlasymdan ünji düzerdim, eziz.*
*153*
*Hasrata bogulan bir sen däl ahyr,*
*Menem sensiz, ýarty Aýda gözlerim.*
*Belki takdyr ikä bölüp zyňandyr,*

*Biri Aý bolandyr, göge ilişip,*
*Diýendir ol: “Ýarty nika ýüzügin*
*Şahyr bolsa, goý zeminden gözlesin”*

***Umytsyz söýgi***

*Umytsyz söýgüler özboluşlymyş...*
*Gyz ýaşy geçse- de, gyz boluşlymyş.*
*Gamy üz, dünýesi ýaz boluşlymyş.*
*...Ýigidiň görkünde ýassanyp ýatar,*
*Umytsyz  duýgular hatarma- hatar…*

*Merdana ýigitler erk edip söýgä,*
*154*
*Içine siňdirmiş, umytsyz yşgy...*
*...Gyzlar gam çekmäge höwesek bormuş,*
*Ömri perwanamyş,umyt syzyşly...*

*...Ýagyrnysyn tama berip ulygyz,*
*Tamasyny tala daňyp, aglanda.*
*Özgä taý bolmana taýýarlyk görüp,*
*Umytsyz yşgynyň bagryn daglanda...*

*...Gelin maşynyna münse- de soňra*
*Umytsyzlyk münermiş- de ýanyndan.*
*Gidermiş, şol atgulagy galgadýan,*
*“Menem äkit!” diýip, gyzyň yzyndan.*

*Gelnalyjy bilen köçeme, köçe,*
*Umytsyz duýgular aýlanarmyşyn.*
*Sygmazmyş daşaryk, sygmazmyş içe,*
*Käte ýerden göge saýlanarmyşyn.*

*155*

*...Soň guşak çözdide birden göräýse,*

*Goňşy gelniň biri kürtäň içini:*

*Bir damja- umytsyz söýgi bormuş- da*

*Gaçarmyşyn gözden  bijaý içigip.*

*Oglan nämä aglaýanyn bilmezmiş:*

*"Begenç gözýaşydyr…" oýlarmyş şonda.*

*Tisginermiş gyz ýaňagny ýyladyp,*

*Barmaklarna gyzgyn damja gaçanda.*

*Nika gyýlyp, gije ýigide- gelne*

*Märeke daganda, galmanda gaýry.*

*Iki göwräň arasyna sümülip,*

*Sessizje aglarmyş, umytsyz söýgi...*

***Bagtyň açary***

*Sensiz bu älemiň gapysy ýapyk,*

*Onuň asla gyzygy ýok, sensizem.*

*Tapmaryn açarny, däl ahyr ol bir,*

*156*

*Kisesinde galan gyşky ýeňsiziň.*

*Onsuzynam süýt kölüniň kenarna:*

*"Gülüm, seni alyp gitjek" diýmändiň...*

*Ejeňem barybir menden göryärmiş:*

*"Yşga düşüp, agşamlygňy iýmäniň..."*

*Aý onsuzam gyzykly däl bu günler,*

*Guş sesinden ýadasadym mellegiň.*
*Obaň oglanlary daşda bir ýerde,*
*Hiňlenýärler söýgiň sowuk heňlerin...*

*Onsuzynam gyşy kän bir halammok,*
*Sensizligim bäri welin asla- da.*
*Ol uzak eglenjek myhman mysaly,*
*“Otyr” törde, poltosyny asýar- da...*

*Ýanwarda baharam uzakda ýaly,*
*Sesi çakyr, “iňirdewik”ejeň deý.*
*157*
*Oňa arzyň aýtmaklyk mümkin däl,*
*Gören kinoň ýaly, ýa düýş- öçen deý.*

*Men tapmaryn açarny sensiz baharyň,*
*Zemin bagjygyny çözläp goýbermez.*
*Onsuzynam kinäm: Wagtyň özüne,*
*Ýöne ol dymmadyr, sözläp goýbermez.*

*... Ana bar arzym meň, ýa “gel”diýemmok,*
*Ýa ýöne aýdýan men boljak zatlary.*
*Bagtyň hem baharyň açary birdir,*
*Ony gyşky ýeňsiziňden tapmaryn...*

### ***Oba etýudy***

*Daň düýbi çyzyldy, ümsümlik oba,*
*Guşlar gum- guklugyň hyýalna mündi.*

*Hem tamlaň ýanynda säginip ulag,*

*158*

*Ota- da gidenok aýallar indi.*

*Asmanyň ýüzünden süýrelýän misli,*
*Içi ak pagtaly halta- bulutlar.*
*Öý bikeleri deý taýýar zat iýip,*
*Indi pişiklerem ýalta bolupdyr.*

*Mal ýataklardan hem bir ses çykanok,*
*Gazyk çalşyp, zowzalardyk geçä biz.*
*Häzir ümsümligiň mukamy akýar:*
*Asudaja köp gatnawly köçämiz.*

*Sygyrlar örä- de gidenok indi,*
*Şowhunly daňdanlar ötäýen ýaly.*
*Peçlerden tüsseler çykanok indi,*
*Adamlar hut göçüp gidäýen ýaly.*

*159*

*Ýygym günlerinde iş has köp bolýar,*
*Belki olar gidendirler atyza.*
*Häzir asman- zemin arasyn ölçäp,*
*Derekler çyzgyç deý, durlar hatara.*

*Şemal yralanok ýaşyl baglary,*

*Şol müň ýylky oba, pelek gadymy.*

*Men bagra basýan- da ümsümlik bilen,*

*Açýan kildi gulplanmadyk gapyny...*

*... Hany meniň barlygymyň gözbaşy,*

*Daňdan ot satmaga ugraýan käbäm?*

*Ýa şoň ýoklugyna gyýylyp senem,*

*Sessizje otyrmyň mähriban obam?*

*“Geldiňmi?” diýýärmiň şahyr gyzyňa?*

*Sen näme üçin dymýaň, bir sözle ahyr.*

*160*

*Ýa geçen günleriň çöküp dyzyna,*

*Küýseýäni üçin müýnlimi şahyr?*

*Hiç tapmadym jogap, köne tanşym dek,*

*Imrindim obadan çykýan atyra.*

*Göýä ýaşlymyň ölçegi bolup,*

*Derekler çyzgyç deý durlar hatara...*

## ***Aýly etýud***

*Bulutlar çykaryp, aýy öýünden,*

*Çykaryp öýünden, çykaryp gije.*

*Orun berdi alça agajy bir dem,*

*Hem berdi puryja,*

*Hem atdy bije.*

*Ýer torundan örülipdir agaçlar,*

*Baharyň syýasy gutaran misli.*

*161*

*Alça güllerini sergiläp asman,*

*Otyr aýdan nur dökülmegin isläp...*

*... Ol hem öýünde däl, öýünden hem däl,*

*Öýünden hem çykyp gaýdan bolarly.*

*Çykyp gaýdan, ýakyp gaýdan bolarly.*

*Alçaň düýbündäki ýapraklaň erkin,*

*Söküp gaýdan, söküp gaýdan bolarly.*

*Bu gün ýok bolsa- da tapman gaýtsam hem,*

*Ekip gaýdan, ekip gaýdan olarny.*

*Gursagyma ajap aýdym saz bilen,*

*Patrak aýdym, patrak heňler garylyp,*

*Patrak dodak aýdym aýdan bolarly.*

*Näme üçindir alçalaryň başynda,*

*Patrak däl- de dürli hünji galypdyr,*

*Görnenok*

*Şonda- da onuň daşynda*

*Senden baky, baky ünji galypdyr.*

*162*

*Asman düýbi elýetmesizlikdir ýa,*

*Ýa ýeriň süýdüne agzy ýetmändir.*

*Alçabaşy düre açylmak üçin,*

*Ýeriň mähri- garabagry ýetmändir.*

*Ussadyňa gurban, ussaňa gurban,*

*Çyzgyç deý ölçegli ykbala gurban,*

*Müň direldip, müň bir ýakýana gurban,*

*Käteler atylyp, çykýana gurban.*

*Ýene öýünde däl, öýünden hem däl,*

*Öýünden hem gamgyn çykýana gurban.*

*Ussadyňa gurban, köňülde gurýan,*

*Köňülde gurulan adyňa gurban.*

*Patrak döküp, aýy öýünde goýman,*

*Höwür beren taýsyz zadyna gurban.*

*Üst adyna gurban, dadyňa gurban,*

*Müň gulakdan saýlap, müň heňden saýlap,*

*Diňe maňa aýtjak zadyňa gurban!*

*163*

***Soň...***

*Gije aý astynda süýrelen bulut,*

*Ýeňiş bilen gündogara aşdy soň...*

*Meniň sensizligme haýpym gelmedi,*

*Saňa bolan duýgylarym öçdi soň.*

*Soň leýliler gije golun uzatdy,*

*Akarlaň gyrasyn salgylap saýa.*

*Bahar nagyş dökdi gülgüne sähra,*

*Ak güller meňzedi süýtli piýala.*

*Bilýäňmi, apreliň aýaklarydy?*

*Şeýlebir şo günler kebelek ýagdy.*

*Alyslarda biri aýdym aýdardy,*

*Bal ýataklaryna gatnaw köpeldi,*

*Göýä sähra balarylaň paýtagty.*

***164***

*Seni halaýanmy bilipjik durduň,*

*Süýji sözleriňe höwrügenimi,*

*Asmandan ganar deý süýrenip barýan,*

*Bulutlaň yzyna öwrülenini...*

*Bilmeýän zadyň- a ýogam ýalydy,*

*Akyl bilen barjam bardy, öçdi soň...*

*Sähralaň gündizki şowhuny ýatyp,*

*Şo gije bulutlar yza geçdi soň...*

***Kicijik älem!***

*Men kiçijik älem, hem ýalňyz biraz,*

*Aýdylmaz aýdymdan çylşyrymlyrak.*

*Zäk atylan suwa naşyja gyraw,*

*Ýa ýel kowan gämi, kenardan yrak.*

***165***

*Dogurdanam gara başym sadaga,*

*Leýlisaçlaň çägä çeken hatyna.*

*Açyk köňülleriň baky ýesiri,*

*Ynan, şoňa gara başym sadaga.*

*Teli suwda galan, ýarysy mukam,*
*Ýarysyn gara ýer yralap duran,*
*Bir täsin agaç men,*
*Dili dogaly,*
*Çeken ahy täleý garalap duran.*

*Yşgyň owazy men, çalyp bilmeýän,*
*Söýgülimiň säher açan aýnasy.*
*Bu ýerlerde guşlaň ýadygärligi,*
*Gülleň ýetmiş reňkli, ýuwka öýmesi.*

*Men bir heň,*
*Müň bir heň goşulyp çalnan.*
*Ussatlarda- has gaplarda kiçelýän.*
***166***
*Men älemiň keýpi,*
*Galyp bilmeýän,*
*Bäşga älemleriň ruhun güjeňlän.*
*Kiçijik dünýäniň uly bölegi,*
*Ýa uly dünýäniň parçasy käte.*
*Men ertiriň ýaňy, täze buşlukçy,*
*Galalaň hal atan syrçasy käte.*

*Kä uly heňleriň ejiz notasy,*
*Kä älem ahwalnyň jarçysy käte.*
*Kä bitewi älem, kä älem ähliň,*
*Suwly ýerleriniň ýartysy käte.*

*Kä dünýäniň urup duran ýüregi,*
*Kä soňsuz gijesi, ertesi käte.*
*Men zemin zerresi, ýa damjaň ýarsy,*
*Ynsan köňüllerniň kartasy käte.*

***167***

***Saňa...***

*Kepände dodaklar  ýapma yşgymy,*
*Barmaklarňy goýup, "dym"diýme maňa.*
*Kä wagt: "Siz" diýip, käte- de eräp,*
*Duýgymy çokjalap, "Sen" diýme, maňa.*

*Keşdäläp, goýupdym adyňy tahýa,*
*Sejdeläp oýupdym kalbymdan bir ýer.*
*Sen maňa: "Siz"diýip ýörseň men ahmal,*
*Öwrenşerin welin, diýäýseň eger...*

*"Sen" sözüni ýuwaşyrak owazly,*
*Hem  başga  älemden heň garyp çala...*
*"Siz"diýeňde  näm üçindir ynjaýan,*
*Şoň üçin ýalbarýan: "Siz"diýme, maňa...*

*Ýogsa sylaýanňam bilýän, arada*
*Köpçülik  ýerinde "Siz" diýýäniňem...*
*Bagyşla  ýalbarýan: "Siz" diýme maňa*

***168***

*Sebäbi men bilýän, gizleýäniňem...*

*Isleseň: “Sen”diýip, azara galma,*
*Tutma- da adymy köpüň içinde.*
*Aslynda bir daşlyk duýýan bolarly,*
*Ýürek sözleşeňde, gepiň içinde.*

*Bagyşla, ýalbarýan: “Siz”diýme maňa,*
*“Senem” diýme, ol azara goýsa kän.*
*Ýürek özi çözer, kim diýmelisin,*
*Adymy tutubam ýörme, eýse kän...*

***169***

***Salam aýdyň!***

*Sary ýapraklaň sedasy,*
*Gül-bilbil ara jydasy,*
*Ýanan köňülleň sedasy,*
*O daglara salam aýdyň!*
*Biziň ýollar mundan aşar,*
*Derýa, deňiz, gumdan aşar,*
*Ahyry üstünden aşar,*
*O daglara salam aýdyň!*
*Ýowuz- ýowuz ýoly harap,*
*Gyşda çeçek haly harap,*
*Uzasyn ýaşyl bahara,*
*O daglara salam aýdyň!*
*Men ýaryň ýaşyl injisi,*
*Gözlerniň gara hünjisi,*
*Aýralykdaky sanjysy,*
*O daglara salam aýdyň!*

***170***

***Aýyňam öz işi bar***

*Aýyňam öz işi bar,olam garawul gijä,*

*Aýly gije aşyklaň, näzleri artar- süýjär.*

*Ýigit hyjuwy güýjär,joşar akar gaýmagy.*

*Gyzlaň döşüne göçer gyzyl gülleň oýmagy.*

*Asmanyň o çetinde bulutlary aýy tijär,*

*Görk berer öňküsinden äleme aýly gije.*

*Ýelken ýasar-da Taňry bulut ummany ýüzer.*

*Şeýdip gijeden- gije nur saçar aýly güzer.*

*Ynsan duýgusy ýüje,*

*Aýyň söýgüsi ýüje,*

*Asman bilen adamzat doglan ýaly bileje.*

*Söýgüniň güýji ýüje,*

*Söýlenler süýji ýüje,*

*Içer ýaşlar süýjedip.*

*Şeýdip arzuw daňyna badalga bor gijelik.*

*Guşak çözdiň yşgynda gezer ýaşlar güýç alyp.*

*Gije owadan gije*

*Süýje owaldan süýje*

*171*

*Aýyňam öz işi bar,olam garawul gijä.*

***Türkmen owazy***

*Saçlaryň gaýmak deý seýjü görünýär,*

*Teniňde gülleriň süýdi görünýär,*

*Teneçirli sähra tüýdüge münýär,*

*Sen ýaňlan ebedi türkmen owazy.*

*Daňlagyň bagjygyn çözenden bolar,*

*Notalary äheň düzenden bolar,*

*Howasy al şerap süzenden bolar,*

*Bulutlary kerwen eýlär sowaly,*

*Pelekler aýlaýan türkmen owazy.*

*Arşyň howlusynda bilýüp mysaly,*

*Bilbiliň dilinde bilnik mysaly,*

*Köňül darlygyna giňlik mysaly,*

*Täzelärde seň gamlyja howaňy,*

*Täze gapy açar, türkmen owazy.*

*172*

*Ýedi yklym eradasyn içen nur,*

*Güneşden öň şuglasyny seçen nur,*

*Müňläp- müňläp asyrlary geçen nur,*

*Özüň çawuş nesillere dowamly,*

*Eý baky dünýe deý türkmen owazy.*

***Men Bahar!***

*Men Bahar,*

*Gül kokun saçýan- da säher...*

*Demimde döredip näzik gül şalyn...*

*Behişt merdiwany bilen iýnýärin,*

*Işiklerni açmak üçin gülşeniň.*

*Men Bahar! Men gelsem hal- hala çatar*

*Jan towlana Arşy feýze bor boýdaş.*

*Jilwesi dumanyň içinde ýatan*

*Gara daglar maňa görüner oýda.*

*Täze almalarda elwan duluklar*

*Lebim degse owaz, heň çalar, gyza:r.*

*Ýeteginden gül dökmäge bulutlar,*

*173*

*Ýagmyr bolup sähraň üstüne dyzar.*

*Men Bahar!*

*Sähranyň sörtügin alyp,*

*Billerime kemer edip dakynan.*

*Her meňim bir menek, halyň şekili,*

*Kebelekleň ganatyna kakylan.*

*Tersine ýöredip, goparyp dalyn,*

*Dyzyna çökerip, dowul- nagaraň,*

*Men täzeje geldim, puja salmaga,*

*Keýpini alp eden iň alp dabaraň!*

*Dyzy bilen süýşeneklän mejnunlaň,*

*Yşgy bir damjadyr meniň deňzimde.*

*Men Bahar! Men Bahar! Buşluk! Men Bahar!*

*Tanaň meni müň bir reňkli meňzimden!*

*Men geldim, garşylaň! Jyns- u ynsanyň*

*Nepesi durlandy, derdi derlendi.*

*Gülleri çüý deýin kakdym gazyga,*

*"Dolsun" diýip, hoşboý ysdan ýer bendi.*

*Sim- u zer sepeläp, her öý- mellege,*

*Keýpime sazlaşyp, götirip elin,*

*174*

*Etegne gül dökdim ymgyr pelleriň.*

*Demim sanaç- sanaç hoşysdan meger.*

*Güýç berer, barlyga dünýä gelmegim!*

*Jennet perilerniň saçlaryn daran,*

*Şirwan kokly görünmeýän darak men.*

*Duşuşykda daň şemaly ýralan,*

*Iki älemi çatyp bilýän ýürek men!*

*Men Bahar, dar dünýäň köňül köşgüne*

*Howa ýaly, ot, suw ýaly gerek men!*

*Nije aýralyklaň sähedin bozup,*

*Aşyklaň arzunda piýada kazy.*

*Iýnip geldim, gözlerinden barlygyň,*

*Düzen gaýmalarym hünji mysaly.*

*Köňüllere hut şem ýaly gerek men!*

*Men Bahar! Men geldim! Ýol beriň, gaçyň!*

*Döküp etegimden gülden buldumy.*

*Men geldim, ine, şol syrly, täk açar,*

*Şahyrlarda  goýupdym men kildimi.*

*Älem- u adamda bozup nyzamy,*

*Şer işleriň daňyp dala nogtasyn!*

*175*

*Men Bahar! Men ine, Bahar! Buşluk men Bahar!*

*Hoşum gidip, hut şu ilde togtadym!*

### ***Beýik Häzir!***

***“ Düýnem ýok, ertirem. Diňe beýik Häzir bar”***

***Pelsepeler ummanyndan***

*Häzirem, häzirem, häzirem şeýle,*

*“ Düýn ýok bolmaly- da” biz üçin eziz.*

*Ertirem gelmedi, gelmedi heniz.*

*Diýmek bar bolmaly ýeke hakykat:*

*Beýik Häzir!*

*Şonuň bardygy tagzym!*

Ýanyp dur dodaklar közi biziňki,

Ýer biline daňdy kelegaýyny...

Müň gezek gitdiň sen, müň bir dolandyň,

Diýmek sen ýene- de dolanaýmaly...

176

Ýaz gulpagyn açdy gämikleň seret,

Howlymyzda akja owlak bökjekläp.

Howuzdan suw çekýän ýüpüme kerep

Ördi kejdum...

Galdym yzyňy saklap...

Gül ýatagny baglap ýatan burjular,

Pyşyrdyma çymylgandan çykdylar.

Gerinşip asmandan gaçan damjadan

Şekil ýasap, surat çekdi şykgylar.

Beýik Häzir! Getir ýarym şalygna,

“ Howlyň germewlerin gül tutdy, gel” diý.

Alybersin posa bilen aryny,

Çiliň üstün bezäp, ýöresin pilli!

“Gel!” diý, haýyşt edýän Beýik Häzire!

Sesimiň taryndan alsyn adyny.

Ýeriň damarlarny ýaran gämige,

177

Bakyp gara gözi bilen, jadyly!

*Beýik Häzir!*
*Aman geldiň! Ýok aýbyň!*
*“Gitmek” düşünjesin aýryp gelewer!*
*Geçen bahar eken bagyň ýognanny,*
*Öz dilinde aýdyp bersin ene Ýer!*

***Golça küýzäň içine gygyrdym:***

*Heý, kim sen?*
*Nirede? Sesiň-ä tanyş...*
*Güwläp durmuň dawasynda çyn halyň?*
*Iniň gujak,boýuň ajap- bäş garyş,*
*Gizläp diwarlarda düýnüň pynhanyn...*

*Heý, kim sen?*
*178*
*Hiňleýär bedeniň bir heň,*
*Gana eýlenipmi toýun- palçygyň?*
*Şypaň çille,lezzetiňde bar melhem,*
*Kokuň basýar hoşroý ysyn dalçynyň...*

*Heý, kim sen? Sesimden ýaň sary barýan,*
*Kertilen diwarlaň köwläp bedenin?*
*Şam bilen sepleşip, daň sary barýan,*
*Jogaba ereýär ýumşak bedenim...*

*Heý, kim sen? Owazy arşa ilişen,*
*Nämeden ýasalan, syrly jisimiň?*
*“Golça küýze” bolsaňam sen il üçin,*

Meň üçin “Ynsan” seň asly isimiň...

Çölde diwanalaň ýagyrny- dalyn,
Heň çalyp, hekgerden,ýaň beren gülşen...
Heý,kim sen?
Heý, kim sen?
179
Keşgiň sesimi?
Ýa başga dünýäden sowal, ilişen?
Ugrunda ylgadyp,kyrk är,kyrk çilten,
Bogazyň tumakly, lebleriň bal suw,
Ýedi derýaň derdin göteren hem sen...
Heý, heý,heý, Hem sen!
Kim Sen?

### ***Ýönekeý ýodajyk***

Belki-de beýlebir gözel hem däldir,
Meni munça oda salary ýaly...
Ýöne ömrüň sahaplarna dolaýar,
Zordan ýaza çykan balary ýaly:

Ýaprak ýatyr...
180
Güýzem geçdi...
Gyş geldi edil aýralygyň hazany ýaly...
Belki- de Mejnunyň öňünden çykar,
Ol dyzyna çöküp, alary ýaly...

*Derekler çyzgyç deý durlar hatara,*
*Käte- de ussadyň galamy ýaly...*
*Birden- birden soňsuzlykdan ses gelýär,*
*Ylham perişdäniň habary ýaly...*

*Käte bir öwüsýär çapgyn,sowuk ýel,*
*Atanyň ogula gazaby ýaly...*
*Belki- de diýýändir: Git- de duýup gel,*
*Ýenäniň perzende azaby ýaly...*

*Belki- de beýle- de däldir bu ýoda,*
*Ussat şahyrlaryň ýazany ýaly...*

181

*Ýönekeýje bolsa bolubersin ol,*
*Ejemiň gamlyja gazaly ýaly...*

*Dylym- dylym edýär gökde bulutlar,*
*Şu ýodany tapyp ýazanym bäri...*
*Belki ýene geçer bu ýerden biri:*
*Meň şahyr ýüregmiň nazary ýaly...*

### ***Oturgyç***

*Mawy owurt bolup çaýkanýar deňiz,*
*Şeýle günler kenar köpük getirgiç...*
*Häsiýetine tanyş ene mysaly,*
*“Deňiz oglun” synlap otyr, Oturgyç.*

*Bulutlaryň çekgesinden çümmükläp,*
*Çarlaklar baharda oýun edergiç.*
*Ýelken dulugynda şemaly saklap...*
*182*
*Belki üşär öýdýändir- dä Oturgyç.*

*Hol daşda...*
*Bökjekläp, çilik oýnaýan*
*Çagalaň şowhuny göwni götergiç.*
*Aşyk- magşuklaryň syryn gizleýän,*
*Nätanyş deý syrly sandyk- Oturgyç...*

*Hon- ha gün asmandan sallanyp,*
*Misli*
*Diwara kakylan eşik ötürgiç.*
*Guwlar günüň öňündäki sahnadan*
*Uçup gelýär...*
*Tomaşaçy- Oturgyç.*

*Gyşyň ak şalyny üstüne atyp,*
*Kuýaşa garaşyp, geçdi öten gyş.*
*Belki- de bir ýalňyz bilen syrdaş ýa...*
*Oňa dynçlyk berendir şo-ol oturgyç.*
*183*
*Balykçy goja oň her gün höwri hem,*
*Ol hem daňyn çirim etmän atargyç...*
*Sanamaýan, geçýän, gelýän döwri hem,*
*Mamamyň öýi deý eziz...*

*Oturgyç...*

*Entegem kenarda, “Ogluny” “Synlap”...*

*Deňiz aýdym ýaly,*

*Köpük getirgiç.*

*Iki älem şatysyna döz gelip,*

*Ene deý, gadym hem juwan*

***El iňňe***

*Ol bir gün öýkeledi, galdy armanda:*

*“Mejnun hyrkasyndan sowa men” diýe...*

*Ol bir gün öýkeledi ýüpek gurçugnyň,*

*Saran sapaklaryn iýende güýe.*

*Ol bir gün öýkeledi: “ Näme üçin gyzlar,*

*184*

*Geçen günler ýaly, üýşenok ümä”*

*Soň bir gün öýkeledi: “Ýataýyn menem,*

*Gitsin bar zat täterime ýa güme”*

*Şol bir gün öýkeledi, tapman özüne,*

*Ýalňyz hossar hemem, näzik bir eýe.*

*Ol ýene öýkeledi: Mejnun hyrkasy*

*“Ellerme düşmedi,çatmadym” diýe.*

*“Mollanepes agaň jüpbesin bezäp,*

*Müň ýyl Margiana gatnadym” diýe.*

*“Öwdüler keşdäni, dony öwdüler,*

*Öwdüler ýüpegi, pile- de hasap.*

*Ýöne näme üçindir meni öwmegi,*

*Kyn görýärkä boýny ýogyn adamzat”*

*“Ýasama dyrnaga zyýan bermesin”*

Diýip ýüwsä: “Dynjyňy al” diýdiler.
Ynanmarsyň özüň baryp görmeseň,
Keşdeleri enjamlarda döwdüler.
Elbukjadan çykman, busup ýatmaga
Sabry hem karary galmady bir gün.
185
Käte horjundaky ýyrtygy “ýamap”
Sapaklaň içinde galgady göwün.
Dur indi, edeni geçdi enjama,
Geçdi bar zat, mahabata, dabara.
Uz ýöreýişleriň, syrly bakyşlaň,
Ählisinde bardy onuň goşandy.
Ýöne näme üçindir ony öwmäge,
Adamlara isleg bermändir beýle-
Allatagala?
Ol bir gün öýkeledi, ähli zatlardan,
Gözýäşlary poslatjakdy köňlüni.
Gije kirpik çatman, ýatman ak daňdan,
Gelnaljylaň ugradypdy telmini.
Ol bir gün öýkeledi: Ýokdy alajy,
Barybir kadasy, kanuny geçdi.
Tapman sabyr öz- özüne adamzat,
Ylymlary guçdy, älemi guçdy:
Ýöne näme üçindir ony öwmeklik
Onuň üçin asla ýürekgysgynçdy.
186
Ol bir gün öýkeledi: “Diňe tabyda
Geýjek geýmiň hijem çatmadym”diýe.
Ol bir gün öýkeledi:

*“ Meň gözüm bilen okadyň dünýäniň hatlaryn” diýe.*

*Ol bir gün öýkeledi: “Seniň şol dünýäň*

*Görünýär, görseňem zemin teýinden”*

*“Näme üçindir gaýtalaýaň onda sen:*

*“ Dünýä’ seret diýip, meniň gözümden”*

***187***

***S u d u r l a r  (Tapmaça goşgy)***

*Şemal gorkup agaçlara bukuldy m*

*Oýnara gelende ýaprakla r ahat,*

*Itüzümleň gözýaşlary döküld i ndi gözbäbekler*

*Ýatan deý ýerd  e daly gijeleň*

*Eşidilýär ah y myzganan güýzüň*

*Duýulýar derd i ndi sust sesinde*

*Ruhlar göýäk i mişleň ujunda sallanşyp durla r*

*Oýun y rgala n ahal deý kökle r uhlar bilen bile*

*Germelşip durlar r ebabyň*

*Küýsegi çekilýär dar a z galdy gyş bilen güýze wah*

*Ar a k bolmana*

*Taýýarlanşyp agaçla r işdesin buluda ildirip baka*

*Gitmek üçin göge germelşip durla r uhlar hem sudurlar*

*Ryzwan berişip bir- birege*

*Siňip çyrmaşyp durla r ahatlyk ýene- de alýar kalbym y*

*Z goýupdyr sary köýnek tenind*

*e derini bilmeýän deý hamana a k kepene*

*188*

*girmejek bolýan ýal y mykly bir bire saralyp, aglap,*

*bir bolmaga juda öwrenşipdirle r eňk neýlesin häzir*

*ol ýok toprakd a gzyndan bal dökýän ýaly hamana*

*kakan sanajyn a rzuw deý ganat dakyp duran şol*

*gadymky sudurla r ahat- rahat maňa öwrenşip*

*durla... r...r...r sudurlar*



***189***

***Garry Ruh...***

*Eý garry Ruh,Eleşan Ruh,S:arly Ruh*

*Hem syrly Ruh,Hem arly Ruh,Janly Ruh!*

*Käte ünji,Käte jedel,Käte ýaň,*

*Käte- de ýagyş deý Sust, kiparly Ruh!*

*Duran duralgaňdan,Ýatan külbäňden,*

*Käte şat bolar sen,Käte arly Ruh!*

*Sen nireden geldiň,Barýarsyň niräk?*

*Manydan tikilen hyrkaňy süýräp,*

*Armandan ýonulan hasaňmy ýa Sen,*

*Başga dünýäň syryn jemalna düýrlän?*

*Geleňde garrydyň, dünýedenem sen...*

*Geçdiň yşkdan, ýene gülbedenem sen.*

*Eý syrly Ruh, timarly Ruh, Ýerli Ruh,*

*Otagaň altyn hem, kümüş hem däldi,*

*Lokmaň aňrybaşam, iýmişem däldi,*

*Ýüpek, atlaz ,parça geýmişem däldiň,*

*Şonda- da dünýede örän barly Ruh!*

*Sazdan tarly, kölgäň ýarly,Ýa arşdan,*

***190***

*Taňry gatlaryndan, set müň gerişden,*

*Ýa ýitmiş sen, ýa dogmuş sen, giriş sen,*

*Iki älem merdiwanyň barmy , Ruh!*

*Gitmäge gelseňem, gitseň, gelersiň,*

*Ötmäge gelseňem, dertli tereňsiň,*

*Ýapmaga gelensiň ýeriň ýamasyn,*

*Aglasam aglansyň, gülsem, gülensiň,*

*Tenimde hiňňildik- bady münensiň!*

*Ýylgyrşyma temen, ajyma küme,*

*Sen dünýede boýun bolman hiç kime,*

*Ýazsam, galamymyň ujunda ýene,*

*Gudrat içre seň keremiň barmy Ruh!*

*Janly, janly, janly, hem heýjanly Ruh!*

*Dertlensem keşdäme taýýardyr çotgaň,*

*Kölgesiz bulutdan bölünip gopýaň,*

*Men seň gullugyňda ölerin hökman,*

*Ataşyň göwrämi odun deý ýakýan,*

*Ymgyr çölde hyrkaň etegin saklan,*

*Mejnun dälmi seniň dyzyňa çökýän,*

*191*

*Mundan beter ýüksek makam barmy Ruh?*

*Eý janly Ruh, kemally Ruh, hally Ruh!*

***ÝODAJYK***

*Aý astynda ýatan ýalnyz ýodajyk,*
*Ak gijede süýnüp gidýär, yüp ýaly.*
*Bir gowy zadyny halaýan onuň,*
*Öz üstünden yöretmeýär betpäli.*

*Bilmedim, kimlerin ýodasyka bu,*
*Ýa- da gamgyn kişi şöwür çekýärmi?*
*Gök gyrtyjyň aýagymy öl edip,*
*Gözyaşmyka, gözlerinden dökýäni?*

*Kän pikir açýaryn, bu ýoda hakda,*
*Jedelleşip, ýyldyz bary ýylgyrýar.*
*Birden gussa gaplap alsa kalbymy,*
*Ýodajygyň ýürek tary yrgyldar.*

*Şeýle pikir edip, ädimlerimi*
*Diňe ýodajyga basasym gelýär.*
*Ka gijeler ýodajygy ýüp edip,*
*Özümi şol ýüpden asasym gelýär.*

***192***
***SÖÝGI***

*Tamiz gijeleriň seçegin açyp,*
*Hyjuwlardan söhbet açyp bilmedik.*
*Saçlam agarýança gezdim garaşyp,*
*Sen gelmediň.*

*Gözlerim galsa- da ýoluňa bakyp,*
*Sowuk heňli aýdymlary diňledik.*
*"Diňläris" diýipdiň, näzijek aýdym,*
*Näzik aýdym diňlemäge gelmediň.*

*Ýyrtdym gijeleriň galyň perdesin,*
*Gözýaşlarmy ýassyk edip, iňledim.*
*Gelsediň, boljakdyň, derdime şypa,*
*Derdimem bitmedi, senem gelmediň.*

*Saralyp galypdyr, ilkinji hatlar,*

*Sowuk gülle degdi, sözler ölmedi.*
*Ähli pasyllar hem geldi- de, gitdi,*
*Ýöne sen gelmediň.*

*İndi hastarlar hem aýralyklar hem,*
*Otyr öňküsi deý, için hümledip.*
*Görüşdik…*
*Birdenkä…*
*Çuň hormat bilen,*
*Ýöne söýgi gelmedi...*

***193***

## ***GAPYMA***

*Gapym, ýönekeýje demirden gapym,*
*Sen bilýansiň, diňe meniň bilmeýän,*
*Hem meniň bu gije yşygmy ýakyp,*
*Kagyz ýaly owram- owram owradan*
*Ukymyň näme üçin gelmeýänini.*
*Bilýärsiň sen uzak sapardan soňra,*
*İlki gelip, sana salam berýänmi.*
*İlki saňa, ilki saňa, senden soň,*
*Özgeleri gidip, özüm görýänmi.*
*Hany aýt, ezizim, näzik şahyryň*
*Itden gözelini soraýşy ýaly,*
*Menem senden duýgularmy soraýyn,*
*Sen dillen hany.*
*Men uzak ülkede başga gapynyň*
*Açarny kisämde göterip ýörkäm,*
*Seniň açaryň hem ýöne ýatyrka,*
*Gapdalymda hiç bir zada gerek däl.*
*Bir uzyn boýly hem gözleri umman,*
*Manysy ertekiň gahrymany deý,*
*Bir ýigit geldimi, meni yzarlap,*
*Ol juda görmegeý, juda görmegeý.*
*Bir ýigit kakdymy demir süňňiňi,*
*Durup, durup pyşyrdadymy, saňa.*
*Ah demir topraklym, aýdyp bersene,*
*“Gürle” diyip, ýalbardymy ol sana?*
*Demir gapym, aýtsana sen, syrdamdyr,*
*Saçlarynda barmaklarmyň yzy bar.*
*Geleninde adimleri merdemdir,*
*Mahir ýodalary dökülip duran.*
*194*

*Yşykdan nur saçýan eziz ýüzi bar.*
*Gerdeni berdaşly üstünden kileň,*
*Sährań lälezarlygydyr kükeýän,*
*Omuzlary bulutlaryň Watanyn,*
*Sährany göterjek, ýük urup bilseň.*
*Kamys garly ýaýlalaryň aňyrsyn,*
*Söküp, söküp, söküp, söküp gelen ýar.*
*Maňa intizardyr, saňa intizar,*
*Bakyşlary akyp ýatan derýadyr,*
*Şol bakyşlaň merkeziniň içinde,*
*Göz içinde ýyldyz gujak gerýändir.*
*Dury çeşme ýaly kamaty bardyr,*
*Ellerinde maňa ýazan goşgusy.*
*Çemen getirerdi birmahallar- a,*
*Ýa bu gezek elleri hem boşmudy?*
*Sözle gapym, neneň- niçik halda ol,*
*Sözlesen- e ýa- da häzir ýolda ol,*
*Men taýa gelýärmi şemalar bilen,*
*Ýaşyl göwherini bagra basmana.*
*Sözle gapym, bir sen şaýat kysmata,*
*Men garaşaýynmy "Ýaz geler" diýip,*
*"Ýaz gelende, öýe ýar geler" diýip.*

***195***
***OBA GIDESIM GELÝÄR***
***(Jigim Selbijana)***

*Meň oba gidesim gelýär.*
*Güneş çyksa bulutlardan.*
*Aýakýalaň ylgan ýerlem*
*Daş ahyry unudardan.*

*Şähere sapyp bir ýany,*
*Barýar obam has ulalyp,*
*Ondaky kel peller indi,*
*Galdy baglyga duwlanyp.*

*Tawus guşuň ganaty deý,*
*Murgabyň suwy owadan.*
*Gojalaň gürrüňni diňläp,*
*Süýnüp gaýdýar ol obadan.*

*Meň oba gidesim gelýär,*
*Aýlanmaga şol ýerlere.*

*Gözýaşam bilen reňkläp,*
*Öwlüýäniň germewlerin.*

*Jiglermiň murty tabapdyr,*
*Ýigit çykypdyr ýegenim.*
*Obaň ýaşulylary bilen*
*Tirkeşýär indi doganym.*

*Meň oba gidesim gelýär,*
*Ýüregim kert- kemer meniň,*
*Enemleň köçesi meňzeş*
*Ertekisine enemiň.*
*196*

*Gije çyrlaklaň sesine,*
*Aýdym ýazasym gelýär meň.*
*Murgabyň mahmal mukamna*
*Bile ýuwaşja hiňlenip.*

*Ejem bilen gelnejemiň,*
*Gümür- ýamyryny diňläp*
*Oturmaga tam kölgede,*
*Meň oba gidesim gelýär.*

*Guzy- goýunlaň sesine,*
*Çäksiz simfoniýa diňläp,*
*Öňküden on esse beter,*
*Meň oba gidesim gelýär.*

*Ýürege ýapyşan gussa,*
*Aýt obam, haçan ýeňlär.*
*Gaýtaladygymça şo- o- ol söz:*
*Meň oba gidesim gelýär.*

*Durmuş haýran galaýmaly,*
*Gaýtalaýan, sözüm diňläň.*
*Şeýlebir küýsegler bilen,*
*Meň oba gidesim gelýär.*

*Obadan gelen ýegenim,*
*Gapdalymda goşgy diňläp,*
*Taşlap, şäherde doganyn,*
*Oň oba gidesi gelýär.*

*197*

## *MEN- Ä OBA GITJEK*

*Men- ä oba gitjek,oglumy alyp,*
*Gözellige öwrenişsin gözlerim.*
*Dańdan goňşularyň howzuna baryp,*
*Suw daşajak, nahallarna mellegiň.*

*...Ejemden soň... alçalar hem garrapdyr,*
*Gorlanypdyr,dym- dykyzja gölämiz.*
*Seýrek gelýän aýal doganlam ýaly,*
*Üzümleri selçeňläpdir teläriň.*

*Ýene- de göwrämi ýorunja busup,*
*Ot ýygyşyn gaýtalajak enemiň.*
*Sapagny ötürip bermegem lezzet*
*Kölegede, gözi uly temenniň.*

*Erkek doganymyň sözleri ýaly,*
*Dünýä mähir bilen haçan bakarka?*
*Abraýy galamdan gözledim ýördüm,*
*Başga zady dileg etmän Ýokarka...*

*Menem säher suw sepjek giň gujagna,*
*Çagalygmy bagra basan howlymyň.*
*Şükür, hiç sönmedik atam ojagna,*
*Mähri siňsin, ulalmaka oglumyň.*

*Men- ä oba gitjek, dynjymy aljak,*
*Görüp gaýtjak, maňkalyja jiglemmi.*
*Hemem gyz jigime hünjüjik alyp,*
*Sag bol aýtjak, hut şol öýde doglanna.*
*198*
*Tämiz saklawersin ejemiň öýün,*
*Işe gidip gelibersin, gelnejem.*
*Bäş- on günjük öý işlerni edeýin,*
*Hyzmatymy görsünler goý, meniňem.*

*Göçgünli kelleler bir mahal ýaşkak,*
*Okamaga äkelipdir, paýtagta.*
*Ýogsa, partygmyzy dakynyp, mäkäm,*
*Giderdik- le okuwdan soň pagta- da.*

*Men- ä oba gitjek, kölegeli tam,*
*Hem ejemiň ýerin tutan gelnimiz,*

*Bäş köçe aňyrda ýaşaýan atam,*
*Baý islärdi, paýtagtdan gelmegim.*

*Maňa azar bermäň, men oba gitjek,*
*Güňleç  şäher sesden  aljak dynjymy.*
*Sähralaň şemalna derdimi daňyp,*
*Şygyr ýazjak, söýgi hakda ünjüli.*

*Ýol- ýola, il- ile sapanda agşam,*
*Sygyrlaryň sürä gidip gelşini,*
*Synlaýyn- la biraz suratkeş ýaly,*
*Agşamara süri obaň gelşigi.*

*Goňşy gyzlar gözlerini süzüşip,*
*Diýýärler ogluma: "görmegeý ýigit".*
*Senem ýürek gyssa, gussa ilişip,*
*Şäheri birsellem taşlap oba git!*
*Men- ä oba gitjek, şu gün ýa ertir,*
*Köp boljak däl, gussalarym çogmasyn.*
*Arasynda käte baryp gaýdaýyn,*
*199*
*Eziz obam unutmasyn, dogmasyn.*
*Gündizki otla- da alyp petegi,*
*Synlap gitjek, sagy- soly, çar ýanym.*
*Şonda sähraň seçegine çolaşan,*
*Bedewler synlasyn, oba barýanym.*

*Ýaşyl baýyrlaram  meniň yzymdan*
*Galgap galsyn  müň bir reňkli şal ýaly.*
*Megerem şemallaň  içi gysandyr,*
*Olaram oňlarlar oba barýanym.*

*Täsin- le, otlynyň "şuwlap"gitmesi,*
*Sähraň ruhy kowalasa, yzymdan,*
*Gül tumarly sähram, närazy bolup,*
*Öýkeläp galmasyn, şahyr gyzyndan.*

*Men- ä oba gitjek, gözlem dynç alsyn,*
*Hem oglan doganym: "gel" diýýär, "ýygy".*
*Goý ýüregim derdin döksün, ynjalsyn,*
*Men oba gideýin, alyp oglumy.*

## *TOSLAMALAR*

*Seni näzik ýelleň ellerindäki ,*
*Tamdyralaň tarlaryndan soradym.*
*Seni beýik daglaň güllerindäki*
*Ak reňkiniň garlaryndan soradym.*
*200*
*Soradym, bulutlaň hasasy çümen,*
*Alpyň gerişlerniň sesýetiminden.*
*Ak deňiziň kenarynda oturan,*
*Aşyklaň aňladan wesýetimi sen?*

*Seni deňiz içre galdyrlan galaň,*
*Diwarynyň keseginden soradym.*
*Taryhyň ýüregne aýasyn basan,*
*Ýazyjylaň eserinden soradym.*

*Ýalňyzmy men, näme seni agtarýan,*
*Gezip ýörün, taý tapmadyk düňle deý.*
*Şahyrlaram jübütlikden hantama,*
*Gelşiksiz- a, jübüt ölmek dünýede.*

*Kim aglasyn, gideniňde yzyňda,*
*Eger söwer ýaryň bolmasa, diri?*
*Eý, şahyr, bu- da bir seniň taslamaň,*
*Ahyrsoňy, ahyrsoňy dünýeden,*
*Taslamasy, toslamasy albaýlap,*
*Alyp gidýär, alyp gidýär, şahyry.*

## *GÖZÜMDE GÖZÝAŞYŇ...*

*Gözümde gözýaşyň,*
*Kalbymda syryň,*
*Bu gijäni paýlaşýaryn seň bilen.*
*Aýralygyň ellerinde alaja,*
*Ol bizi ýüp deýin, örýär, towlaýar.*
*Ýene- de goýberýär,*
*Reňklermiz aýry,*
*201*
*Örüldik biz, aýryldyk,*
*Soň ýerine,*
*Soň jüpüne düşmedik*
*Alaja deý zyňyldyk.*
*Biz bir gül ýapragy bilen gunçadyk.*

*Sogrup aýyrdylar birek- birekden.*
*Sökdüler gunçalaň ýapraklaryny,*
*Baldagyndan soraman oň kimdigin.*
*Neneň ony gunça edenligini,*
*Damaryndan nem berip, hem dem berip,*
*Ömrüni ömrüne sapanlygyny,*
*Hiç kim soramady,*
*Ne gunçadan, ne ýaprakdan.*
*Alybam, ýaşaýyşyň jany suwa saldylar.*
*Ýöne baldak bir ýerlerde aglady,*
*Gunça bir ýerlerde az wagt gülläp,*
*Barybir...*
*Barybir ikisi olaň,*
*Aýralykda bolsalaram, bir günde,*
*Bir pursatjykda,*
*soldular.*

***SEN SAZ ÇALDYŇ...***

*Sen saz çaldyň,*
*Men oturyp agladym.*
*Bu saz arşyn perisine degişli.*
*Şol saz bilen gije- gündiz ýaşap men,*
*Ýyllar geçdi, şol saz bilen "görüşdim"*



*Sen saz çaldyň, ikimize bagyşlap,*
*Ol saz seniň maňa aýdan sözüňdi.*
*Aramyzda aýralyk däl, adam bar,*
*Owaz hem kesildi, heň hem üzüldi.*

*Ol saz yüreklere berdi melhemi*
*Ol meň yüregimde belent keremdi.*
*Ýyllar geçdi, "köşeşerin" öýdüp men,*
*Ýalňyşdym, tersine kalbym elendi.*

*Sen saz çaldyň, biz ikimiz hakynda,*
*Aýralygyň sazy bagrym dilmedi.*
*Bizi birleşdirýän ýeke- täk asman,*
*Hiç duşuryp, hiç duşuryp bilmedi.*

*Sen saz çaldyň, arş tutusyn paralap,*
*Söküp bolmaz uz- owadan keşde dek,*
*Görmek üçin daş bolsa- da aralyk,*

*Bir- birege söygümizi kesmedik.*

*Sen saz çaldyň... Men oturyp agladym,*
*Ol saz gurşap aldy, töwerekleri.*
*İkimiz ýatladyp ulus- illere*
*Uçduk gitdik jahyllygyň düzünde*
*Goşalanyp barýan kebelekleri.*

## ***BIZ SATAŞDYK***

*Biz sataşdyk, ýagyş ýagyp başlady.*
*Gaýalar ýuwuldy, güller görklendi.*
*Biz sataşdyk, leylisaçlaň telleri,*
*203*
*Akyp ýatan dag suwuna örklendi.*

*Biz sataşdyk,*
*Derelerde käkilik*
*Has dury saýrady, has mest saýrady.*
*Biz sataşdyk, bu owadan pursata*
*Günem biraz doňup galdy gaýrada.*

*Biz söýgiň gujagna gaýyp düşäýen,*
*Ýakyp barýan bir alawdyk, ataşdyk.*
*Bahar ýeli gülälegi guçanda,*
*Biz olary gaýtaladyk, sataşdyk.*

*Biz sataşdyk,*
*Dünýäň sallançagynda.*
*O sallançak öran batly üwreldi.*
*Birmahalky öykelän päk duýgymyz,*
*Täzeden dem alyp, ýene direldi.*

*Kuýaş bilen dag gerşiniň ýylmanak,*
*Yüzündäki surat ýaly gatyşdyk.*
*Biz gijeler bir- bireksiz ah çekip,*
*Şonuň üçin bu säherde sataşdyk.*

*Biz sataşdyk, ýodalaram birleşdi,*
*Baýyrlaram goşalandy monjuk deý.*
*Dünýe näme üçin aşyk sataşsa,*
*Önküdenem kejeňek sen, dänjik sen.*

*Biz sataşdyk,*
*Çünki biz bir ataşdyk.*

*Çabrap, çawlap ýer yüzünde tutaşdyk.*
*204*
*Hernä duýgylarmyz ýalan däl eken,*
*Şon üçinem sataşdyk biz, sataşdyk.*

***Sen maňa gül iýberipsiň...***

*Sen maňa gül iýberipsiň...*

*O gül kökün urar maňa,*

*Sen maňa gül iýberipsiň,*

*O gül ýaly oralmaga, saralmaga,*

*Gurşamaga...*

*Gözýaşlarmy seň ýüzüňe çaga ýaly çyrşamaga,*

*Sen maňa gül iýberipsiň...*

*Ganatly gül, reňki dürli...*

*Sen maňa gül iýberipsiň-*

*Bildirip dur meňkidigi...*

*Sen maňa gül iýberipsiň,*

*Köki gökde, daly - damar,*

*Hut eziz ol- haly- habar.*

*Barmaklarmyň arasynda akyp ýatan ýüpek ýaly,*

*205*

*Säher kölüň üstün basan dumandan bir gapak ýaly,*

*Sen maňa gül iýberipsiň - gyzyllary şapak ýaly.*

*Sen maňa gül iýberipsiň - reňkinden doýup bolmaýar,*

*Gapdalda goýup bolmaýar...*

*Käsämdäki çaýyň reňki - ýaňaklarynda oýnaýar...*

*Obamyň läle- reýhanyn ýatladyp, gül iýberipsiň!*

*Sowuk ülkede meýhanaň gijelerine güýmenip-*

*Sen maňa gül iýberipsiň...*

*Sen maňa gül iýberipsiň:*

*Iýberäýmänsiň- aýralyk...*

*Görsemem, setan - seýranda,*

*Derwüş kädiň keşdeleri -*

*Bar meniň hem çal öýmämde...*

*Ah, şalyma şemal çolan derdiň bilen öwrülipsiň-*

*Düýşümdemi, huşumdamy - sen maňa gül iýberipsiň...*

*Gijäniň seçeklerine basan halym- belki- de -ol,*

*Ýüregiňi diňe maňa- açan halyň belki - de ol?!*

*Ýa belki gowakda galan gussalaryň - teňlenipsiň...*

*Ýa ölümden eýmenipsiň-*

*206*

*Sen maňa gül iýberipsiň?!*

*Aldym!..*

*Ukyň arasynda,çatrygynda, çäresinde,*

*Janyň jan bolýan çagtynda,*

*Aňyň ä:m bolýan çagtynda...*

*Reňkin dökýän älemgoşar - sähel wagt küýlenipsiň!*

*Ýyllardyr garaşyp ýördüm -*

*Sen maňa gül iýberipsiň!*

## ***BIZ HAKDA...***

*Derýanyň düýbünde Aý doňup galdy,*
*Daň agaryp barýar gamyşlykda- da.*
*Çyrlaklaň yşk hakda simfoniýasy*
*Eşidilýän deý kenardaky hyşadan.*

*Kölüň şol köýnegi, ýeňleri ýaşyl,*
*Diňläp söýgi hakda süýji gepleri.*
*Ony daň atanda armana goýup*
*Uçup gidýär, goşa- goşa kepderi.*

*İkimiz bu kölüň  sergin kenaryn,*
*Syrdaş saýyp, pyşyrdaşyp, gülerdik.*
*Garryja garawul syryp kenary,*
*207*
*Kän geçerdi, biz ondan gizlenerdik.*

*Ýogsa bize zat diýjegem ýokdy- la,*
*Açmak islemedik söýgiň seplerin.*
*Yşgymyzy gursagynda gaýnadyp,*
*Agşam gaýdyp geldi meýdan kepderi.*

*Ýagyş ýagdy kölüň atlaz köýnegne,*
*Uzady asmanyň suwdan ýüpleri.*
*Kölüň kenarynda kän duýgy galdy,*
*Bu köl söýgimiziň ýazgy depderi.*

## *SENI GÖRMEDIM*

*Men seni görmedim, ýogsa ýyllaryň,*
*Agyr sallançagy ýatyr arada.*
*Ýöne men seň gözlerini ogşadym,*
*Hyýalda kän sözledim, sen barada.*

*Mana sataşmadyk seniň nazaryň,*
*Jady ataşmydy, bar syry aňýan.*
*Men sen taýa ýyllar söküp barsam hem,*
*Seni görmän gaytdym, ýeke salym ýar.*

*Sataşmadyk, bir şaherde bolsagam,*
*Köçelere seniň keşbiň siňipdir.*
*Asyl- asyl bulutlara seredýän,*
*Asmana mahirli yşgyň siňipdir.*

*Ýeller önki heňe "hinlenip otyr",*
*Daglar sallançaga salýar heňleri,*
*208*
*Şol garry tut için hümledip otyr,*
*Ýatladyp, seň bilen geçen günleri.*

*Men seni görmedim,*
*Ataş sowady.*
*Ýogsa garaşypdym, duşjakdygmyza.*
*Bir gujagyň için köşge öwürip,*
*Duýgy teňňelerin seçjekdigmize.*

*Ýene ýyllar aýralyga äkider,
Duşarysmy, duşmarysmy, kim bilýär?!
Men bir zady bilyan: Söygiň şalygna
Öňýeten aşyklar girip bilmeýär.*

*Söýgi bilen girip bolýar behişde,
Topraga, ahwala, yşk derýasyna.
Söýgi bilen girip bolýan gapyny,
Aýdaýyn söygülim, sen sanasan- a...*

*Belki onuň bilen girip bolýandyr,
Aşyklygyň gursagyna bakylyk.
Onuň bilen girseň, kitap gatyna,
Kyssa, goşga gerek däldir çakylyk.*

*Söýgi bilen girip bolýar ýaşlyga,
Ol asyrdan- asyrlara sygýandyr.
Ol  kuýaşa siňip, girse daglara,
Ýene bir gün daş astyndan çogýandyr.*

*Söýgi bilen wagtyň  gözünde galyp,
Ýyllaň depesinde täç boluň, ýeňiň!
209
Söýgi bilen bir- biregiň ýüregne,
Kalbyna, sesine, sözlerine siňiň!*

## *GALDY*

*Sesiň gelýär hem nepesiň gelip dur,
Saňa barýan ýollar uzag- a ýogsa,
Her hatyňy müň öpesim gelip dur,
Hem diýýän olary göge sowursam.*

*Neçüýn seniň duýgularyň ser- sepil,
Ýa bakyşyň elem- tas däl, ýa gamly.
Ýöne seniň şol gözleriň perdesi-
Meniň ebedilik ýadymda galdy.*

*Pyşyrdyň - aýdymmy, ýa- da däl aýdym,
Sen meni söýdüňmi, ýa- da men söýdüm.
Belki- de, belki- de duşmarys gaýdyp,
Bakyşlarmyz söýgiň dadynda galdy.*

*Görmegeýden gelen, kalbyň içgindi,*

*Ýalňyzlyk nowçalap, kalba nem siňdi,*
*Ýene- de ýene- de ýürek kemsindi,*
*Yşgymyz söýginiň odunda galdy.*

## *AŞYKLAR DERESI*

*Ellerimden tutýaň, aýlanýar dünýä,*
*Gözlerimden öpýäň, başym aýlanýar.*
*Aşyklar deresi yşgyň tagty ýa?*
*210*
*Ol asmana uçýar, ýerden saýlanýar.*

*Biz uçýarys, ýedi asman saýlana,*
*Periler- peýkerler elin salgaýar.*
*Söýgi gamisiniň ýelkenleri- de*
*Arşda akja ýaglyk ýaly galgaýar.*

*Bu ýerde güllerem sapagynda däl,*
*Kebelek deý öz- özleri uçup yör.*
*Agşamyň kuýaşam şapagynda däl,*
*Tirkeş- tirkeş bolup gonup- göçüp ýör.*

*Bu ýerde sähralar ör turup barýar,*
*Gülälekler gelip gonýar döşüňe.*
*Ölçelenok onda eden işleriň,*
*Soralanok onda seniň ýaşyňam.*

*Ellerimden tutup gidip barýarsyň,*
*Ýa dünýe aýlanýar, ýa biz uçýarys.*
*Ho- ol alysda galan goşa bulut deý,*
*Ýagmyr bolup bu barlykdan geçýäris.*

*Ellerimden tutýaň, başym aýlanýar,*
*Gözlerimi ýumýan, daşym aýlanýar.*
*Aşyklarda pursat, pasyl ýokmy ýa?*
*Daşymdan baharym, gyşym aýlanýar.*

*Biz derämiz bilen göge galýarys,*
*Ol ýerlerde mukam pessaý akyp dur.*
*Aşyklar deresi- tanap bilýäris,*
*Ol özüne şol dartyp dur, çekip dur.*

*211*
*Biz uçýarys,*
*Yetip barýas Arşa ýa,*

*Belki bizi gökde melek garşylar.*
*Ýa- ha biziň duýgularmyz behişdi,*
*Megerem, söýginiň özi Arşy ýa?!*

*Pikir gutarypdyr, diňe duýgy bar,*
*Aýralyk ýitipdir, diňe söýgi bar.*
*Duşamzok biz dünýäň mekir alyna,*
*Biz uçup barýarys söýgi şalygna.*

***BAŞGA***
*Geçip gider bu ukusyz gijeler,*
*Meni saňa, seni maňa ýatladyp.*
*Seni säher gelniň ugradar işe,*
*Öpüp, gözleriňden (gije ýatmadyk)*

*Meň näzimi çekendir bir goç ýigit,*
*Gussaly gözlerme seredip bir dem.*
*Soraman geçmişim, bagtly etmäge*
*Meň ykbalym boýun alandyr, merdem.*

*Seni ogullaryň garşylar gelseň,*
*Meň oglumam ýollaryma garaşar.*
*Ýene ýetip geler ukusyz gije,*
*Ne- hä sala salar, ne- de soraşar...*

*Ýene ýyldyz paýrar, duýgularyma,*
*Enäni ýatladýan Aýa öwrülip,*
*İkimiz hyýalda ýene uçarys,*
*Asmanda başga bir taýa öwrülip.*
*212*
***ÝAGYŞ ÝAGSA...***

*Ýagyş ýagsa, seni göresim gelýär,*
*Bulduraýar, şildireýär damjalar.*
*Ýagyş ýagsa, öz ysyndan utanyp,*
*Biýaraň içine çümýär zamçalar.*

*Ýagyş ýagsa, ýeriň ysy kükeýär,*
*Bu toprakda mähremlermiň köki bar.*
*Ýagyş ýagsa, şolaň ysy burugsap,*
*Ähli hoşboý yslar gyra çekilýär.*

*Ýagyş ýagsa, aýdym ýagýan ýaly- la,*
*Dowamata dowam beryän heň döräp.*
*Ýagyş ýagsa, ýeke özüm däli däl,*

*Heň döredýän, heňler kändir seňselän.*

*Ýagyş ýagsa, dünýäň ýüzi üýtgeýär,*
*Şahyr dostlam gapdalymda bar ýaly,*
*Ýagyş uzyn tary gadym tamdyraň,*
*Dymyşlyk ýaýradyp, ýagmaz gar ýaly.*

*Ýagyş ýagsa, seni göresim gelýär,*
*Ellerimi ysgan wagtyň gül saýyp,*
*Şol pursata gaýdyp gelesim gelýär,*
*Duýgularym nepislenýär günsaýyn.*

*Ýagyş ýagsa, sen ellerim ysgasaň,*
*Menem Ýeriň ysy edäýse beýhuş.*
*Biýaralaň aşagynda zamçalar,*
*Jyklaşyp ýatsalar utanyp, eý- how...*

***213***
## ***IKIMIZ ÜÇIN***

*Ol gün Gün dogupdy ikimiz üçin*
*Bar zatlar gowudy  ikimiz üçin.*
*Serhetler döwükdi, köňül keýikdi,*
*Uçuşlar beýikdi, ikimiz üçin.*

*Ýeller Ýeriň arkasynda  duwlandy,*
*Yşgyň ýeli içimizde towlandy.*
*Seň özüň däl, duýgularyň towlandy.*
*A men  kän oýlandym, ikimiz üçin.*

*Agladym, agyma goşuldy umman,*
*Gözýaşlarym ýolda galdy ýuwulman.*
*Mende- de, şo- ol senden galan göwün bar,*
*Yşk ýeli uwlady ikimiz üçin.*

*Aýralyk gapysyn açyp başlady,*
*Bala batan, ýagty günler daşdady.*
*Öýkelän yşgymyz bizi taşlady,*
*Ol indi ýakyn däl, ikimiz üçin.*

## ***SURAT***

*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä...*
*Däkän- saçan ýyldyzlaryň içinde,*
*Gözlerime garap, sözleriň süýjäp,*

Hiç syrylmaz dert galdyrdyň içimde.

Söze erk edemde, dodagym ýapdyň,
214
“Bilýän...” diýdiň, düşünipdiň sözlerme.
Bu bahar syrymyz gizläp bilmedik,
Ýetişmedik ýaglyk daňyp,“gözdaňdy“
Oýnamaga, ýyldyzlaryň gözlerne...

Bu bahar syrymyz paş boldy gijä,
Leblerimden dökülende bal suwy...
Sallanjyrap depeden Aý gelinçä,
Hem yşgym aglady çäksiz gam syzyp...

Bu bahar syrymyz paş boldy gijä,
Ýyldyzlaň gözleri açyk daňa çen.
Bu bahar ýene- de syrymyz süýjär,
Arşdan gelýän yşgym ýaýrar ýaňa çen...

Bu bahar syrymyz paş boldy gijä...
Asmandan syrygan perde galgady.
Yşgyň howry göwräň daşyna güýjäp,
Ygtyýarmyz bu zeminde galmady...

## ***MOZAIKA***

Megerem, dünýämi açyp giderin,
Sensiz dünýäň basga bir ýat künjüne,
Seni agtarmaga gaçyp giderin.
Giderin men, sen bolsaňam ýanymda,
Seni agtarmaga özümde ýasan,
“Senimi” tapmaga basga ýerlerden.
Eger öz kalbyňdan maňa ýer berseň,
215
Hem gudrata ynanyp bu dünýede,
Başga- başga mekanlarda ýerlesen.
Başgalara ýanyňdan ýer bermeseň,
Men seniň dünýäňde bardyryn, bilgin,
Su pursat men saňa ýardyryn bilgin.
Boşluga galgatsam, gamgyn gollarym
Çydaman men umman bolup oňüňde,
Sen dünýäniň allaryna ynanyp,
Hem derdiňi şonuñ bilen ýeñledip,
Gidäýjekdiň,

*Meni taşlap bir ýana,*
*Hem söýmäge öz naşyja hyýalyň.*
*Eger, saňa söýgi jeza bermese,*
*Hem seni  saklaman, boşatsa, söýgim.*
*Eglenme dünýämde parlak ýyldyzym,*
*Git süýnüp.*
*Men kararsyz älem içre galaryn,*
*Belki- de seýledir meniň täleýim.*
*Ýaşamalydyryn soňra sensizem,*
*Men dünýede bir boş göwrä öwrülip,*
*Sensiz, sensiz, sensiz, sensiz galaýyn.*
*Aglap ýürek ezýet cekse bilginiň,*
*Seni bir ýerlerde ideýänimi.*
*Tapyp bu dünýede idealymy,*
*Ony özüm, özüm ücin ýitirip,*
*Şeýdip özüm, şeýdip, hamana ümsüm,*
*"Ýasaryn söýgimiň mozaikasyn"*
*Seni senden aýyrmaga hetdim ýok,*
*Hasabym ýok, seň ýanyňda galmaga.*
*Saňa taý bolmaga meniň keşbim ýok,*
*Hem ykbalyň öz ýanyma almaga,*
*Hukugym ýok,*
*216*
*Men nädeýin, mähriban,*
*Şahyr diýilýäni bir geň jemende,*
*Sensiz ýaşajagyma ynjama menden.*
*Göwnüme baglaryn ümsüm hasratyn*
*Başa çekip öz dünýäme giderin,*
*Özümi saýlaryn owadan dünýäň,*
*Hyýalynda galan duýgularyndan.*
*Maňa, goý, diýsinler "betbagt şahyr"*
*Hem yzymdan gep baryny etsinler.*
*Setirlerim kimdigimi aýdar meň,*
*Ýene müň asyrdan sözüm öpsünler.*
*Ýaşlygymy ýitirmäge giderin,*
*Seň söýgiňde ýitip- ýitip bir zaman.*
*Sen maňa ýene- de ezýet berersiň,*
*Telefonda dem alyp, hiç gürlemän,*
*Diňlärsiň, gowräňem darygar şonda,*
*Ýer tapman janyňa üýtgär şol keşbiň.*
*Hasrata goşulyp ýarylar şonda,*
*Pyntygyň icinde süýjän şol yşgym.*
*Seniň göwräň  sarsar, gözleriň üýtgär,*
*Boş meýdan görüner garaýyşlaňda,*
*Şonda näzijek hem owadan şemal,*
*Saňa salam elter gara gyşlardan.*

*Söýýänligim üçin bagyşla meni,*
*“Men seni hasrata görmerin rowa”*
*Ýolsuz ýodalarda elimi salgap,*
*Aglaryn,*
*Belki- de ýüregim sowar,*
*“Seni ynjytmakdan utansyn ykbal!”*
*Ene- de gaşyňa barasym geler,*
*Leblerňe- lebimi degirip, ysgap,*
*Aýdaryn: “Meň  seni göresim geler”.*
*217*
*Ýuwdynarsyň, şol oňküje bolşuň  deý,*
*Hem dünýeden söz gözlärsiň, tapmarsyň.*
*Meň söýgime jogap bermäň  ýerine,*
*Ene aglarsyň  sen, ýazan hatlaňda.*
*Sensizlige hic öwrenşip bilmesem,*
*Hatdan dolar şol köneje tahylym.*
*Ýöne sowap gitmek üçin yşgymy,*
*Saňa golaýlatman goýmak ahyry,*
*Meniň maksadym.*
*Seň bagtly bolmagyň  bu giň dünýede,*
*Sen betbagtlygydyň,  uly şahyryň.*
*Maksadym, göwnüňe gül eksin ýaryň,*
*Hem seni  aýasyn, men deýin söýüp.*
*Seň keşbiňde öz dünýämi görýänim,*
*Hem seň  gapdalyňda bolýanym   ücin,*
*Onuň  saňa garaýşyny syzaryn.*
*Göwnümi döwmäge ýetmedik güýjüň*
*Bilen, onuň yhlasyny doweniň.*
*Mana ezýet berer, düşün, söýgülim,*
*Sensiz bu hasratyň yzasy agyr.*
*Agyr, agyr, agyr eken söýgülim.*
*Erkiň  bilen taşla gaşlary ýaýyň,*
*Sensizlige kyn bolsa- da, çydaryn,*
*Çydaryn, gözleriň  görmezlige- de.*
*Ýöne men bir zada çydaman öýdýän,*
*Meni taşlamaga dözmejegiňe.*
*Men ýalňyz däl ahyr, şygrym bar meniň,*
*Senim bar, göwrämde baky ýaşajak.*
*Yşgymy aýajak höwrüm bar menin.*
*Eý, meniň  görmegeý, keýipsiz, naşyjam*
*Çyda.*
*Kysmat ýowuz, bu ýollar inçe,*
*218*
*Çyda.*
*Söýgi hasrat bilen doglandyr.*
*Men seni ulaltdym öz söýgim bilen,*

*Sen bir mahal, men söýmänkäm oglandyñ.*
*Söýgi adam bilen adamyñ parhyn,*
*Saýlaýan bir ýoldur, hasratly ýoldur.*
*Sen öz ykbalyñda, öz göwün dünýäñ,*
*Owadan duýgudan, yşkdan doldur.*
*Şonda...*
*Dine şonda duşünersiň sen,*
*Ykbalyñda bir şahyryn sözlerne,*
*Gos- goýu, owadan syýa bolanňa.*
*Hem bir pursat onuň ýalňyz ykbalna,*
*Sarsmaz binýat bilen gala bolanňa.*
*Söý!*
*"Yşk owal,*
*Ahli  zat soňdyr!"*
*Meniň şu sözlermi beýniňde doňdur.*
*Men başga bir ada göçüp giderin,*
*Söýüp ýaşamany öwredip saňa.*
*Seniň ykbalyňdan öçüp giderin.*
*"Giderin men, ýöräp ýerden- asmandan,*
*Giderin men nirädigi hökman däl".*

## ***KÖSENDIM***

*Men gargany, gazy tapman kösendim,*
*Aýdym- saza bir mahallar uçupdyr.*
*Men baglarda sazy tapman kösendim,*
*Ýapraklar ýagmyra, ýele gaçypdyr.*
*219*
*Men bilbili, güli tapman kösendim,*
*Yşgyň ýok ýerinde bilbil neýlesin.*
*Güýzüň sulbasyndan jyklan bulutlar,*
*Galgadyp gidipdir, sary öýmesin.*

*Men owazy- heňi tapman kösendim,*
*Owaz näme işlesin, tary bolmasa.*
*Bu ýerde bir aşyk görüp bilmedim,*
*Aşyk näme işlesin, ýary bolmasa.*

*Men arzuw- hyýaly tapman kösendim,*
*Umydyň göçenne ýyllar geçipdir.*
*Men gojaman ýaby tapman kösendim,*
*Bir- birine birigipdir, geçitler.*

*Men peýkeriň özün tapman kösendim,*

*Ertekä ynanman ýörler, körpeler.*
*Men hyýalyň kärin tapman kösendim,*
*Hany ýagty günler, yşkly  erteler.*

*Men ne aýralygy, ne yşgy tapdym,*
*Geçip gidip, goja talyň duşundan.*
*Asyl yşgyň özün görmän ekenim,*
*Men muny soň- soňlar bildim, kösendim.*

*Men kemerli dagy tapman kösendim,*
*Döşünde mertligiň gaýmagy ýatan.*
*Men bir läle- reýhan çölden kesindi,*
*Meniň bu göwrämde ýerleşýär, watan.*

*Men umydyň özün tapman kösendim,*
*220*
*Men hyýalyň halyn tapman peseldim.*
*Indem ýat howluda çugtdyryp, bir dem,*
*Duýgularmyň tabyn tapman kösendim.*

*Ilik- düwme edip, seriminň köşgün,*
*Eserlermi bir ýanyndan taraşlap...*
*Tapmadyklarymy saýlap bir ýana,*
*Eser ýazdym, tapanlarma bagyşlap.*

*Men kagyz tapsam- a tapmadym galam,*
*Galam tapsam, kagyz tapman kösendim.*
*Çyn sözlesem, üstün çykdy şol ýalan,*
*Ýalan sözläp, özüm tapman kösendim.*

*Güýz bilen ýaşadym,gyşy geçirdim,*
*Öz baharym- ýazym tapman kösendim.*
*Duýgulary meň duýgyma baglany,*
*Pikiri pikirme, pelsepe, päli, hyýaly,ykbaly,*
*Arzuw- umydy, göwresi göwräme, seri- serime,*
*Yşgy yşgym içre aglap biläýni,*
*Görmegeý, keremli, duýgusy kenek.*
*Kesbi kyýamata çenli janserek,*
*Kese seredende müň peri aşyk,*
*Gözlere bakanda hut Ýusup boljak,*
*Öz göwnüme jaýy tapman, kösendim.*

*221*
***SÖÝGI PERISINIŇ HATY***

*Sen meniň şazadam, ruhumyň güýji,*
*Giň deräniň peleňine deňedim.*
*Aýdyňlyga sary, maksadyň bary,*
*Şoň üçinem aýdymlarňy diňledim.*

*Sesiň gursagyma ýag bolup siňdi,*
*Kerem doly kalbyň kuýaş nura deň.*
*Dag bürgüdi kysmy kamatyň bilen,*
*Algyr bolup, alyslara ugradyň.*

*Maňa ylham berdi garaýyşlaryň,*
*Kowdy köňüldäki gara gyşlary.*
*Mert meňziňe çekilgi dur suraty,*
*Kynçylykda başyň çaraýyşlaryň.*

*Maňa ganat berdi, seniň sözleriň,*
*Ol ganatlar gyrylmadyk perlidir.*
*Aýlawlarda aty çykan şazadam,*
*Gyrmyz donuň guşaklary zerlidir.*

*Kamatyň bar, nurly sözüň aşygy,*
*Pederleriň ýollarydyr ýollaryň.*
*Näzli ýar öňünde çytman gaşyňy,*
*Gerdiň oňa gerçek- ganat gollaryň.*

*Dag bürgüdi, gaýalardan güýç alan,*
*Dereleň güllerin ysgap ulaldyň.*
*Dogumňa bäs gelmän, jülgeler söküp,*
*Ýagyşly ýaýlada ylgap ulaldyň.*
*222*
*Maýsalaň gulpagy eliňi küýsär,*
*Ter sähraň gujagy demiňi küýsär,*
*Ulaldyň, çaýlaryň diňläp sesini,*
*Käkilik gaýtalan heňiňi küýsär.*

*Sen meniň şazadam, ruhumyň güýji,*
*Sözleň güwwüldisin diňläp ulaldyň.*
*Atalaň arzuwy, eneleň genji,*
*Olaryň özüne meňzäp ulaldyň.*

*Maňa ganat berdi, seniň mertebäň,*
*Ýagyşly baharlar guýduň ýürege.*

*Çala gussa batsa, mähriň gaýgyrman,*
*“Ganatyň bar ahyr” diýdiň ýürege.*

*Eý, meniň şazadam, ruhumyň güýji,*
*Gerçek gerçekligi senden öwrensin.*
*İn beýik güýç ahyr, söýginiň güýji,*
*Gözeller söýmegi menden öwrensin!*

## ***ÝÜREGI  DIŇLÄŇ***

*Ýüregi dinläň.*
*Ýürek- ýeňişleriň watanymyka?!*
*Ýeňse, gujurlanýar, ýeňse gülleýär.*
*Söýgi dünýäň özi ýaly bitewı,*
*Soň üçinem aýdymlarny diňledim.*

*Söýgi dünýäň özi ýaly bitewi,*
*Söküp bormy söýgiň gaýan gaýmasyn.*
*Meger, bölünýän zat ýüregiň özi,*
*223*
*Bölüp bolmaz söýgiň şatlyk- gaýgysyn.*

*Söýgi ýeke- täkdir Ýerin ýüzünde,*
*Söýgi- jany özgäň janynda goýmak.*
*Ýöne esasy zat ömür dowamda,*
*Ýürek bilen söymek, şoň bilen köýmek.*

*İlkinji söýginiň Watanydyr ol,*
*Onda ähli zada orun tapylar.*
*Käte diňlaň ahyr ýüreklerňizi,*
*Onuň diwarlary- açyk gapylar.*

*Ony aýaň mydam geldi- geçerden,*
*Onuň sesin diňlaň, ýaşamak üçin.*
*Kamillige barýan ýolundan saklap,*
*Güýmemäň, gözleri ýaşlamak üçin.*

*Dinläň, kyn bolsa- da ýürekleriňizi,*
*Söýsün, ýeňsin, päk niýetin oňlaň siz.*
*Ýöne azaşmasyn duýgularyňyz,*
*Şoň üçinem ýüregňizi diňläň siz.*

## *“SEN GELDIŇ- DE GARYP KÖŇLÜM BAÝ ETDIŇ...”*

*G. Ezizowdan.*

*Sen geldiň, şo pursat giňedi dünýäm,*
*Arzuwlarym kebelege öwrüldi.*
*224*
*Elleriňden tutup, seni getirýän*
*Duýgularym ap- ak durna öwrüldi.*

*Sen geldiň, şo pursat ýaňlanyp gitdi,*
*Ýönekeýje öýde, beýik bir nama.*
*Megerem, mähriňe suwsap gidipdim,*
*Meni umma zyňdy beýik hyýallar.*

*Sen geldiň, açyldy aýnalarymyz,*
*Goňşular ýylgyryş gördi gözümde.*
*O nähili ykbal, ýekeje adam,*
*Bagtly edýär meni ýeriň ýüzünde?!*

*Sen geldiň, nur girdi öýüň törüne,*
*Gapym kejebäniň perdesi misli.*
*Müň tarapdan pyşyrdylar ilişip,*
*Şemal öňküdenem ýygjam öwüsdi.*

*“Sen geldiň- de garyp köňlüm baý etdiň,*
*Ýöne näme üçindir, ynjalygym ýok.*
*Sen maňa bagt berdiň, örän ullakan,*
*Ony nädip gorajagmy bilemok.”*

## *SEN UKA GIDEŇDE*

*Sen uka gideňde, älemiň üýni,*
*Ümsümligiň saýasynda bukuldy.*
*Sen uka gideňde baglaň hasraty,*
*Gyraw bolup, symgylt sähra döküldi.*

*Sen uka gideňde,*
*Yşgyň ýelleri,*
*225*
*Öwrüldi ullakan, giň sallançaga.*
*Sen uka gideňde  zemin ýelleri*
*Şahada garaşdy, kän sallanjyrap...*

*Sen uka gideňde, syrlar azaldy,*
*Derýa reňk gözleriň hanalarynda.*
*Seň uka giderňe garaşýan eken,*
*Meniň gussalarym täzelendiler.*

*Sen uka gideňde,*
*Süýji sözleriň dodakda "özlerin ýitiriberdi."*
*Sen uka gideňde, ýylgyryşlaryň*
*Ýaňagyňa "çöküp oturyberdi".*

*Sen uka gideňde...*
*Dymdy ýüregim,*
*Asudalyk hopukdyrdy bir pursat.*
*Sen uka gideňde,*
*Ýalňyz diregim,*
*Bakylyga garşy ýöneldi gursak...*

## ***BU GIJELER***

*Bu gijeler ýarsyz galdy,*
*Çyragsyz, dogasyz galdy,*
*Neçün ýar meni ynjytdy?*
*Onuñ köñli arsyz galdy.*

*Sökdüm nagyşly çölüni*
*Ataşa ýakyp, tenini,*
*Sähraň sahraýy gelini ,*

*Dünýede kararsyz galdy.*

*Garaş diýdim, seslerime.*
*Aýyň erän kesmegine,*
*Suwly ýabuñ kenarynda,*
*Gijäniñ kereşmesine.*

*Bu gijeler ýarsyz galdy,*
*Çyragsyz, kararsyz galdy.*
*Neçün ýar meni ynjytdy?*
*Oň köňli aramsyz galdy...*

## ***MEN BAHARYŇ TARY***

*Önürtdi ýazlaryň jadyly yagşy,*
*Söýgi owuz süýdi kimin bişipdir.*
*Sülgün jüýjeleri ýaly her ýana,*

*Çigildemler pytyrapdyr, süýşüpdir.*

*Gelin kömelegi,öwreniş maňa,*
*Men baharyň tary, adym hem bahar.*
*Ho- ol depäniň gujagynda gyşlaýan,*
*Gar gülün oýardym, sypalap, ogşap.*

*Ümür nikabyny serper yzyna,*
*Guşlar ýat ülkeden dolanyp geler.*
*Barybir sahrany söýen gyzyňa,*
*Seniň  aydymlaryň owazy siňer.*

*Çemin  tapsa,keýik  jyklar bir kertden,*
*Ony öwrenişdirmek gara görgüdir.*
*Goşgularym  bahar  gelse, durnalaň,*
*Gaýdyp geljek ýollaryna çelgidir.*


***GÖZELLIGIŇ YŞKYNDA***

*Açyň  ýürekdäki täsin syrlary,*
*Size bagt paýlar söýgiň  adyndan.*
*Tapyp,iň  mahriban,süýji sözleri,*
*Gözellik hakynda sözläň,adamlar!*

*Gözellige aşyk göwnüm bar meniň,*
*Göwnüm diňe onuň guran köşgünde.*
*Gözlerimde söýüp bilýän güýjüm bar,*
*Şoň üçin men gözelligiň yşgynda.*

*Ýyldyzly gijeleň  nurun ýassanyp,*
*Gyşlaryň  ýyldyzly garyn ýassanyp,*
*Gözelligiň  ykbaly bar ömürde,*
*Tasin ahwallara sary gyssanyp.*

*Bossanlar jorasy güller nikapmy?*
*Meň aşygym nazarymy okapmy?*
*Gözi nemli şatlyk alar çeşmimden,*
*Ýüregimden şatlyk alar tukatly.*

*Gözellikden dem alyp dur ýaşaýyş,*
*Bilýärin men,gözellikden ýadalmaz.*
*Şoň  üçin men gözelligiň  yşgynda,*
*Gözellik hakynda sözlaň  adamlar.*

*228*
## *GÜLLER DÜNÝÄSI*

*Yöräp barýan,nazar salýan edaly,*
*Seyilgahiň gülli, gunçaly agzy.*
*Gül-gunçalar bir- birine näz edýär,*
*Has süýjeýär guşlaň,säherki labzy.*

*Bir günüň içinde howa üýtgeýär,*
*Bir günde aylanýar, asmanyň başy.*
*Asman seyilgähe meňzeýär häzir,*
*Bu ýagdaýlar baharlaryň gözbaşy.*

*Ylgap barýar daňyň säher şemaly,*
*Eteginden gül dökülýär zemine.*
*Bu güller deňziniň ýokdur kenary,*
*Çüwdürimler meňzeş,güýçli zehine.*

*Bu owadan guşlar Arşdan geldimi?*
*Gör- ä juda nazik gülleň baldagy.*
*Unudýaň sen, galamdygyň, güldügiň,*
*Elleriňde saklap, ýazýan zadyňy.*

*Ylham çogýar,*
*Asman zemine gonýar.*
*Zemin başyn goýýar, Arşy- aglaýa.*
*Gül bolup göterlip, arzuw- hyýalym,*
*Ýukajyk öýme deý, gökde galgaýar.*

*Gül ýagdyr tebigat asmandan ýere,*
*Bahar geleninde gyzyl çog bolup,*
*Güller Arşyň aşyklara sowgady,*
*Gül geler asmandan gysga çag bolup.*
*229*
## *GÖRSENE*

*Görsene,*
*Ýyldyzlar öçüp gidipdir.*
*Aý agyllap,alyslardan jyklaýar.*
*Penjiraň öňüne seçip gidipdir,*
*Keşde ýaly ýyldyz hünji akja gar.*

*Daň agarýar,*
*İki aşyk kalbynda,*
*İki yürek urgusynda bir saz bar.*
*Eşitmedim,yşk hakda şeýle jümläni:*

“Yşk uransoň, munda özün dürsän bar”.

Ukusyz gijeler geçip gidipdir,
Gujagynda söýülip hem söýdirip.
Daňyň ýyldyzlary öçüp gidipdir,
Aýam “çyralarny” barýar, “söndürip”.

Her kişiniň öz gitmeli yoly bar,
Her adamyň öz taby,öz päli bar.
Wepaly, ygrarly, geçegçi pursat,
Bilmersiň çyn dünýäň ne hyýaly bar.

## TEBIGAT

Baglar başyn egip,arasyn açar,
Selçeňleşer gülleň gülgün başlary.
Şemal geň- aň hallar bolup öwüser,
Darap, çözüp bulutlaryň saçlaryn.
230
Güýzüň atyr ysly merdiwanyndan,
Ýaprak gaçyp, raks oýnar- da,pyrlanar.
Güýzüň asmanynda,ýel- dumanynda,
Setir düzüp, geçip gider durnalar.

Sary keteni deý, zolakly pelde,
Tüweleýler görkezer öz boýlaryn.
Agaçlar bar sahawatyn eçilip,
Ýapraklar ýaplaryň “ýalar” gaýmagyn.

Asyl- asyl bolup,gögün yüzüni,
Apbasy deý bezär ala bulutlar.
Yaşlap yaşyl donly gögüň gözüni,
Bakylyga siňip barýar, umytlar.

Tebigatym meniň asyl düşegim,
Seniň birje pyntygyň men, dänäň men.
Perzendi men garabagyr enemiň,
Eziz obam, seniň naçar läläň men.

## DAG JÜLGESI

Otlaryň üstüne özüm tandirýän,
“Ümür bu jülgeden suw bolup akýar.”

*Çuňlugyň ruhyna çümen gamigim,*
*Çagalyk düýşümden ýylgyryp bakýar.*

*Yürekde şatlygy çagalyk düýşüň,*
*Hol gaýrada garry töňňe ýanypdyr.*
*Arçalykdan iki ädim aňyrda,*
*Dag ýodasy surat bolup galypdyr.*
*231*
*Enteklerem syrdaş edip durnany,*
*Düýşde galan gykuwlarna sygmanym,*
*Dag jülgesi, haýpyň gelsin janyma,*
*Yaňlarynda "seslerimiň ylgany".*

*Bili bir gysymjyk owazy diňlän,*
*Gudratdanmy çeşmäň şildiremesi.*
*Ýa ol sen hakdaky sözi eşdipmi,*
*Nameden gülleriň sülmüremesi?*

*Ýa- da aýralygyň sesin diňlapmi,*
*Nämedenkä turaç saýrar mesgeniň.*
*Ertekidäki deý, çeşmäň düýbünde,*
*Balygyň agzynda "gaýnaýar" demiň.*

*Ýa- da döwüň jany barmy küýzede,*
*Köpürjik- köpürjik suwuň ýüregi?*
*...Sowallarma jogap tapyp gelýänçäm,*
*Dag jülgesi, her gün saňa gelerin.*

## *MEÝDAN*

*Sen şermende däl meýdanym,*
*Sen däli meýdan,*
*Ümüriň çygyna pyssarypdyr,şam.*
*Arkaýyn,bedäniň düýbüni deşip,*
*Ýalmawuzlar otyr, hekgerişip.*

*Şapak balyk ýaly, hol ýitip barýar,*
*Üstüňe gaçjakdan, ykmanda bulut.*
*Alahekik howsalany paýradar,*
*232*
*Dünýäň gullugynda şuguılçy bolup.*

*Onda- da otyrsyň, watansyz guwa,*
*Gujagyňdan ýer görkezip,desmal deý.*
*Otlaryn üstünden galanda dumany,*

*Ýorgan edip, mawy ýorgan- asman deý.*

*Laçynyňy gyrgu urdy, dymýarsyň,*
*Besse- besse sülgün galýar, asmana.*
*Allanyň gözünde özüň dyňzarsyň,*
*Çydamarsyň, bahar bolup ýatmana.*

***PERWANA***

*Ýüregimden daň çyzyldy,*
*Aňymda agram çyzylar.*
*Meni unudan günüňden,*
*Gursakdaky ýaň çyzylar.*

*Men- üzülip gaçdymmy ýa,*
*Senden ara açdymmy ýa?*
*Asmana uzan kalbymy*
*İndi nirä açsaň bolýa.*

*Kagyzlarda sözüm galar,*
*Ak ýaýlada gözüm galar.*
*Seniň ýap- ýaşyl gözleňde*
*Aglap duran ýüzüm galar.*
*233*
*Öň- öňler, indi- indiler,*
*Ol seni söýýär diýdiler.*
*Mähir goşaryn sypdyran,*
*Sowap gidipdir didelem.*

*Hoş,göwnümiň pelsepesi,*
*Çawuşlarňa çakyşdym men.*
*Pyrlanyp hyýallar içre,*
*Pyrlanyp howalar içre,*
*Gaçan näzik bakyşdym men.*

***GÖWÜN GOŞGUSY***

*Meň hatlarym kyssa bolup gowşandyr,*
*Rölleň eteginde şapak jyklanda.*
*Çöller ertekisi,kümüş towşanlar,*
*Ýa serleri yşga sämän ykmanda,*

*Haýsynyň hyýalna nepes taşlasam,*
*Asman ýyldyzlardan "bassyrma" salar.*
*Jennediň ilkinji ýaşaýjysy dek,*

*Meniň ýaşyl gözlem, geňlikden dolar.*

*Maňa demiň aýdar, nirededigni,*
*Ýokarda bulutlar jora bolanda.*
*Asman bulutlaryň öwlüýäsimi,*
*Saňa ýakyn bolsa, sora bol onda.*

*Bilbilleriň tylla çüňkün ogurlan,*
*Owaz bolup, aý howlusyn idände,*
*Çeşmäň ertekiden gözbaşyşy deýin,*
*Men gerin alnyňa syrly meýdandan.*

*234*

***GAMGYN GOŞGY***

*Gamgyn horaz daň sazyna örüzer,*
*Gursagy ot basan gadym ýaýlany.*
*Şonda görersiň sen äpet güneşiň*
*Ýyljak nurun ýer göbegne paýlanyn.*

*Kir- kimirsiz sähra doglan günüňden*
*Gözleriň gatyna siňendir ümsüm.*
*Men şonda görnüşe bakmadym aglap,*
*Seniň nur sepilen didäňe sümdüm.*

*Gursagyňa dykylyp, ganat küýsämde,*
*Ýene- de ykmanda şemala berdiň.*
*Ýok ol gün şeýlebir sowugam däldi,*
*Sen mähriň näbelli jemala berdiň.*

*Ala horaz daň paýyny dilende,*
*Deşilende howlyň güneş ganaty.*
*Şonda ejem ýürekgysmalarynda,*
*Çagalarny ýekän- ýekän sanady.*

*Ter gülli ýaýlalar ýaşyndy biraz,*
*Atyndy oň hünji düzlen mahmalyn.*
*Ejem giden daňdanynda heýkele*
*Öwrülipdir, ömür ýygnan ahmyrym.*

*Gursak bir ülkede nesibe çekip,*
*Ýedi ýada işiň düşse,pidaňdyr.*
*Ýene ala horaz gygyran güni,*
*Giderin men ejem bolup, şo daňdan.*

*235*

***PEÝZAŽ***

*Aý depderin köl üstüne*
*Taşlap goşgy ýazyp ýatyr.*
*Tylla ýally bedew ýaly,*
*Akasiýa "gazykda" dur.*

*Ýaplaň ýaşyl gaýmagyna*
*Tylla aýdan tor düşüpdir.*
*Kiçijik kümüş balyklar,*
*Sowuk suwa öwrenşipdir.*

*Mermerdenmi ýyldyzlaryň,*
*Sowuk teni,ýyly teni.*
*Ümür çöken çola kenar,*
*Yşga itekleýär meni.*

*Kamys güller gadym kölüň,*
*Hol çetinde, dulunda dur.*
*Yaşyl kereplikler içre,*
*Dökülip dur aýdan ak nur.*

*Ýar gelermi ýaýlalara,*
*Guşlar kah-kah urarlarmy?*
*Ýene öňki ýaly gazlar,*
*Kölde ganat gererlermi?*

*Asman bulut, ýyldyz ýanýar,*
*Daş- töwerek nurdan ýanýar.*
*Ýürek welin ýardan ýanýar,*
*Kalby kalba meňzeş agşam.*

***236***
## ***BAHARYŇ GELŞI***

*Şahyr Mämmetnazar Babanazarowyň äheňinde*

*Gül-gunçany bagra basyp,*
*Bahar geldi galkyjaklap.*
*Nas keýp edýän goja ýaly,*
*Ýagyş ýagdy heň gyjyklap.*

*Owaz gondy aýnamyza,*
*Şemal gandy ümsümlikden.*
*Jorama meňzeş baharyň,*
*Reňki gözlere sümlüpdir.*

*Ýeneki ýaz,ýeneki güýz,*
*Ýeneki ýagmyrlar hakda,*
*Bahar dynman gürrüň berýär,*
*Bäbek deý ak sallançakda.*

*Bugaryp dur ýeriň üsti,*
*Gökden iýnen atyr ýaly.*
*Taýçanagyň näzik sesi,*
*Başyn aýlar atyzlaryň.*

*Derwişiň dyzyn ýaplanan,*
*Durna gökde hellewleýär.*
*Bir mahriban,eziz ýaly,*
*Çynar mährem hellewleýär.*

*Gazlar geçýär,"salam, salam"*
*Deňiz ýaly ýaşyl gözli.*
*Sazdan doly garyp göwni,*
*237*
*Heý yşga dözmän bolarmy?*

*Jerenleriň jaňy galýar,*
*Dereleriň düýplerinde.*
*Agamyň aýdymy galýar,*
*Gelnejemiň düýşlerinde.*

*Gül- gunçany bagra basyp,*
*Bahar geldi galkyjaklap.*
*İndiki ýazlara çenli,*
*Aýdym galdy gül gujaklap.*

## ***GÖWÜN***

*Gysgajyk boýumy ezmäge ýagşa*
*Gidýärin, eý tünek, galma sen, gagşap.*
*Duman için dörjeläýin tapmanmy,*
*Haýwanat bagynyň gaçan gaplaňny?*

*Müneýin men alabeder gerdenne,*
*Gojaman daglarda gaýadan uça.*
*Sen meň ýoklugymda birjik örtenme,*
*Soň habar ýollaryn, menziller geçe.*

*Kalbymy sereýin, çalygsyn ýele,*

*Şorlan çöle meňzemesin, maňlaýym.*
*Asmanyň iň täze deminden gelen,*
*Tämiz şemal bilen yşga daňlaýyn.*

### *238*
### *SARGYT*

*Uzyn- uzyn ak ýodalar*
*Menden gider, maňa geler.*
*Ak kagyzdan gämi edip,*
*Meniň ýüregim epleme.*

*Her agşamyň yşygynda,*
*Kebelekläp gaçan gary,*
*Sen şu günleň işiginde*
*Goý ömürlik ýadygarlik.*

*Her göwünde bir tar bardyr,*
*Eglenip siňe seretseň.*
*...İndi ýazda ösen ýeller,*
*Diňe men taýa öwüssün.*

### *BU MEN*

*Meni tanaýarmy ýyly posalaň,*
*Söýgi şalygyna myhman çagyryp,*
*Bu men seniň şol owadan söýgüliň,*
*Seň derdiňden ýürek saly agaran.*

*Bu men seniň şol owadan dilberiň,*
*Bu men- seniň şol owadan peýkeriň.*
*Ýüregiňden söýen, gözlerne siňen,*
*Çeşminde ömürlik galan heýkeliň.*

### *239*
### *ÝÜREGIM KÜÝSEDI SENI*

*Ýüregim küýsedi seni,*
*Joşgun joşguna baglandy.*
*Ýüregim küýsedi seni,*
*Maýsalan göwün aglady.*

*Aglady gundagsyz sahra,*
*Gatyk ýaly ak bulutlar.*

*Kebelekli şemal hakda,*
*Çawuş çakanňy unutma...*

*Sen gözüňde ünji gördüm,*
*Ýüregim küýsedi seni...*
*Bir düzüljek hünji gördüm,*
*Yhlasym siňen ekeni.*

## ***UMYT***

*Ýene ýersiz gussa girdi ýürege,*
*Ýene güýzüň sesin getirýär şemal.*
*Ýene- de möjekler girip sürene,*
*Ýalňyzlyk başynda uwlaýar şumal.*

*Nämüçindir erbet ýüregim gysýar,*
*Ýa men ýalňyzlykda ýel kowan gämi.*
*“Ýene- de şygrymda bagryma basýan,*
*Görmegeý ýigdimi küýseýärin men”*
*Bu meň sözüm janym,ýeke täk sözüm,*
*Gussaly gözlermiň yzaly sazy,*
*240*
*Saňa aýan dälmi, aýt aýan dälmi?*

*Belki ýekelikden, belki ahmyrdan,*
*Goşarda sagadym ýarylyp barýar.*
*Belki- de ykbalym sulbasyn süýräp,*
*Seniň ýalňyzlygňa garylyp barýar.*

*Seni göwräm içre sygdyryp bilmän,*
*Öz- özüme ýalňyzlykdan ürkýärin.*
*Şol gün sen bilmezden diýip goýberdiň:*
*“Aýyň şuglasyna çümen ykbalym”.*

*Ýene gussa çökýär sensiz gijäme,*
*Ezizden aýrylmak ýazgyt belki-de.*
*Söwer ýar ýanynda aglan melekleň,*
*Göwünde goýalan ruhy meňkidir.*
*Çözüber gussanyň tanşy eý melek,*
*Biziň kysmat saýan kesgitlemämiz.*
*Seniň elleriňde palçyk mysaly,*
*Döresin nepisden keşp- mertebämiz.*
*Ýene ýersiz gussa girýär kalbyma...*

*241*
***BELKI-DE SALGYMY ÝITIRENSIŇ SEN***

*(aýdym)*

*Belki- de salgymy ýitirensiň sen.*
*Belki ýyrtyp zyňansyň sen şemala.*
*Müň derdiň içinden geçmeli eken*
*Birje gezek görmek üçin jemalyň.*

*Eý bölek kagyzlar arzuwlarym siz*
*Giň asmandan düşdiňizmi gaýyşyp.*
*Bir bölek buluda öwrülip,uçuň*
*Sizden etjek iň ullakan haýyşym.*

*Aýdyň asmandaky bölek bulutlar*
*Ýar meniň göwnüme öýkeli ýaly.*
*Belki- de salgymy ýitirendir ol,*
*Başga salga gidendir- de hyýaly.*

***SÄHRALAR ÝÖRÄP GITDILER***

*Sähralar ýöräp gitdiler,*
*Giň sähralar- durnalaryň jorasy,*
*Yşga çydamadyk gurdy üýşmeleň,*
*Kebelekler "bahar nirde?"sorady.*

*Ýeller ýüzük bolup halka atyşdy,*
*Giň sährada döwre gurdy, egele.*
*Biziň ilde çyn aşyklar sataşdy,*
*Aşyk aýdyň, gözleriňi tegele.*

*242*
*Bahar kömelekler raks başlady,*
*Läle kakdy gülälekler "dahanda".*
*Sähralar ör tutup ýöräp gitdiler,*
*Entek sähra ýöremedik jahanda.*

***SÄHRADA***

*Sähranyň üstüne kebelek "ýagdy",*
*Bulut meňzeş melekleriň düýşüne.*
*Desse- desse bulutlary gujaklap,*
*Bahar gelip gonjak bolýar işige.*

*Bosaga çeçekler dyrmyşyp gelýär,*
*Meýmirapdir maňlaýy ak köpegmiz.*
*Bu ýaýlalar seniňkidir, mähriban,*
*Garylyp- gatylyp gitdik köpe biz.*

*Ellerine taýak alyp körpejäm,*
*Owlak- guzyň  seslerine keýp edýär.*
*Duman meýmiräpdir  kölüň  üstünde,*
*Uzak gije eden işi köýse- de.*

*Bahar golaýlaýar,bulutlar gelıp,*
*Goltugyny  "gysyp", syrly asmanyň.*
*Baharyň  gelenni ilki buşlaýan,*
*Asmanym, asmanym, mawy asmanym.*
*243*
*Bahar gelýär  ýazlagdaky iller he- ý- ý- ý,*
*Seriberiň  kakyňyzy- gurduňyz,*
*Ýaşyl mahmal ýazyp, saga- sollara,*
*Bahar  gelýär, bu türkmeniň  ýurduna.*

### ***GAMLANMA***

*Sen gamlanma, sen gamlansaň  zeminde,*
*Otlaram süllerýär, ýagyş aglaýar.*
*Sen gamlanma, meň  kalbymda henizem,*
*Müň  ýyl şatlanmaga umyt bar aýan.*

*Sen gamlanyp, ýüzüň  solsa, ynjaýan,*
*Gözleň  meniň  gözlerimiň  dowamy.*
*Çözläp barýar seniň  gözleň  içinde,*
*Meniň  gözlerimiň  soňsuz sowaly.*

*Sen gamlansaň, eý görülýän şazadam,*
*Gamly başlarymy kim  sypalar meň?*
*Sen gamlansaň  näzim çeker meň  kimim,*
*Süýji duýgy bilen kim öýkelär soň?!*

*Gije şöwür çekip, gündiz ýerliksiz,*
*Gama batsaň, uçup gerin ýanyňa.*
*Sen gamlansaň, kim saçlaryn sypalar,*
*Kim  "gamlanma" diýer söwer ýaryňa.*

*Sen gamlanma, baharyň  al şapagy,*
*Ruhuň  asman taýa galsyn belende.*
*Sen gamlanman, bir ýylgyryp goýbergin,*
*Men gamlanyp, huzuryňa gelemde.*

***ÝENE- DE***

*Ýene otly köýnek geýdik,*
*Ýene- de baglar haýykýar.*
*Gyş ýetip gelýärkä bildik,*
*Güýz özün soňsuz aýaklap.*

*Ýene otly köýnek geýdik,*
*Ýene- de ýat şemal uwlar.*
*Bu kim? Eý ýitiren söýgim,*
*Bakma mensiz galyp duwla.*

*Küýseme yşkyň kenaryn,*
*Sen sadylla bagtym saýyp.*
*Ýene- de sesiň owazy,*
*Ýaňlansyn soňsuz ajaýyp.*

*Kemsinme, kemşerme janym,*
*Ikimizem bigünär- ä.*
*Ýene- de ýüregim ýanyp,*
*Öňümde örtär günälem.*

*Saňa dostumam diýemmok,*
*Diýemmok ýeke- tägimem.*
*Men sensiz dünýäniň göwnün*
*Ynan göterip bilmerin.*

*Aýdaýyn ... Ýene bu agşam,*
*Ýene- de ot aldyk dämi?*
*Diýmek söýgi bilen ýuwlan,*
*Ýitmändir kalpda şol gämi.*
*245*
*Ýene- de ot aldyk,bilýäň,*
*Ýene güýz geldi aýaklap.*
*Dünýä üşäpdir- ä dünýäm,*
*Bu düýşmi ýa- da oýalyk.*

*Ýene- de ot aldy baglar,*
*Ýene- de elendi degre.*
*Ýene barlyk içre ýokluk,*
*Bolanda şol goşa göwre.*

*Içimden doly hasrata*
*Ýene- de bir dem düwündim.*

*Senem, senem bagra basman,*
*Bagra basara düwündiň.*

*Ýene- de mäşim bişişse,*
*Ýene- de dilsem ýüregim.*
*Seň çykjagyň bilýän ondan,*
*Geregim men şol geregiň.*

*Aýra gezip bir- birekden,*
*Bir zady iki bölüşen.*
*Baglanar kesik ýürekler,*
*Soň derdi ikä bölüşer.*

*Ýene- de ot aldy baglar,*
*Ýene- de mukam gaýrada.*
*Ikimiz däl, biz bir bolup,*
*Aýralyk gitdi aradan.*

***246***
***SENI SÖÝÜP...***

*Seni söýüp, ýalňyzlaşdym, ep- esli,*
*Seni söýüp, gorkdum, söýgiň gyşyndan.*
*Bu owadan dünýä söýgimiň keşbi,*
*Üýtgäp gitdi, üýtgäp duran düşüm deý.*

*Maňa goňşularym geňirgenişýär,*
*"Seni söýüp,göz ýetirdim, bir zada"*
*Kimdir bir gözel gyz arama düşýän,*
*Ýaly duýgy başdan geçýär birbada.*

*Goşgularmy alyp, daglara gitsem,*
*Aşyk Şybly çykyp meniň öňümden.*
*"Nähili gözel gyz, öwrenişýäňmi?*
*Bir şahyrçylykdy, gözel, kemiň seň"*

*Diýip, kine bilen bakaýjak ýaly,*
*Soňky döwür daglar sary gidemok.*
*Seni söýüp, ýalňyzlaşdym ep- esli,*
*Gerekmejek ýerde biten igde dek.*

*Seni söýüp, hyrçym dişlemesem bor,*
*Söýgiň gyşam geçer gider, ýaz geler.*
*İkimizi aýra salyp, dünýäde,*

*Soňra söýüp, ýaşarmyka özgeler.*

*Seni söýdüm. Goňşularym syr bilen,*
*“Hoş gylygyň köpelipdir”- diýýärler.*
*Gyzlaram garagol, joralam bezzat,*
*Derrew bir üýtgeşme bolsa, bilýärler.*

*247*
*Goý, bilseler bilsin, söýmek aýypmy,*
*Sen deýin, boýlary derek bir ýary.*
*Seni söýüp undupdyryn daglary,*
*İndi wasp edýärin, ýaşyl derýany.*

## *GURSAGYŇA SERET*

*Seret ahwalmy şu ýa- da başga zat...*
*Aý dodagyn kemşerdipdir şu pursat,*
*Görüp seniň bagt içinde ýüzýäniň...*
*Salmalykda için boşadan gursak,*
*Ýaplara goşulan suwda gizlänin...*
*Hiç kime syr bermän boşanan baglar,*
*Kir- kimirsiz aýdym ýaly baglandy...*
*Görsene, ikimiz, ýene ikimiz*
*Leýlisaçlaň aşagyna duwlandyk...*
*Gursagymda gürsüldeýän ýürek ýok,*
*Uçdukmy ýa bakylygyň gatyna?*
*Ýa- ýokarda çakylygyň hatyna,*
*Göwünlermiz batbörek deý uçuryp,*
*Gögüň bulutlaryn sere ýapyna,*
*Nika suwun sepip ýörmi,jöwenek?*
*Gör, bu gökde her kimiň öz işi bar,*
*Gursagyňda ýürek ýokdur, elläp gör,*
*Bärde diňe belent yşgyň güýji bar.*
*Keramat ekeni yşgyň kenary,*
*Aşyklyk deresi derde däridir.*
*Birden biri bizi gözleýän bolsa,*
*Ýol ýitiren aşyklaryň biridir.*
*Gursagyňa seret,ýürek ýokduram,*
*248*
*Ýa- da ýokdur nikalary zeminiň,*
*Eý meniň ruhumyň goşa ganaty,*
*Eý meniň yşgymyň söýgi emini.*
*Biz gidip barýarys, äňet, töwerek,*
*Kebelek, kömelek, hem aşyklar kän.*
*Bu ýerleri jana- sere janserek,*

Ýa bu ýeri şol ýermikä- La mekan?!
Gursagyňa seret, möhür basdylar,
Ikimize, bir- bireksiz oňmaz deý.
Aşyklaryň depderi şol görýäniň,
Seret olaň ählijesi oňlandy.
Gursagyňa seret, ketenim gyýlyp,
Ýüzüňe saçlamdan nur dökülip dur.
Ýene- de hünjüsin sepýär jöwenek,
Ýene- de sadaplar dür äkelipdir.
Bu ýerlerde merdiwanam ýok ýogsa,
Nädip çykdyk arşyň soňsuz gatyna?
Gursagyňa seret,ýaryk-ýaryk seň,
Meňzäp dursuň, ýerde teşne takyra.
Wagt nirde, nirde bagy zamanyň,
Kimdir biri şygyr okaýarmy, ýa?
Dur,hol alysdaky zemin donumy,
Demirgazyk buzly okeanmy ýa?
Görünýär bir zatlar, hatlar, adamlar,
Olar şäher saýlaýandyr, düşläre.
Düşünýän zeminde gaşlaryn çytyp,
Adamalaryň has kän bolýar, işleri.
Ýok ikimiz düşlemäli, hiç ýana,
Keramat hem däl bi, yşk asly hem däl.
Hany şol merdiwan, gursagňa seret,
Saňa- da maňa- da yhlasly hem kän.
Gursagyňa seret, merdiwan barmy,
249
Ýa- da ýoly, ýodasyzmy, bu yşgyň?
Eý zemini aslym,asmany kesbim,
Sen meň gursagymdan nirä ilişdiň?
Gursagyňa seret, gollaryň ýaý- da,
Bolaýşyny görsene sen, aýyňam.
Söýülerin öýdüp dodakda galan
Ballar gijä garaşyp dur, taýyn ol.
Ikimiziň bagtymyzy gysganyp,
Zeminem,asmanam öýkä çişipdir.
Gursagyňa seret, ýar- da döşleriň,
Aşyklyk hatyndan bir harp düşüpdir.
Biz gidýäs, hoş galyň, sümme tokaýlar,
Biziň gözleglermiz bolupdyr tamam.
Biz indi zeminden, asman, ýer, aýdan
Indi ýerem birazajyk köşeşdi,

Merdiwansyz duýgy Arşy däl indi.
Gursagmyň yhlasy köşeşdi biraz,
Gursagyny ýardy söýgüli taýym.

*Görsene jöwenek nika suw paýlap,*
*Buşlaýar zemine biziň nikamyz.*

## ***ÝŞK***

*Telim güýz geçipdir, seniň seriňden,*
*Ýazyň  telim guşy saýrap gidipdir,*
*Pyşyrdap, pyşyrdap, aýdan duýgulaň,*
*Adamlaň  ýüregne ýaýrap gidipdir.*



*Güllerem saz çalsa, durky ajaýyp,*
*Müň  bir tarly saz guraly hamana.*
*Erikler  paýraşyp, ýere dökülýär,*
*Monjuklar  üzülen ýaly şemala.*

*Gökde döwran sürýär, possun deý bulut,*
*Damjalardan nagyş çekip, zemine.*
*Gülli ýaglyk ýaly owadan bir şal,*
*Ýazylýar çalymdaş, äpet çemene.*

*Ylhamyňdyr şahyr söýen illeriň,*
*Serpaýyňdyr, ellerime gül berseň.*
*Sen barybir tämiz syryň  ýazlarda,*
*Biziň  ýüregmize aýtman bilmersiň.*

## ***AÇYK PENJIRÄŇ ASTYNDA***

*Açyk penjiräň astynda*
*Martdan galan ot küdesi.*
*Näçe siňdirdi özüne,*
*Geçip giden otly sesin.*

*Gyz oý bilen penjiräniň,*
*Daşyna kän diň salardy.*
*“Ýüreginden syr dilänim,*
*Gelmez”-diýip, oýlanardy.*

*Ejaplanyp, ýakyn- ýatdan,*
*Goýaldy ýaşy ýyllar- da,*
*Otlyň  ýakymsyz sesine,*
*Bagynda çemen süllerdi.*

## *BAHAR BILEN MEN*

*Bir bitewi göwre men,*
*Bahar ýatyr alnymda.*
*Baharyň ak gülünden*
*Meň basypdym kalbyma.*

*Ýazym, ýazym owadan,*
*Ýodalarmy ýel pozmaz,*
*Bagt ýazylgy bolar,*
*Baharlaryň alnyna*

*Owratmadym ýüregi,*
*Paýlamadym geçene.*
*Ýagyş gögün aýagy,*
*Kalba şatlyk seçelär.*

*Bir bitewi göwre men,*
*Bahar ýatyr alnymda.*
*Güller bilen üwrelen*
*Durmasyn ak sallançak.*

## *DÜÝŞ*

*Göwrämi sandyga salan ruhumdan*
*Razy, şygyr ummanyna gark etdi.*
*O gün ganym göwrämdäki  habary*
*Ýeke damja öwrüp,kalpdan sarkytdy.*


*Haly halaýan hal gerek bu gün,*
*Halda galan göwräm köşeşer haçan?*
*Näme üçin,näme üçin sandykda galan,*
*Göwrämiň sesini eşidenok açar?*

*“Heý men bärde” diýýän,dillerim lal meň,*
*“Heý men bärde”diýýän,güller gülýärler.*
*Onda näme eger gerekmez bolsam,*
*Seň yşgyň ýaşaýar,meniň dünýämde.*

*Gutarmadyk goşgy ýaly ezýetli,*
*Sandyga salynan göwrämiň ahy.*
*Heý... ruhum göwresi yşkdan kilitli,*
*Bu men, şol aglaýan betbagt şahyr.*

Heý...bu men, men- ä bu, açyň sandygy...
Bogulýaryn, gussalaryň dadyndan.
Ýogsa- da sandygy derýa çalt zyňyp,
Zöhre gyza gowşuryň siz, adamlar.

Heý... bu men sandykda ýalňyz galan men,
Ruhumyň tussagy bugdaýreňk jenan.
Ýogsa- da göwrämden yşgy çykaryp,
Bagtlylaň hatarna goşuň- da synaň.

Heý... heý eşidýäňmi, görmegeý ýigit,
Bu men, kerem bagly, gollam ýetmeýär.
Seni şu dünýäniň dadyna goşan,
Bir gözeli çynym bilen gutlaýan.

Heý... Seret bäriňe, bu men ýalňyzyň,
Hem bahar tarynda üwrelen bir sal.
253
Şu göwräm sandykdan çykmasa ruhum,
Girer seň ruhuňa, eglenmez, kürsäp...

Heý... Bu men, men- ä bu şol gözel owaz,
Gulpagy atyryň damary ýaly,
Gözleri gündiziň kamary ýaly,
Sesi sandyk gelýän habary ýaly,
Eý toba, bu men- ä eşidäýiň, men.
Heý...
Ýa men deňiz perisiniň gyzymy,
Bir mahallar deňze çümüp aglamda,
Sesim bilen çalyşdymmy özümi?

Maňa bir zat bolýar, sesim çykanok,
Sesimi aldy kim, nirde sözlerim?
Sandykda garaňky göwräm gowrulyp,
Çekilip saz çaljak ýaly gözlerim.

Heý...heýýý...eşidiň siz,
Bu men, täsin heň...
Sessizligiň çalan owadan ýaňy.
Şol gözel men, dünýäň düşünjesine
Çalşyp bilýän bir goşawuç tyllany.

Heý... Eşidilinokmy, meniň ýok sesim,
Duruň- la, gutarjak bolýar, nepesim.
Heý kimisň? Gygyrýar bir- ä:
- Heý... Sandygy alyp barýaňyz nirä?

Eşidilenok öýdýän meň ahy- nalam,
Bilinmän gidermiş, tümligi halan.
Men seniň gözgyny, sesin ýitiren,
254
Owadan, görmegeý, suwperi balaň.

Heý... bee, şindem eşidenoklar sesimi,
Ýa- da barýarmyka, ömrüm kesilip?
Köküm çümüp barýar ruhuň çuňlugna,
Heý... aýdaý- da iň bolmanda kimligiň?

Şeýdäý, aýdaý, aýdaý, iň bolman meni,
Alyp nirä berýäň, bileýin menem?
Belki bu zatlaryň şeýle boljagny,
Soraýyn, bilýändir, garryja enem.

Ynsan menem, köküm ýerde bolmaly,
Ruhum bu sandyga salsa- da häli.
Heý... kimsiň gygyrýan, göýä bir sessiz,
Dünýäň gulaklaryn açjak mysaly.

Heý... heý, bu men, owaz, özem hoşowaz,
Kalbynda bir görmegeýiň ahy bar.
Sowaly bar, yşgyň, tende yzy bar.
Bakylyga ýygnap goýdum, ýadygär.

Heý... aýdaý iň bolman, men kim, ýa sen kim,
Seleňlikden kowlanmy ýa ikimiz?
Eger yns bolaýsaň, her ýere gara,
Bardyr biziň bir ýerlerde kökümiz!

Eger perişdeleň saz toparyna,
Bolup ýören bolsaň,bantikli drijor,
Onda ýat olara,bu men kilitli,
Içi dünýä ýaňly, ýeke keşpli hor...

255
Eger- de sen bolsaň, jynssyz bir ganhor,
Onda men seň ynan nämäňe derkar?
Eý ruhum, alaý- da meni elinden,
Bu men, saňa käte gerek borun- a...

Aý ýok, eşidilenok, owazsyz sesim,
Aýylypdyr essim, gülkim doňupdyr.
Eý düýşüm, geliber, köne ýoluňdan,

*Şükür ýassygymyň gözýaşlar bilen,*
*Bir bolan zat, jüm- jüm güli solupdyr...*

## *ÖTEN GÜÝZE AÝDYM*

*Sepeläpdir gözi gök gyz, asman gyz,*
*Künjümi, hünjümi, seniň kürtäňe.*
*Durnalaryň sazlaşygy gaçmandyr,*
*Çekinjeňlik aýrylmandyr entägem.*

*Sary getiripsiň şalygyň bilen,*
*Näme syrdaş saýmadyňmy göwnümiz?*
*Güýzüm atdan ýykan çagalygyň men,*
*Seniň goňras ysyň bilen höwrügen.*

*Döz maňa höwesin, basgançak baglaň,*
*Ýaprak seçişiňe gurban bolaýyn.*
*Ýene- de aýlanyp ýüz ýyldan geljek,*
*Şol wepaly sary durnaň bolaýyn.*
*256*

## *AHWAL*

*Sähra sary jorabynda*
*Gussasyny syçradyp,*
*Seň gözleriň kenarynda,*
*Hassalygma uçradym.*

*Güýzüň soňky ujy bolup,*
*Çümüp girip çuňlugyňa.*
*Seň gelniň gyňajy bolup,*
*Gaçdym seniň öňüňe.*

*Giň sähranyň degresinde*
*Gussasyny syçradyp,*
*Soňky gezek göreniňde,*
*Hassalygama uçradym.*

## *HALK DÖREDIJILIGINIŇ ÄHEŇINDE*

*Ýazlaryň gülgün ejabyn,*
*Güýz gujagna gysanda gel.*
*Garamyk gözli bulutlar,*

*Özün "gökde" asanda gel.*

*At çapanda öwşün atar,*
*Gör, meýdana gül gelşini.*
*Ýaradan yşk eder gökde,*
*Synlap bedewleň gelşigin.*

*Tomus beden gawunlaryň,*
***257***

*Durup  ýarylasy gelýär.*
*Göwün solpudan çykyplar,*
*Dünýä garylasy gelýär.*

*Jerenleriň waspy dolýar,*
*Dereleriň  arasyna.*
*Çeşmeleriň  owazlary*
*Diňe durmuş barasynda.*

## *DAG AHWALY*

*Ol gün ýagyş ýagdy, aglady asman*
*Baharyň alamat berýäni ahmal.*
*Gyş bilen duşuşyk paşmadyk borly,*
*Döredi daglarda üýtgeşik ahwal.*

*Ümür akyp gelýär, dag depesinden,*
*Hyýalyny döküän ýaly gök ýaýla.*
*Çopan goşy, süri, tüsse ählisi,*
*Ýukajyk dumanyň  içinde galýar.*

*Otlaryň ysyna aýlanýar başym,*
*Pikirlerim dag gerşine meňzeýär.*
*Bahar oýanýarmy, töwerek- daşym,*
*Guşlaň, çaýlaň sesi bilen dyňzaýar.*

*Ak arzuw deňzine çümýän mysaly,*
*Göýa gerilipdir, umyt ýelkeni.*
*Şeýlebir geň dagyň tebigy ruhy,*
*Barsa, haýranlara goýar her kimi.*
*258*
*Käkilikler saýrap, owazlar ýaýrap,*
*Dünýä başga dünýä öwrülip gidýär.*
*Birdenem, ümürden ap-ak deňzin,*
*Tolkunyndan ýürek üwrelip gidýär.*

## *ÝYLLAR GEÇIP BARÝAR*

*Ýyllar, sizi kagyzlara siňdirdim,*
*Sözlere, setire, duýga öwrüp men.*
*Söýginiň keşbini sazyma saldym,*
*Surat çeksem, “suratkeş” diyip, öwnüp men.*

*Ýyllar sizi goşa- goşa tarlaryň,*
*Aglaýan taryna saldym hat kibi.*
*Maňa kän zat öwredipdi söýgüde,*
*Ahmyrlaryň, aýralyklaň mekdebi.*

*Ýyllar size gözelligi bagş etdim,*
*Aýly gijesine öwrüp obamyň.*
*Jiglermiň murty tabap, at münýär,*
*Ýaşula öwrülip barýar doganym.*

*Ýyllar sizi ejem janyň elinde,*
*Joýa- joýa bolan ýygyrtda görýän.*
*Kölegesi garran, şahasy egbar,*
*Mellekde ýaşaýan söwütde görýän.*

*Ýyllar,*
*Eý, ömrümiň monjuk ýyllary,*
*Hatarlanyň, hatarlanyň ýadaman.*
*259*
*Yöne bir haýyşym, ýakymly yzy,*
*Goýup gidiň, goýup gidiň adama.*



***“NÄTANYŞ ZENAN” ATLY KARTINADAKY ZENANA***

*(Suratkeşin dilinden)*

*Galýaň, indi gep- gürrün ýok, şübhe ýok,*
*Tanyşlyk agşamna biziňkä düşlän.*
*Eý, peri sypatly, öte çümhörek,*
*Kirpigi serpilen nätanyş myhman?*
*Sowuk üýrer goýar, penjirä bakma,*

*260*
*Garamyk nazarňa örtme hasraty,*
*Düşün, meň öýümde diňe sen hakda,*
*Yüz ýyl ozal gyzgyn jedel başlady.*
*Häzirem gidip dur, her gije, her aý,*
*Çözüp biljek sen bolmaly, bir özüň.*
*A sen galareýaň merkezin bezäp,*
*Şo- ol dymyp otyrsyň, ah, saňa hezil.*
*“Barybir tanalman” diýýäň, belki- de,*
*Bagana eşikli, bagana hyýal.*
*Mümkin, taýsyz galan ellik seňkidir,*
*Biziňkide taýy ýok bolan aýal.*
*Tanaman çekendir hudožnigiň- de,*
*“Tanaýan seslener”- pikiriň ede.*
*Seniň lebiň goşa gyzyl ýapragy,*
*Pikir edýän welin, şekeriňkidir.*
*Ýogsa- da saçlaryň gijäň buludy,*
*Aýmy keşbin, bulutlary ýekelän?!*
*Ýa sen ähli tanyşlaryň umydy...*
*Ýa sen ähli tanyşlaňdan öýkelän...*
*Ah, natanyş zenan, nätanyş zenan,*
*Galýaň indi gep- gürrüň ýok, şübhe ýok.*
*Kaddyň bir görmäge dünýäni tölän,*
*Dostlarymy ynjaldaýyn köňlüm   dek.*
*Goý, göwnüň ýetmesin garyp tünegme,*
*Biz saňa ýararys, ýok şuňa şübhäm.*
*Barybir men nätanyş seň ýüregňe,*
*Hiç tanyş bolmajak, nätanyş myhman.*

***261***
***ÝENE SAŇA***

*Daglar uçma gider, ýerlerin tapyp,*
*Sen gökde ýyldyzym bolup galarsyň.*

*Garry perwananyň  ganatyn kakyp,
Gaçyran hatyndan gaýyp galarsyň.
Özga özüm ýaly näzik bolaryn,
Men bilýärin şeýledigin söýginiň.
Gijeleriň  söwer ýaryň  yzynda
İslammok men aglap, aglap galaryn.
Ýöne kalbym söýgüň  hyjuwlaryna
Ýesir düşmüş, aglap barýan dumana.
Daň  agarýar, ümüş- tamyş, ereýär,
Köçedäki  aglap barýan dumana.*

## ***ÇOPAN GOŞUNDA***

*Aý tokgasy penjirämden gaýtmaZ hiç,
Kaksa aýnamyzy:“Kim soraýar?”diý...
Seniň göwün damarlarňy dartmaz hiç,
Çyrlaklaň yşk hakda simfoniýasy.*

*Zemin aýagyna çolaşan gülden,
Meniň gursagymda çyzgy galypdyr.
Özge ýerde özge üçin küýsegli,
Meň barymda ötülmejek ýazyk sen.*

*O öňki ýerlerden gaýdarys indi,
Yşgyň ylhamyndan başymyz çaşan...
Gözleň içindäki sazanda kimdi,
Kirpikleň bilinde sozular agşam.
262*

*Bu ýerde gurtlaryň darkaşyn gören,
Itler döwre gursa: “Kim goraýar?”diý.
Bu gije diňe şol hökümin sürer,
Çyrlaklaň yşk hakda simfoniýasy.*

## ***UZAGA HAT***

*Ýyllarmy, ýollarmy, aýralyklarmy,
Aýra edip taşlan,agladyp taşlan,
Ýa- da ýeňilmedik ýeňişlermika,
Ýaňy duşamyzda ýadyrgap başlan.
Bary ykbal bolup siňýär täleýe,
Takdyrlar sürüsin galňadyp gelýäs.
Ýene keç ykbala ýadyrgap aglan,
Bendäni özümiz diňdirjek bolýas.*

*Tenhalyk kalbyňa derman käteler,*
*Menem hyýalymda pyntyklar bilen,*
*Ýylgyrýaryn saňa suratkeş dostum,*
*Bulaklara goşularyn bir günem.*
*Akaryn, nazaryň egle birsellem,*
*Gülkülerim gaýnar ýazlaň başynda,*
*Hem sülmüräp, girip- çykýan gelniňi,*
*Maňa meňzedersiň, täsin ýaşynsa.*
*Howa dost, surat çek, meniň bu keşbim,*
*Bardyr gapyňdaky ýalňyz agaçda.*
*Hem senden haýyş bar, başaryp bilseň,*
*Adam bolup barmadygmy bagyşla.*

***263***

## *HAZAR DEPDERÇESI*

*Sen gelmeli, bu ýerleri garaşýar,*
*Şemal "darap" otyr tolkunlaň başyn.*
*Bu ýerlere seniň yşgyň ýaraşýar,*
*Şoň üçünem sen gelmeli gardaşym.*

*Gözleriň şuglasy kenara düşer,*
*Aý şuglasy bilen tapyşar gökde.*
*Tolkunlaň täjine ýyldyz "ilişer"*
*Duýgular çigişer iki ýürekde.*

*Sen gelmeli, bu ýerlerde bir men däl,*
*Saňa umman, kenar, bar zat garaşýar.*
*Ýyldyzlardan düşek ýazyp, çalyp saz,*
*Meni gökde garşy al sen, garaş ýar.*

*Bu ýerleriň säherlerem asuda,*
*Deňiz mawy çemen ýaly parahat.*
*Bu ýerlerde ýalňyzlyklar garaşýar,*
*Sen olardan ähli zady halas et.*

*Pikirler durlanyp, gün erňeklände,*
*Agşamlara şam düşende kenara,*
*Sen gelersiň- günüň öňün tutmaga,*
*Üýtgeşik aý ýaly, uzyn çynarym.*

*264*

***GERDEK***

*Ýedi ýat geçende boýna asylan,*
*Leýlisaçlaň golun suwa sokardyk.*
*Şonda oglanjyklaň sesi gelerdi,*
*Agaçlaň üstünden,bijaý ýokardan:*

*"Toý bareý, toý bareý"gygyrşardylar,*
*Onsoň ylgap, toý ýerine giderdik.*
*Şonda çagalaryň içinde galyp,*
*Çelgisin ýitirip, "entärdi" gerdek.*

*Ak öýe girilmän galarmy heý- de*
*Gelinleriň kürtesinden çekerdik.*
*Şonda çagalaryň keýpine geýnen*
*Akja köýnegine ilerdi gerdek.*

*Toý ýermi, ýas ýermi, dikilerdi ol,*
*Ak ýermi, tapawdy ýokdy, asla- da.*
*Onsoň diňe çelgi bolup görünen,*
*Gerdekler bildirip durdy, asmandan.*

*Ak öýler ýykylsa, gerdek galardy,*
*Aparlanda duşman oka gerçekler.*
*Şonda ýüreklerde bir dert galardy,*
*Her gezekde ýykylanda gerdekler.*

*Ýok, bu çagalygyň oýny däl, bilýän,*
*Bu oýnydyr, gödek çarhy- pelegiň.*
*Gerdek görüp ylganyňda ýas bolman,*
*Toýa gelseň gowy zat-l a geleniň.*
*265*
*Häli- häzirlerem boýnumy gaňryp,*
*Gerdeklere bakyp göwnüm götersem...*
*Ýas bolmasa bolýar, gerdekden aňryk,*
*Gerdek dikilse- de toýa dikilsin!*

***KERAMAT***

*Ýene gelip leýlisaça duwlandyk,*
*Ýene- de siltedi, telleri yşgyň.*
*Söýgiň taryh depderine ýazylan,*

*Adyňy atlaryň içinden seçdim.*

*Yşgyň diwarynda ýazylgy adyň,*
*Meň adym goşmaga taýyn ýaly dur.*
*Sen meniň dünýede gowy görýän zadym,*
*Öýünde garaşýan taýym ýalydyň.*

*Görmegeýden gelen syrdamdyň asla,*
*Şoň üçin ejaby süýşürip aňry.*
*Seniň gözleriňden ýer goýup yşga,*
*Meň barmagym üçin ýasapdyr Taňrym.*

*Kän gün geçdi, gözlerimiň görmänne,*
*Onsoňam kän garaşypdym, hatyňa.*
*Aýralyk azm urup, ýeňin çermänne,*
*Ymtylan bolýarys, yşgyň gatyna.*

*Saňa göwnüm baglanypdyr syrdaşym,*
*266*
*Bilýärin men, däldigini tötänden.*
*"Bilemmok, näme üçin ýüregim gysyp,*
*Asman iýnýän ýaly diýýäň, depämden"*

*Aýraygyň ellerinde jylawmyz,*
*Yşk uzakda kaksa kaksyn, heşelle.*
*Barybir ruhumyz başga ulaşmaz,*
*Bir- birege gowuşmajak heser biz.*

## ***MEN WE MENIŇ KELLÄM***

*Men entegem gaty köp zat ýazaryn,*
*Gije yşyklaryn daşyma egip.*
*Baglaryň  başy deý gürsaç kellämi*
*Seslere bogup.*
*Meniň  pikirlerim girýär kelläme,*
*Edil girişi deý baglaň  şahasyn,*
*Gargalar döwüp.*
*Birdenem heserden ot alýar kelläm,*
*Otyr ýene güjüm ýaly ykbalym.*
*Men entegem gaty köp zat ýazaryn,*
*Tebigatyň  özi çogýan çotgamda.*

***267***
***GITMEK***

*Men eräp giderin, garly daglaryň,*
*Jemalyna görk bermedik ergin deý.*
*Goýup pikirleriň garasarlygyn,*
*Gyşyň gatap galan, syrly erninde.*

*Durmaly gitmänkäň seriňden geçip,*
*Ýollar, ýyllar synlap görer aslyňy.*
*Bu täsin zatlaryň deňinden geçip,*
*Ädim ätseň, neneňsi bor peslige...*
*Göge kada gije ýyldyz dakynmak,*
*Bize ýere, salam şöhle ýollara.*
*Meniň bagtym gitmeklige çokunmak,*
*Sejde etmek süýnüp ýatan ýollara.*

***OL***

*Meni  düýnüň  ýapragynda goýarsyň,*
*Kirpikleň  bilinde gije çommalar.*
*Ýyly deňiz çägesiniň  içinde,*
*Galan aýak yzydygym  kim biler.*

*Gözýetimiň  gözlerinden  soraryn,*
*A sen gözleriňde gije  çommalar,*
*Öperin men kirpikleriň  goragyn,*
*Seniň  göwräň  gözlerinde  Gün dogar.*

***268***
***UMMAN KARTINASY***

*Deňiz mawy owurt bolup çaýkanar,*
*Bagtyýar  gözleriň  hanalarynda.*
*Gülleriň  dilinden dökülen  säher,*
*Eglendi  çyglarnyň  sanalarynda.*

*Bulut çykyp gelýän ýaly asmanda*
*Çal döwleriň  possunynyň  gatyndan.*
*Men dogulýan, men dogulýan  adamlar,*
*Meni söýen bir ýigidiň  hatyndan.*

*Garpamygyň   köýneginden gaçan gül,*

*Kowçum- kowçum  bolup gök baýry tutýar.*
*Ah meniň  gök deňzim, hüwdüle meni,*
*Ýogsa, bu köňlüme  howsala gidýär.*

*Baýyrlaryň  billeriniň  üstüni,*
*Halkalap alypdyr ýaşyl  tuwaklyk.*
*Gözleriň  gaýynda özgäniň  yşgy,*
*Maňa  bolan  nägikligi  kowupdyr.*

*Ah, ýyldyzdan gaçyp galan ýagtylyk,*
*Ýene agram salýan säherlerime,*
*Köňlüme ýene- de umman kenary*
*Ýyly bir güýç salýar mähirden önen.*

***269***
***OÝLANMA***

*Ýaz güýzüň  çuňlugny küýseýän ýaly,*
*Asýar agaçlardan topbak buludy.*
*Gelin köýnegi deý, görmegeý, kamys,*
*Ýaşlygny bilmändir, agaçlar undup.*

*Keramata  sygynýarmy  göçgünli,*
*Guşlaryň  owazna başyn yraýar.*
*Süýjümtik howanyň  gülýakasy deý,*
*Uzak gökde gün  ýalpyldap görünýär.*

*Penjiräniň  ýürekgysgynç  keşbi bar,*
*Yara garaşylyan günleň keşbi dey.*
*Ýaňy bagra oýkap mahmal ýapragy,*
*Bahar geldi, gül- çeçekler köşgi deý.*

*Ýapylaryň jüm- jümesi gözlermi,*
*Baglady şol yşga maýylam, galdym.*
*Gyýmazym, dözmezim, mähriban diýip,*
*Seniň  gursagyňa  ýüregmi saldym.*

*Ýeňiljek bolsady dem alýan howaň,*
*Şahyr  ýüregiňe  ýeňiljek gussa.*
*Her saherde şu oýlary  arzuwlap,*
*Men bahara höwrügýärin, iki esse.*

*Tebigat ah çekdi, gül dökdi bahar,*
*Arzuwlar döredi mende paşmajak.*
*Bagyşla, ýanyňa  baryp bilemok,*

*Elleriňi küýsese- de saçlarym.*

*270*

*Ah ýaglykly meýdan, owadan meýdan,*
*Owadan ýaýlaňda uçýan birsellem.*
*Hol depeleň üsti dünýäň depesi,*
*Bolsady, ejemi, öýi görsedim.*

*Bararyn ejem jan, gyýylma biraz,*
*Ýaz dömende, gözlerimiň teýinden.*
*Sen ynjama käbäm: "geleňok" - diýip,*
*"Ýadadymyka bu öýünden" - diýip.*

*Kysmat daglar sary atyny çapýar,*
*Topragym sähraýy bolsa- da meniň.*
*Men şu bahar gülüp öňümden çykan*
*Dagly ýigdiň ykbalyndan dömerin.*

*İsleglermi ýüpe daňyp bagladym,*
*Erkimi bermedim, geldi- geçere.*
*Duýgularmyň kämilini kebşirläp,*
*Köpri gurdum, kalpdan- kalba geçere.*

*Üzülmeli sapak däldir kysmatym,*
*Käbäm, düşülen ýol mäkämdir, berkdir.*
*Ynjama, bu ýollar düýşüňe girse,*
*Gyzyň mertdir, mertdir, seniň deý, mertdir.*

***271***
***GAÝTALAP...***

*Enteseň göwün solpuda,*
*Gitseň, hol lagylly göge.*
*Ýadyňda galan tolkuna,*
*Mündirip ýene müň höwes.*

*Garly daglaň gaýasynda*
*Ganat gerip bilseň çyka.*
*Ir baharyň haýasyna*
*Gyýyp gelseň, özüň nika.*

*Bagyşlasaň, bar barlygy,*
*Öýkäň örtemese, halat.*
*Ýüregiň düzden darlygy,*

Bolsun ynsan üçin galat.

Keýpiň çaglasaň, çaglasaň,
Guş bolmasaň, ýöne uçsaň.
Ýa bir möňňürip aglasaň,
Gaýtalap ömri bir başdan.

## STAMBUL RUHY

Janymdan jan syzyldy,
Uçmah ryzwan syzyldy.

Ölüm perwanasyndan,
Ne nem, ne gan syzyldy.
272
Nije ýyldyr, gamsyzam,
Ýollarym sowalsyzam.
Gidibilseň gidiber,
Ellerim galamsyzam.

Uzat maňa gollaryň,
Niçik hal- ahwallaryň.
Düşünmediň- düzmediň,
Nirede hyýallaryň?

Gelip- geçen dünýe bu,
Neneň- niçik heňde bu,
Bizi bir ýana goýup,
Hyýallary zyňdy bu.

Içim- içime gider,
Gazlar göçüme gider,
Seň gözlerňe baglandym,
Olar geçirmediler.

Kelebiň ujy gaçdy,
Melegiň täji gaçdy.
Unudylmajaklardandyk,
Pelegiň ýady gaçdy.

Suw geler, akar gider,
Nemlendir, ýakar gider.
Bir gün adam teninden,
Towlanar, çykar, gider.

*273*
***AŞYKLARYŇ ŞÄHERI***

*Bu säher aşyklaň säherimikä,*
*Gün doganok, daňyň düýbi çyzyk dur.*
*Wagt ho- ol daglaryň sergin gerşinde,*
*Bir pursat dynç almaga ilgezek dur.*

*Gijäniň açary söýgiň elinde,*
*Ol açaryň gizlin ýeri mukamdyr.*
*Çeşmelerde suw monjuklar ot- elek,*
*Menzil- menzil, gaýa- gaýa bökýändir.*

*Wagt goýbermeýär, ýagty kuýaşy,*
*Çünki aşyklara gelipdir, döwran.*
*Bu pursatda söýgi gujagna alyp,*
*Aşyklary üwrär, dünýäni üwrär.*

*Bu pursaty saklaň, heýkele öwrüp,*
*Ýadygärlik ediň, aşyk kowmuna.*
*Bu daňdan dönüpdir, bir pursat göwrä*
*Dolanyp, söýginiň, Hakyň kowmuna.*

*Bu säher aşyklaň säherimikä?*
*Gün doganok dünýäň bagtlaryndan.*
*Hormatyňa dünýä bu gün haýrandyr,*
*Kuýaş ho- ol daglarda garaşyp otyr,*
*Rugsat  diläp söýgiň jübütlerinden.*

***274***
***MINIATÝURA***

*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä...*
*Dökän- saçan ýyldyzlaryň içinde,*
*Gözlerime garap, sözleriň süýjäp,*
*Hiç syrylmaz dert galdyrdyň içimde.*

*Söze erk edemde, dodagym ýapdyň,*
*- Bilýän...- diýdiň, düşünipdiň sözlerme.*
*Bu bahar syrymyz gizläp bilmedik,*
*Ýetişmedik ýaglyk daňyp,“gözdaňdy“*
*Oýnamaga, ýyldyzlaryň gözlerne...*

*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä,*
*Leblerimden dökülende bal suwy...*

*Sallanjyrap depeden Aý gelinçä,*
*Hem yşgym aglady çäksiz gam syzyp...*
*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä...*
*Ýyldyzlaň gözleri açyk daňa çen.*
*Bu bahar ýene- de syrymyz süýjär,*
*Arşdan gelýän yşgym ýaýrar ýaňa çen...*

*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä...*
*Asmandan syrygan perde galgady.*
*Yşgyň howry göwräň daşyna güýjäp,*
*Ygtyýarmyz bu zeminde galmady...*

*275*
***BAHARA HAT***

*Sensiz gijeleriň başy goýulmaz*
*Ak ýassyga,*
*Ah, ýassyga,*
*Ýassyga...*
*Göwrämi galama öwrüp aşygym,*
*Meni yşga batryp, dessan ýazsana!*

*Sowulsa sowulsyn, gyzgyn baharlar,*
*Demiň sowulmasyn, ol maňa ýeter.*
*Bu dünýede sen başarýaň ol işi,*
*Nepesiňi nepesime çatsana.*

*Syl gözýaşym,*
*"Iller görmesin" diýip,*
*Gama batyşyň deý,*
*Gülkä batsana.*
*Men hakynda*
*Her baharlar gelende,*
*Ýagyş damjalary*
*Öwrüler şonda,*
*-ýazdygym hat saňa.*

*Her bahar gelende*
*Ýagyş damjasy,*
*Ýagar durar, ýagar durar asmandan*
*Bolup menden gelen*
*Bölek hat saňa...*

***276***
***SAZANDA***

*Sowlup sähraň gyzgyny, güýz sykylyk çalanda.*
*Garaşaryn gelerňe, eý, görmegeý sazanda.*
*Hyýal guşuň ganaty, belentlere galanda,*
*Gözýaşlar suwlar ýoly, saz hyýally sazanda.*

*Gördüm gudaratyn gördüm, sözüň, gözüň, söýginiň.*
*Kerdim, açyldy indi gulaklary serweriň.*
*Asmany gün erňekläp, alyslara galanda,*
*Ilkinji ýada saljak, söýgülim sen, sazanda.*

*Ýüzüň nuruň öýjügi, bakyşlaňda özüm bar.*
*Meň didäme dideleň çolaşyplar galandyr.*
*Bir gün bu ýoly ýeňjek, bir ganatly ýoluň bar,*
*Menem alyp gidersiň, eý, görmegeý sazanda.*

***Biziň ...***

*Biziň başga girdeýjimiz ýok ahyr,*
*Aýlyk bolaýmasa, ogul öýäre.*
*Senem, menem gorawersin, Allahym,*
*Saglyk bersin, jaý kireýni töläre...*

*Bileje çekişip, derdi- azary,*
*Öçüberýär eken söýginiň emri.*
*"Ynha, bu gün, erte, birigün" diýip,*
*Geçiberýär eken, adamyň ömri...*

***277***

***GADYM DÜNÝÄŇ BIR ŞAHYRY KEMELDI***
***(Doganym Güljahana)***

*Gadym dünýäň bir şahyry kemeldi,*
*Dünýä seret ýylgyryp dur, gör indi.*
*Daglardan peleňdi, haýbaty, sesi,*
*Deryadan tereňdi, köňlüň eýesi.*

*Pespäldi gözleri, mydam gussaly,*
*Eli galamlydy, şygyr- kyssaly.*
*Seret ine, oň mazary köneldi,*

*Gadym dünýäň bir şahyry kemeldi.*

*O gün dünýä lerzan boldy, akdy suw,*
*Aşyklaryň köňli Arşda elendi.*
*Şonda birden- birden aglady arzuw,*
*Çünki dünýäň bir şahyry kemeldi.*

*Yhlaslar hem ýandy, ýürek elendi,*
*Sebäp dünýäň bir şahyry kemeldi.*
*Şonda dünýä mana, duýga elendi,*
*Sebäp dünýäň bir şahyry kemeldi.*

*Ol dogana dogan, jigä arkady,*
*Yşgyň perdeleri gaýyp elendi.*
*AglA dünýä, aglasana "haý" çekip,*
*Gadym dünýä, bir şahyryň kemeldi.*

***278***

## ***ÝITGI***

*Meşhur artist Allaberdi Meläýew dünýeden öteninde, dosty meşhur artist Ata Moşşyýewe bagyşlap ýazylan goşgy*

*Sen ýöräp barýarsyň ýalňyz ýodadan,*
*Egniňde ýük däl- de dünýä göterip.*
*Dostsuz ýollar kötellidir, ýadadar,*
*Ýalňyz galsaň, söwer dosty ýitirip.*
*Ýyllary- da, ýollary- da, ýeňmeli,*
*Ýöräp, ýöräp, ýöräp gidip ussadym.*
*Güýz ýapragy ýodalarda sermenip,*
*Maňa çawuş çakýar, seniň hasratyň.*

*Aglama sen "gidti"- diýip, dünýeden,*
*Şonsuzam aglaýar, güýzüň şemaly.*
*Ýaşamak kýn bu dünýede ýitirip,*
*Söwer dostyň, Allaberdi Meläni.*

*Sen ýöräp barýarsyň, ýalňyz ýodadan,*
*Dostuň ýükün hor egniňde göterip.*
*Düşünýän, kyn bu dünýede ýaşamak,*
*Onuň ýaly beýik dosty ýitirip.*

***279***

***YLHAMA***

*Eşidilmedik nagmalarda,*
*Howada doňan elleriň.*
*Sypalyn yetmiş gatyndan,*
*Çykyşyň seniň süllerip.*

*Häzirem ýadymda, janym,*
*Häzirem ýanyňda ýanym.*
*Yşgyň  hatarly ýodasyn,*
*Ot basypdyr, ykbalym.*

*Gelmezmiň  ümür gowzanda,*
*Kuýaş gökde gerinende,*
*Sen ýana yürek howlanda,*
*Oýalyk düýş görünende.*

*Egrem- bugram bag goluna*
*Golum atyp söhbet etsem.*
*Gelmezmiň şol basgançakdan*
*Täsin yöreyişli eýsem.*

*Garaşýan ýadyňdadyr- la,*
*Meniň soňsuz garaşýanym.*
*Gatbar- gatbar gussalaryň,*
*Aşagynda garaşýaryn.*

***280***

***DERWÜŞE***

*Seň  ýüregiň  mähri mähre ilişse,*
*Heserden aýagyn yylgyryşlaryň.*
*Ýazlaryň  gülünden ak sapak işip,*
*Güllü jorap kimin ýama gyşlaryň.*

*Gelip gidiberjek bolýansyň welin,*
*Goýbermerin,aý  aýlanman,hepdeläp.*
*Bagtyň  nämedigin aýdaryn telim,*
*Ýyly günleň  gülşenlerin desselap.*

*"Seni görüp durkam, göresim gelýär"*
*Mähriň  ogurlady erkimiň  bagyn.*

*İndi ak gijeleň  gyrasyn görmän,*
*Ugratsak neneň bor, hoşroý ykbaly.*

*Sen perişan göwnüň  aýa gussadan,*
*Menem aýa, aýa ýylgyryşlaryň.*
*Gijeler ukuda, ýürek tussagda,*
*Goý  haýrana goýsun, serwer düýşleriň.*

***281***

## ***MELEGIŇ AÝDYMY***

*(Jenaplar bolmasa hanymlar bolmaz)*

*Aň- jenap atygsan ýoda,*
*Alyjenap, alyjenap.*
*Men seniň  gök halat içre,*
*Ereýän naýbaş melegiň.*

*Ýa kersenli balykçynyň,*
*Ertekisinde galdyňmy?*
*Göterlipdir seniň   çiniň,*
*Söýýänligiň  beri çynmy?*

*Köňül edähedin bozar,*
*Gözellikden çyksa jogap.*
*Maňa söýgi hatjagazyn,*
*Iberewer, alyjenap.*

*Menin ak ellik gysymlan,*
*Barmaklamda hat "uklasyn"*
*Setirlerden ballar akar*
*Yaly, sen her setire siň.*

*Alyjenap, oýun däl bu.*
*Gelip dursun, sizden jogap.*
*Men aýal- a kalbym näzik,*
*Gidäýmäýin, birden sogap...*

***DOST HAKDA SÖZ***

*Hiç kim bu jahana görmez artykmaç,*
*Gül kimin synamy mahriban dostum.*
*Sowuk gije ýassygymy sörtükler,*
*Uçuryp, göwnümi aldayar, dostum.*

*İkimiziň söhbetimiz soňsuzdyr,*
*Sensiz agyr, başa düşen hasratam.*
*Sen bar ýygnan gowulygym deý, mensiz heý,*
*Kaýyl bolup galarmykaň kysmata.*

*Äleme aýlanyp duran, aý şöhlesi kinäňdir.*
*Gaýmagy deý mendirin, eräp gitjek içinde.*
*Höwesime seniň ýaly hiç kes hyjuw guýmandyr,*
*Kalbyma-da seniň ýaly, başga hiç kes düşünmez.*

*Meýilimi makul saklan ýeke özüň jahanda,*
*Mahmalymdan çekjegim sen, aýnap gitsem dözümli.*
*Ýa üstüme iýnjegim sen kebelekli baharda,*
*Ýa sen meniň gapdalymmy, ýa sen meniň özümmi?*



***ARTYKMAÇ AÝAL***

*(Zehinli suratkeş Aýna Nuryýewa bagyşlanýar)*

*Sen kän ýer tutýarsyň, meniň kalbymda,*
*Özge bir kişä- de bakmaýaň,gyýa.*
*Sen owadan aýal, edil gyz ýaly,*
*Sen artykmaç aýal, ejaply uýa.*
*Ejem dagam begenýärler, sen gelseň,*

*Öýe girsen, tör owsunýar, şatlana.*
*Sen kiçijik hem sadaja göwnüňi,*
*Bagş edýäň dünýede nepis zatlara.*
*Sen onsuzam kän ýer tutýaň kalbymda,*
*Lebleň meň goşgymyň setiri ýaly.*
*Gözleriň manysy gussa batypdyr,*
*Edil ýalňyzlygyň şekili ýaly.*
*Bahar gar syranda, nowruzy öpüp,*
*Biz hakda edende näzijek hyýal,*
*Sen Muhammet atly ogluny öpüp,*
*Ellerinden tutup, gelsene bize,*
*Bize kän gelsene, artykmaç aýal.*

***"DOGAN" DIÝERLER***

*Zeminiň gatyna syýa döker- de*
*Şygyr ýazar biz ikimiz barada,*
*Meň galamym.*
*Bagyşla sen ezizim,*
*Biziň söhbetimiz dogan barada.*

*Biz baglaryň ýapragyna saralan*
*Şemallaň aýdymny diňläp ulaldyk.*
*Ulaldyk biz ýagşylygyň içinde,*
*Ýamanlygy geňläp- geňläp ulaldyk.*

*Göwräň ynjan köňüllere hoş bir ys,*
*Ejem seniň ýylgyrşyňdan dömdim men.*
*Bu giň howla göwün berip, boşlugyň,*
*Namedigni gözüm bilen gördüm men.*

*Okadyk, öwrendik geçegçiligin,*
*Bu gadymy, aldawçy ak dünýäniň.*
*Erkimiziň diňe ejemdedigin*
*Bildik hüwdi hakda bir heň diňläbem.*

*Biz ulaldyk- halypalaň sazynda,*
*Göre- göre bir- bireksiz oňmany,*
*Biz birek- birege ýylgyryş bolup,*
*Baýlaşdyrdyk "dogan" diýlen dünýäni.*

*Zeminiň gatyndan syýa döker- de,*
*Tebigat damardan söýgi goýberer.*
*Ana şol damardan bileje dämen*
*Syýalara bizde "dogan"- diýiler.*

## *ÝÜREGIM ÝÜREGŇE MEŇZEŞ*

*Meň ýüregim, seň ýüregňe meňzeşdir,*
*Sesiňde- de bardyr,meniň owazym.*
*Söýmedik günlerim, sesim güňleçdir,*
*Gamlydyr soragym, syrly nazarym.*

*Bakyşyň heserme şärikdigini,*
*Bu jahanda söýgiň  şalykdygyny,*
*Saňa öwran- öwran aýdasym gelýär,*
*Sözlermiň  ummanda balykdygyny.*

*Gözelligiň keşbi ýüzüme siňen,*
*Gözlerime gussa gizlenip sümen,*
*Ýok dilim däl, saňa köňlüm sözleýär,*
*Men bir seň yşgyňda saralan Senem.*

*Söýgüden syzylan daňlara salam,*
*Görküne görk goşan dillere salam,*
*Bir- biregi gyzgyn mähre eýleýän,*
*Yşk bilen badaşan dillere salam.*

*Meň  ýüregim seň ýüregňe meňzeşdir,*
*Sesiňde- de bardyr meniň nepesim.*
*Söýmedik günlerim sesim güňleçdir,*
*Men hakda kän ýazan kämil Nepesim.*

**286**

## *MEN...*

*Men aglap otyryn, penjire açyk,*
*Gussasy bar, bu Aziýa gyşynyň.*
*Gorkýan sönerinden, gorkýaryn juda,*
*Sönerinden ýürekdäki yşygyň.*

*Men aglap otyryn, aýakýalaňaç,*
*Ylgap gezen düzlerim bar, gözümde.*
*"Sen ýalan sözleme"- diýip, gygyryp,*
*Ýene ýalan tapmadyňmy, sözümden.*

*Men aglap otyryn, syrdaşy saýyp,*
*Ýanyma gelenleň gussasyn dartyp,*
*Ýöne men bilýärin, hiç kimem meni,*
*Köşeşdir öýdemmok, bolşumdan artyk.*

*Men aglap otyryn, ejizlikdenmi,*
*Ahmyrdanmy, armandanmy, surnugyp.*
*Men aglap otyryn, ýeke- täk özüm,*
*Bu dünýede açylmajak syr bolup...*

*287*

## *ÝATLAMA...*

*Açyk penjiräň astynda gyşdan galan ot küdesi,*
*Owadan ýagşyň ysyna, ýatyr mädäňi kükedip.*
*Mawy hünjä meňzeş üzüm, dalbara dakylan bezeg,*
*Şahyry ýene ynjydyň, dem bersin ol gözel heňe.*

*Yralaň oň köklerini, berkesin ol pes päl bilen,*
*Alyberiň oň ornuny, hile hem al, ykbal bilen.*
*Onuň orny arşdadyr, siziň aňýetmez ýeriňiz,*
*Onuň durmuşda ornuny köp bolup siz saklaň bile.*

*Ol sizden has uzaklara, hesretiň deňzine tarap,*
*Ýüzer gider, küreklär- de, ýönekeý galam—gaýgynda.*
*Ýöne ädim ädäýseňiz şahyryň köňlüne tarap,*
*Oýlanyň, ornuňyz barmy onuň owadan kalbynda.*

*Şeme syrdaş gijesinde seniň näçe günäň baryn,*
*Sanar onuň gözýaşlary, näçe hasrata çydanyn.*
*Saklaň, onuň ykbalyna gyýa göz bilen bakmana,*
*Hakyň barmy, şonda jogap berip bilersiň ykbala.*

*Şahyr ýüregi hasratda, diýmek syrdaş ýok, ýekedir.*
*Onuň penjiresi açyk, diýmek, ýüregi gysýandyr.*
*Owadan ýagşyň ysyna täsin demini kükedip,*
*Şahyr ýüregi söz gözläp, müň bir dürli öwüsýändir.*

*Goýuň ony öz gününe, goşgy ýazsyn ömri hakda,*
*Başgamyzdan miras galmaz, onuň ýaşan döwri hakda.*
*Şahyr öz sözleri bilen zemini hüwdüde üwrär,*
*Goýuň ony öz gününe, şahyryň göwnüne degmäň.*
*288*

## *OGLUMA*

*Meýdanlar dolupdyr gara gargadan,*
*Kyrk çille dolanok, sowuk agşamlar.*

*Ýaprak güýzän halda üstüňe gaçsa,*
*Şol men seň ýanyňa haýdap barşymdyr.*

*Zeminiň ysyndan serhoş bu serim,*
*Oglum, ýyly geýin, daşaryk çyksaň.*
*Sen meniň dünýäde täze eserim,*
*Ol eser ynjaýar, göwnüňi ýyksam.*

*Maňa seniň saglygyňdan eziz zat,*
*Meger arzan düşer ömrüň ýolunda.*
*Şu surat ynjalyk berenok maňa,*
*Gözleriň ýolumda, gözüň ýolumda.*

***289***

## ***ŞAHYRLARA***

*Söýgä söýgi beriň,*
*Eger bar bolsa.*
*Goýuň onuň duýgylarnyň deregne,*
*Bir ajaýyp mähri, howür edinip,*
*Başarsaňyz, ýaşaberiň bir egne.*

*Dünýä soýgi beriň,*
*Ýüreklerňizden,*
*Dünýe mähre intizardyr, käýarym.*
*Ylham beriň koňüllere kagyzda,*
*Sizi küýsäp,aglamasyn, käbäniz.*

*Guwlar keşde çekip,bozman äkitsin,*
*Kynam bolsa, keramatly adyňyz.*
*Güller ýele çawus çakyp dokasyn,*
*Howada däl, Arşda galjak adyňyz.*

*Size suratkeşiň gozleri gitsin,*
*Surat çekin,sözler bilen ýadaman.*
*Dünýede kän kisä süýji söz aýdyň,*
*Iň gerek zat, häzirlikçe adama.*

*Galamňyza dem salyň- da ýazyň, siz,*
*Yzarlap, yzarlap, duýgularňyzy.*
*Käňlüňizi bir sapaga düzüň siz,*
*Garyp,şatlygňyzy,gaýgylarňyzy.*
*Zamananyň ogly boluň, şir boluň,*

*Danaň  ýanda halyf  boluň, pir boluň.*
***290***

*Mydama, mydama söýülseňizem,*
*Bolmalyňyz: Mydam mähre zar boluň.*

## ***ŞAHYR***

*Şahyr yöne yere döreýän däldir,*
*Arşda uçýandyr ol ýerde bolsa-da.*
*Onuň  durmuşynda çuň syrlar kändir,*
*Kalby sada,buýsanç serde bolsa-da.*

*Ylahydan gelen,iberilen deý,*
*Gözleri dury hem biraz ynjykdyr.*
*İlini beýgelder,bolşundan hasam,*
*Olaryň  kalbyndan dünýä  iýnjek heň.*

*Olar ýagşylygyň  goragna galyp,*
*Mertlik bilen şerin üstüne sürner.*
*Şahyr ykbalynda özge dünýeler,*
*Özge älemleriň  syrlary görner.*

*Bu dünýäni setirlerne mündirip,*
*Älem sary ylham atyn gyssarlar.*
*Arş içinden gelen ylahy ylham,*
*Olaň çuňňur kalplaryna hossardyr.*

*Guşlar daň saheriň aydymyn aýdar,*
*Owazyny goşup,şahyr sözüne.*
*Şahyr şeýdip Arş içinde aýlanyp,*
*Aydymlarda gaýdyp geler yzyna.*

***291***

## ***YŞGYŇ YZASY***

*Adaty neýlesin, yşgyň yzasy,*
*“Din- iman” diýipdir, Magtymguly hem.*
*Sen maňa “ýaz”diýýäň, eziz ussadym,*
*Senem galam bilen, onuň guly sen.*

*Bu ýürekde köwlempaja öwrülen,*
*Yşgymyň sesinden gaçyp uzaga.*
*Bu men “Ykbaldaky”şol gamgyn naçar,*

*Göreçlerim meňzeýändir, Uzuga.*

*Bu sere müň akyl gelip gonaýjak,*
*Ýer tapsammy...Ýarjak kalbyň zähresin.*
*Indi tahyr sorap geler öýdýäňmi,*
*Derdin özge çözmez bolan Zöhresin.*

*Ýene kim galypdyr, Leýlimi munda,*
*Mejnun görüp, görmezlige salynan.*
*Ýa- da ýeňmedimi,eziziň ogly,*
*Yşgy salyp, bir iýnçejik galama.*

*Ýok- la, asla yzasyndan syýaly,*
*Bolan bolmaklygy mümkin Kerimiň.*
*Menem indi gussa bilen şygyrda,*
*Bir ujundan berýän borly bergimiň.*

*"Owal- ahyr ýazjak bolsaň, häzir ýaz,*
*Yşk syýasy goýy bolar bar zatdan"-*
*Diýen hatyň tahylymda gögerip,*
*Daragt bolup, gol ýaýratdy, USSADYM.*
***292***

***PYRAGA***

*Sen gögüň gapagy,*
*Göwnüň gapagy, sen älem syrlarnyň syrly sowaly.*
*Ýeriň wagtsyz zamanlarnyň ölçegi,*
*Bilmedim kim, ýöne adyň Pyragy.*
*Döwletler dolandy,*
*Ýyl zynjyrlandy.*
*Togtady aý şuglasyndan utanyp.*
*Bir ýerlerde Arşda bar bolsa,bir öý*
*Meger ol öý şygyr ýazýan otagyň.*
*Aşyklaň nepesi- her bir harpyň seň,*
*Sözüň syr bazaryn  baglar- da gider.*
*Sen asyrlaň jedellerniň düşegi,*
*Alymlaň köňlüne düşen ýara deý.*
*Saňa kim jogap biýr,kim açyk aýdar*
*Kimmiş daşa çekjek bolýan yragy.*
*Men bir zady bilýan  sen hakda diňe,*
*Sen Türkmeniň ogly, adyň Pyragy.*

## ***SORAG ALAMATY***

*Sen dilleriň sorag alamatymy,*
*Ýa alymlaň togtan kanagatymy?*
*Bilemok bar zada  nokat goýulýar,*
*Ýa  seň üçin nokat alamaty ýok.*

*Bir köňlüm bar-guşmy,guş dälmi bilmen,*
*Söwdasy yşk bilen daş dälmi bilmen,*
***293***

*Sowaly gözlere ýaş dälmi bilmen,*
*Ýa ol şygyrlaryň keramatymy?*

*Ýa sende nokat ýok,ýa men has ejiz,*
*Şonda-da setirleň köňlüme eziz,*
*Bir syry açmadyk,belki- de heniz,*
*Belki sen syrlaryň alamatymy?*

*Älemde sowally aýlandym ýördüm,*
*Kim beýik Pyragy? Kän sowal berdim,*
*Aşyklyk şeminde eredim durdum,*
*Ýa sen zemin-asman kanagatymy.*

*Sen söz däl,söwdaýa sygman bilipsiň,*
*Sen halat-serpaýa sygman bilipsiň,*
*Sen  ol syry bara sygman bilipsiň,*
*Äkit asyrlara dowamatymy?*

*Nokatsyz  Pyragy, soragym erär,*
*Jogapsyz Pyragy- şygyrlam dörän.*
*Men seň soragyňda asmany görýän,*
*Ýyldyzlaň iberen salam hatyny?*

*Biz bir uly sowal içre ýanarys,*
*Biz bir kiçi jogap içre ýanarys,*
*Sen  bir biz däl,her  türkmeniň damary,*
*Ruhumyzyň beýik hemýatymy?*

## *ŞAHYRYŇ GYZY MEN...*

*Asmanyň aýdymny diňläp ulaldym,*
*Ajap söz eşitsem giňap ulaldym.*
*Ulaldym men, ýagşy dünýäň içinde*
*Ejemiň öwüdin diňläp ulaldym.*

*Ýyllar sepen ak saçlarmyň tarynda*
*Söýgimiň çigni bar, muňa- da şükür.*
*Doganlarym bu zeminiň üstünde*
*Sähel görmeseler, ýoluma çykar.*

*Şahyryň gyzy men, asly sünnäli,*
*Ejemiň şygrynda adym bar meniň.*

*Eziz ýara aýdylmadyk sözlerde,*
*Erte- birigün aýtjak zadym bar, meniň*

## *Sen uka gideňde...*

*Sen uka gideňde, älemiň üýni,*

*Ümsümligiň saýasynda bukuldy.*

*Sen uka gideňde baglaň hasraty,*

*Gyraw bolup, symgylt sähra döküldi.*

*295*

*Sen uka gideňde,*

*Yşgyň ýelleri,*

*Öwrüldi ullakan, giň sallançaga.*

*Sen uka gideňde  zemin ýelleri*

*Şahada garaşdy, kän sallanjyrap...*

*Sen uka gideňde, syrlar azaldy,*

*Derýa reňk gözleriň hanalarynda.*
*Seň uka giderňe garaşýan eken,*
*Meniň gussalarym täzelendiler.*

*Sen uka gideňde,*
*Süýji sözleriň dodakda "özlerin ýitiriberdi"*
*Sen uka gideňde, ýylgyryşlaryň*
*Ýaňagyňa  "çöküp oturyberdi"*

*Sen uka gideňde...*
*Dymdy ýüregim,*
*296*
*Asudalyk hopukdyrdy bir pursat.*
*Sen uka gideňde,*
*Ýalňyz diregim,*
*Bakylyga garşy ýöneldi gursak...*

***Agaç sekiler***

***(Doganym Döwrana)***

*Haýa diýen goýy syýa içimde*
*Ömürlik agyry,arman goýsa-da*
*Seni şol gün sekimiziň ýanynda*
*Otyrkam göremde çäksiz buýsandym.*
*Gözümden uçanna telim ýyl boldy,*
*Göwrämdäki  bagt atly açaryň.*
*Indi güýzem  üzüm sekiň üstünde*
*Ýazdy ýapraklardan sary saçagyn.*

*Gara gyş gelmänkä,aglap müzzeren*

*Baglar dökmez miwesini ekine.*

*Indi agşam çygdan düşek ýazar-da*

*Üstünde oturtmaz agaç sekiler.*

*Güýzde kyn-a,gam-gussadan daşlaşmak,*

*Güýzde ýetimleşýär öňem ýekeler.*

*Daşarda oturmak arzuwdan kesýär,*

*Çygdan "düşeklenen" agaç sekiler.*

## *ÝOKARKY GATDAN SEREDILIP ÝAZYLAN GOŞGY ...*

*Alabahar bulutlary "jübtekläp"*
*Geçip barýar,gökden daňyň şemaly.*
*Gatbar jaýlaň äpişgesin itekläp,*
*Seretseň,adamlar gärynja ýaly.*

*Ýogsa-da tapmajakdygym bilýärin,*
*Olaň arasyndan seniň ulagňy.*

*Guşlar bilen şäher gohy dünýämiň,*
*Edil häzir deşip barýar, "gulagny".*

*Edil häzir howlukýan hol köçede,*
*"Haçan ýanar" diýip,gyrmyzy yşyk.*
*Şonda käte,belent jaýyň deňinde,*
*Duraýjak ýaly sen,ulagdan düşüp.*

*Alabahar bulutlary "jübtekläp",*
*Gojalaň göwnüne çag berýän ýaly.*
*Häzir ýeke çaý içýänme,kemsinýän,*
*Seň ýanyňda gelniň,çaý berýän ýaly.*

*Ömür gysga,şol garaşyp ýörerden,*
*Alabahar ýaly gaýtalanmaýar.*
*Häzir bulut geçýär daňdan köçeden,*
*Olaryň hatarny aý "tamamlaýar".*

*299*

*Ol mendirin,ahmyr çekme,köçede,*
*Alabahar ýeli,ulagňa "münse".*
*Sen ýylgyr dünýäniň göwni köşeşer,*
*Şäher şowhunlygna goşulda geňsi.*

*Ýyllary baharyň demine çatyp,*
*Geçip gidýär, wagtyň ýowuz "gamçysy"*
*Elwan ýaglyklary,eline çatyp,*
*Uzaklaşýar,köçäň gelinaljysy.*

*Şol mendirin,aýnaňyzdan seretsem,*
*Ýa seretseň...belki bu meň islegim.*
*Gatbar jaýlaň öýkeleşmegi mümkin,*
*Käte aýnamyza garap gitmeseň.*

***Men tebigat***

*Cykdym gitdim, öz- özümden , öňümden,*

*Çykanlara salgap- salgap gollarym,*

*Yzymda galanlaň içinde goýup,*

*Özümden çykaran ýaşyl almazym...*

*Gussalar bir- birden täzelendiler,*

*300*

*Şatlyklaň könelip gidişi ýaly...*

*Gapdalymdan barýan özelenmeleň,*

*Maňa biwepalyk edişi ýaly...*

*Çykdym gitdim, perlem döküldi gökde,*

*Ýene- de gurplandym, ýene- de uçdum...*

*Çykdym gitdim, çünki käteler guşdum...*
*Käteler kebelek, käteler düýşdüm,*
*Çykan dünýäm bilen giren dünýämiň,*
*Bir- birine çolaşyplar galgaýan*
*Alajasyn özüm elimde işdim...*
*Ýykdym gitdim,bu barlygy ýaňsylap...*
*Aýdymlarda mündirip äk gämime,*

*Kä gonsam hem , kä dänsem hem özümden ,*
*Sygman syçradym kä kiçi gäbime...*
*Çykma uýgun wagty çykdym, başardym...*
*Çünki toprak yslym söbügimdedi,*
*Girsem- çksam ganat aldym daşardan,*
*Gudrat meň kiçijik göbegimdedi.*
*301*
*Nobatyma durdum, çykdym nobatdan,*
*Käte- käte nobat alman kösedi.*
*Girdim – çykdym iki dünýäň içinde...*
*Bilmedim hiç,*
*Bilmedim hiç bes edip...*
*Diýmek girmek, çykmak bilen ýasalan,*
*Tebigat men- ikisi hem bar içimde...*

## ***O ne beýle?***

*O ne beýle? “dur gitme- de”diýmediň,*
*Ýogsa,aýryldyg- a, hut öňki ýaly.*
*Onda näme üçin her gün, her pursat,*
*Sen meniňki ýaly, men seňki ýaly?*

*Birden birimiz bir duýmaly ahyr,*

*Aýralygyň ýeňilleşen şertlerin.*

*Onda näme seni görsem,*

*Ýa görseň...*

*Hanama sygmaýan ýaly dertlerim...*

*302*

*O näme üçin onda, senem aýply dek,*

*Ýa- da menem, seni görsem, utanýan.*

*Onda diýmek aýralygyň adyndan,*

*Aýrylyşan bolup ýörüs utanman.*

*"Aýrylyşypmyşyk", tumşuklar gökde,*

*"Özi habar tutar" hökmün ýöredýäs.*

*Ýöne, näme üçindir birek- birege,*

*Bir- birimiz görmeýärkäk seredýäs.*

***Başga biz...***

*Ýetip bolmaýan zat süýji bolarmyş,*
*Goý ýetilmän galybersin yşgymyz.*
*Bir- birege ýetip bolmajakdygyn,*
*Bilýädig- ä onsuzynam başda, biz.*

*Ýeter ýaly däldi, birek- birege,*

*Bahar duşup, aýrylyşdyk, gyşda biz.*
*Indem seret, bir- birege has ýakyn,*
*Indi öz öýmüzde juda başga biz...*

*Göwne salyp, bolguzysja bahana,*
*Aýra salyp ykbal, gezsek daşda biz.*
*Henizem gar basan meýdanyň ýüzün,*
*Bile ýöräp, geçýän ýaly, gyşda biz.*
***303***
***Seniň ýanyňda...***

*Meniň bir ahym bar, seniň ýanyňda,*
*Şol ahy küýseýän, seni görmesem.*
*Ynan, sen bolma- da meniň ýanymda,*

*Ýöne ahym sende galyp durmasyn.*

*Ynan, özüňden öň ahymy küýsäp,*
*Ýürek neneň çydarka, hiç görmese.*
*Men oba gideýin, belki görmesem...*
*Ahy- zarym sende galyp durmasyn.*

*Gözläp sejdesini, gözläp höwrüni,*
*Ýürek halys boldy, sansyz urmadan.*
*Ýöne... Sen başarsaň, unudaý, razy...*
*Meniň ahym sende galyp durmasyn...*

*Belki görmän ýörsem... Gowşar küýsegim,*
*Ahy- zarym sende galyp durmasyn.*
*Ah, seniň ýanyňda meniň höwrüm bar,*
*Haýyş edýän, ony hiç kim görmesin...*

***Şonda...***

*Şonda aý gaçypdy kölüň üstüne,*
*Gözleýän dek ezizini kenardan*
*Maňa görünmeklik üçin ösdüren*
*Senem saçyň barmak bilen darardyň...*


*Artykmajam däldi aýdyljak zatlar,*

*Ýöne aýdylaýsa welin kem däldi.*
*Şonda-da aýtmadyk,yşgyň owazy,*
*Ýürekleň gatynda, demimde galdy.*
*Aýyň ýatagyna ilişip  galan*
*Suwotylar  ýuwka geýim mysaly.*
*Ikimiziň aramyzy garyşlan,*
*Ejabyň öýmesi  lebimde galdy.*

*Ýene dymdyň... suwa nazar  "zyňýardyň"...*
*Şonda aý gaçypdy, kölüň üstüne...*
*Barmak bilen saçyň darap  dymýardyň,*
*Maňa görünmeklik üçin ösdüren...*

***GÜLLER DÜNÝÄSI***

*Yöräp barýan,nazar salýan edaly,*

*Seyilgahiň gülli,gunçaly agzy.*
*Gül-gunçalar bir-birine näz edýär,*
*Has süýjeýär guşlaň,säherki labzy.*

*Bir günüň içinde howa üýtgeýär,*
*Bir günde aylanýar,asmanyň başy.*
*Asman seyilgähe meňzeýär häzir,*
*Bu pursatlar baharlaryň gözbaşy.*

*305*
*Ylgap barýar daňyň säher şemaly,*
*Eteginden gül dökülýär zemine.*
*Bu güller deňziniň ýokdur kenary,*
*Çüwdürimler meňzeş,güýçli zehine.*

*Bu owadan guşlar Arşdan geldimi?*
*Gör-ä juda nazik gülleň baldagy.*
*Unudýaň sen,galamdygyň,güldügiň,*

*Elleriňde saklap,ýazýan zadyňy.*

*Ylham çogýar,*
*Asman zemine gonýar.*
*Zemin başyn goýýar,Arş-u-Aglaýa.*
*Gül bolup göterlip, arzuw-hyýalym,*
*Ýukajyk öýme deý,gökde galgaýar.*

*Gül ýagdyr tebigat asmandan ýere,*
*Bahar geleninde gyzyl çog bolup,*
*Güller Arşyň aşyklara sowgady,*
*Gül geler asmandan gysga çag bolup.*

***Indi mende...***
*Indi mende suratyňam bar seniň,*

*Bar dünýämi dolduryşyň güleňde...*

*Ýakyşykly syratyňam bar seniň,*

*Halaýan ýöreýşiň bakyp belende...*

*306*

*Gödeksi görünýäň gaşyň içinden,*

*Gussaly gözleriň maňa bakanda...*

*Azajykdan öwrenişen bolsamam,*

*Utanýan yzyndan saňa bakamsoň...*

*Özüňi görmesem,zeleli ýokla,*

*Indi mende suratyňa bar seniň.*

*Suratyňa ýetip bilmän ýaşadym,*

*Syratyňa ýeterinmi,ýa seniň!*

***GUWLAR GEÇÝÄR AMMAN-AMMAN***

*Heý, guwlar, heý sary guwlar gaýduwsyz,*
*Biziň ilde ýary gören barmydyr...*
*Gitmäň uzaklara, yza gaýdyň siz,*
*Söwer ýary ýeke goýan ýarmydyr...*
*Heý, guwlar, üzmäň siz aralarňyzy,*
*Üstüňizden geçýän näzik bulut deý.*
*Uzaklarda ýar köňlüniň küýsegi-*
*-Ýetilmesiz menzilinden bolup heý.*
*Heý, guwlar, heý, ýary gören barmydyr,*
*Bir görmäge zary gören barmydyr.*
*Ruhumdaky gamgyn ýellerden gaýry,*
*Yklymlarda gamgyn ýeller barmydyr.*
*Heý, guwlar, güýz güni merdiwan kibi,*
*Alyslaryň aýdymyndan gana siz,*
*Meniň ilim taşlap nirä barýaňyz,*
*Başga ülkelere, başga ýana siz.*
*Heý, guwlar, heý ap-ak guwlar, ak guwlar,*
*Munda göwni söwer ýardan galan bar.*
*Gül didaryn ömür boýy arzuwlap,*
*Garaşsa-da ýar arada ýalan bar.*
*Heý, guwlar, derdimi kime diýeýin,*
*Gitmäň, gaýdyň yza, yklymlar söke.*
*Siz meň köýen arzuwlarma çalymdaş,*
*Siz bir ak matal ýa ap-ak pelsepe.*
*Heý, guwlar, heý ap-ak guwlar, gaýdyň-a,*
*Size munda gussasyny diýjek bar.*

*Gygyryp, sam-sary, gamgyn aýdyma,*
*Sizde umytlarny tapyp söýjek bar.*
*Daşlaşyp barýaňyz, sesim ýetenok,*
*Heý, guwlar, ak arzuwlar, arzuwlar...*
*Size ýüregimde bir hat galypdyr,*
*Ýar deýin sesimi eşitmedik guwlar...*

***308***

***SURAT***

*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä...*
*Dökän-saçan ýyldyzlaryň içinde,*
*Gözlerime garap, sözleriň süýjäp,*
*Hiç syrylmaz dert galdyrdyň içimde.*

*Söze erk edemde, dodagym ýapdyň,*
*“Bilýän...” diýdiň, düşünipdiň sözlerme,*
*Bu bahar syrymyz gizläp bilmedik,*
*Ýetişmedik ýaglyk daňyp,“gözdaňdy“*
*Oýnamaga, ýyldyzlaryň gözlerne...*

*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä,*
*Leblerimden dökülende bal suwy...*
*Sallanjyrap depeden Aý gelinçä,*
*Hem yşgym aglady çäksiz gam syzyp...*

*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä,*
*Ýyldyzlaň gözleri açyk daňa çen.*
*Bu bahar ýene-de syrymyz süýjär,*
*Arşdan gelýän yşgym ýaýrar ýaňa çen...*

*Bu bahar syrymyz paş boldy gijä...*
*Asmandan syrygan perde galgady.*
*Yşgyň howry göwräň daşyna güýjäp,*
*Ygtyýarmyz bu zeminde galmady...*

***309***

***Biz- ikimiz***

*Biz- ikimiz syrlaşybam bilmedik,*

*Gün-güzeran azabyndan, derdinden.*

*Bir ojakda ýerleşibem bilmedik,*

*Ýigitleriň saýlasam hem merdinden.*

*Açylar öýdüşip köňül sepleri,*
*Adam ýaly gürleşibem bilmedik.*
*Ýapsaň bolýan borly duýgy depderin-*
*- Iki göwrä ýerleşibem bilmedik.*

*Howa dünýäm, söz ýok. Diňe bar söýgi,*
*Şoň üçin biz sözleşibem bilmedik.*
*Şonda- da näzini çekdik ýüregiň,*
*Wagty bilen çözlüşibem bilmedik.*

*Bilbil güle, gül bilbile zar bolan,*
*Baharlar deý,barlyşybam bilmedik.*
*Bitaýlar deý taýly bolduk,şonda- da*
***310***
*Öz öýmüze ýerleşibem bilmedik.*

*Obamyz bir, akarmyz bir bolsa- da*
*Bir köçeden deň geçibem bilmedik.*
*Göreçdäki alawlarmyz sönse- de*
*Ýürekdäkiň sönmejegin bilmedik.*

*Biz-ikimiz sözleşibem bilmedik,*
*Iller ýaly, gürleşibem bilmedik.*
*Bir başaranymyz aýralyk boldy-*
*- Özümize ýerleşibem bilmedik.*

***311***

***Yunus Emrä***

*Aýrug sema ýükseldi,Tapdyk topraga geldi,*

*Ikisiniň arasynda, ýüpmi ýa-da darmydyň sen?*

*Ýunusum diýdim, ezelden. Gara göz gyzdan-gelinden,*

*Nije aýryla elendiň, ylah yşkly narmydyň, sen?*

*Ýazdym waspyň injisini,köňlüň golun-gunçasyny,*

*Meger men saňa aşykam, ýa-da maňa ýarmydyň sen?*

*Belent başlar aman galar, gözler-gaşlar aman galar,*

*Aman galanlar am galar, galam-defter dälmidiň sen?*

*Keremden kesbiň bar idi, behiştden wasfyň bar idi,*

*Iki jahandan daşgary saýawanmy-salmydyň sen?*

*Menem saňa sorag boldum,burçuňda täze direldim,*

*Seni okap, dür saçjakdym, ýa-da aslym lalmydy meň?*

*Saňa gelemde bilenmi, dünýäň çynyny-ýalanny,*

*Diwanyň ele alanmy, bilen bir ahwalmydyň sen?*

***312***

***Umytsyz söýgi***

*Umytsyz söýgüler özboluşlymyş...*

*Gyz ýaşy geçse- de, gyz boluşlymyş.*

*Gamy üz , dünýesi ýaz boluşlymyş.*

*...Ýigidiň görkünde ýassanyp ýatar,*

*Umytsyz  duýgular hatarma- hatar…*

*Merdana ýigitler erk edip söýgä,*

*Içine siňdirmiş, umytsyz yşgy...*

*...Gyzlar gam çekmäge höwesek bormuş,*

*Ömri perwanamyş,umyt syzyşly...*

*...Ýagyrnysyn tama berip ulygyz,*

*Tamasyny tala daňyp, aglanda.*

*Özgä taý bolmana taýýarlyk görüp,*

*Umytsyz yşgynyň bagryn daglanda...*

*...Gelin maşynyna münse- de soňra*

*Umytsyzlyk münermiş- de ýanyndan.*

*Gidermiş, şol atgulagy galgadýan,*

*"Menem äkit!" diýip, gyzyň yzyndan.*

***313***

*Gelnalyjy bilen köçeme, köçe,*

*Umytsyz duýgular aýlanarmyşyn.*

*Sygmazmyş daşaryk, sygmazmyş içe,*

*Käte ýerden göge saýlanarmyşyn.*

*...Soň guşak çözdide birden göräýse,*

*Goňşy gelniň biri kürtäň içini:*

*Bir damja- umytsyz söýgi bormuş- da*

*Gaçarmyşyn gözden bijaý içigip.*

*Oglan nämä aglaýanyn bilmezmiş:*

*"Begenç gözýaşydyr" oýlarmyş şonda.*

*Tisginermiş gyz ýaňagny ýyladyp,*

*Barmaklarna gyzgyn damja gaçanda.*

*Nika gyýlyp, gije ýigide- gelne*

*Märeke daganda, galmanda gaýry.*

*Iki göwräň arasyna sümülip,*

*Sessizje aglarmyş, umytsyz söýgi...*

***Bagtyň açary***

*Sensiz bu älemiň gapysy ýapyk,*
*Onuň asla gyzygy ýok, sensizem.*
*Tapmaryn açarny, däl ahyr ol bir,*
*Kisesinde galan gyşky ýeňsiziň.*

*Onsuzynam süýt kölüniň kenarna:*
*“Gülüm, seni alyp gitjek” diýmändiň...*
*Ejeň onsuzynam “menden görýärmiş,*
*Yşga düşüp, agşamlygňy iýmäniň...”*

*Aý onsuzam gyzykly däl bu dünýe,*
*Guş sesijnden ýadasadym mellegiň.*
*Obaň oglanlary daşda bir ýerde,*
*Hiňlenýärler gyşyň sowuk heňlerin...*

*Onsuzynam ýanwary men halammok,*



*Sensizligim bäri welin asla- da.*
*Ol uzak eglenjek myhman mysaly,*
*“Otyr” törde, poltosyny asýar- da...*
*Ýanwarda baharam uzakda ýaly,*
*Sesi çakyr, “iňirdewik”ejeň deý.*
*Oňa arzyň aýtmaklyk mümkin däl,*
*Gören kinoň ýaly, ýa düýş- öçen deý.*

*Men tapmaryn açarny sensiz baharyň,*

*Zemin bagjygyny çözläp goýbermez.*

*Onsuzynam kinäm: Wagtyň özüne,*

*Ýöne ol dymmadyr, sözläp goýbermez.*

*... Ana bar arzym meň, ýa "gel"diýemmok,*

*Ýa ýöne aýdýan men boljak zatlary.*

*Bagtyň hem baharyň açary birdir,*

*Ony gyşky ýeňsiziňden tapmaryn...*

***316***

***Oba etýudy***

*Daň düýbi çyzyldy, ümsümlik oba,*

*Guşlar gum- guklugyň hyýalna mündi.*

*Hem tamlaň ýanynda säginip ulag,*

*Ota- da gidenok aýallar indi.*

*Asmanyň ýüzünden süýrelýän misli,*

*Içi ak pagtaly halta- bulutlar.*

*Öý bikeleri deý taýýar zat iýip,*

*Indi pişiklerem ýalta bolupdyr.*

*Mal ýataklardan hem bir ses çykanok,*

*Gazyk çalşyp, zowzalardyk geçä biz.*

*Häzir ümsümligiň mukamy akýar:*

*Asudaja köp gatnawly köçämiz.*

*Sygyrlar örä- de gidenok indi,*

*Şowhunly daňdanlar ötäýen ýaly.*

*Peçlerden tüsseler çykanok indi,*

*Adamlar hut göçüp gidäýen ýaly.*

***317***

*Ýygym günlerinde iş has köp bolýar,*

*Belki olar gidendirler atyza.*

*Häzir asman- zemin arasyn ölçäp,*

*Derekler çyzgyç deý, durlar hatara.*

*Şemal yralanok ýaşyl baglary,*

*Şol müň ýylky oba, pelek gadymy.*

*Men bagra basýan- da ümsümlik bilen,*

*Açýan kildi gulplanmadyk gapyny...*

*... Hany meniň barlygymyň gözbaşy,*

*Daňdan ot satmaga ugraýan käbäm?*

*Ýa şoň ýoklugyna gyýylyp senem,*

*Sessizje otyrmyň mähriban obam?*

*"Geldiňmi?" diýýärmiň şahyr gyzyňa?*

*Sen näme üçin dymýaň, bir sözle ahyr.*

*Ýa geçen günleriň çöküp dyzyna,*

*Küýseýäni üçin müýnlimi şahyr?*

*Hiç tapmadym jogap, köne tanşym dek,*

***318***

*Imrindim obadan çykýan atyra.*

*Göýä ýaşlymyň ölçegi bolup,*

*Derekler çyzgyç deý durlar hatara...*

***Aýly etýud***

*Bulutlar çykaryp, aýy öýünden,*

*Çykaryp öýünden, çykaryp gije.*

*Orun berdi alça agajy bir dem,*

*Hem berdi puryja,*

*Hem atdy bije.*

*Ýer torundan örülipdir agaçlar,*

*Baharyň syýasy gutaran misli.*

*Alça güllerini sergiläp asman,*

*Otyr aýdan nur dökülmegin isläp...*

*... Ol hem öýünde däl, öýünden hem däl,*

*Öýünden hem çykyp gaýdan bolarly.*

***319***

*Çykyp gaýdan, ýakyp gaýdan bolarly.*

*Alçaň düýbündäki ýapraklaň erkin,*

*Söküp gaýdan, söküp gaýdan bolarly.*

*Bu gün ýok bolsa- da tapman gaýtsam hem,*

*Ekip gaýdan, ekip gaýdan olarny.*

*Gursagyma ajap aýdym saz bilen,*

*Patrak aýdym, patrak heňler garylyp,*

*Patrak dodak aýdym aýdan bolarly.*

*Näme üçindir alçalaryň başynda,*

*Patrak däl- de dürli hünji galypdyr,*

*Görnenok şonda- da onuň daşynda*

*Senden baky, baky ünji galypdyr.*

*Asman düýbi elýetmesizlikdir ýa,*

*Ýa ýeriň süýdüne agzy ýetmändir.*

*Alçabaşy düre açylmak üçin,*

*Ýeriň mähri- garabagry ýetmändir.*

*Ussadyňa gurban, ussaňa gurban,*

***320***

*Çyzgyç deý ölçegli ykbala gurban,*

*Müň direldip, müň bir ýakýana gurban,*

*Käteler atylyp, çykýana gurban.*

*Ýene öýünde däl, öýünden hem däl,*

*Öýünden hem gamgyn çykýana gurban.*

*Ussadyňa gurban, köňülde guryan,*

*Köňülde gurulan adyňa gurban.*

*Patrak döküp, aýy öýünde goýman,*

*Höwür beren taýsyz zadyna gurban.*

*Üst adyna gurban, dadyňa gurban,*

*Bir gulakdan saýlap, müň heňden saýlap,*

*Diňe maňa aýtjak zadyňa gurban!*

*321*

***Pelsepe***

*Baharda adamlar başgaça bolýar,*
*Bolýar olar ýaprak açan til ýaly.*
*Olaryň kamatam başgaça bolýar,*
*Köçelerden ýöräp barýan gül ýaly.*

*Ýogsa şol adamlar, tanyş köçeler,*
*Mellekler, towuklar, gamyş, keçeler.*
*Pasyla görä däl, mydam şeýle- le,*
*Welin,*
*Öňküsinden mährem ejeler.*

*Adamlar baharda başgaça bolýar,*
*Ynanmasaň, saklan, dykgat et, soň git!*
*Söýgüliler bütew bolup görünýär,*
*Nuýutonam şolara seredip belki,*
*Açandyr dartyşyň kanunyn- magnit!*

*Baharda aglarlar söýlen gelinler,*
***322***
*Ýalňyzlaňam haly bahar harapdyr.*
*Diňe adamlar däl, baglar, tokaýlar,*
*Baharda hut gara başy yrap dur.*

*Baharda gyzlaryň gülküsi başga,*
*Ýigitler garaýan ýaly keseden.*
*Aşyklaň edähet, öňküsi başga,*
*Gül içerler ikisi bir käseden.*

*Ajap sazlaň döreýişem başgaça,*
*Söze söýgiň saralyşam başgaça.*
*“Başgaça däl” diýen bolýalar welin,*
*Adamlaryň ýöreýişem başga- la.*

*Garaz başga bolýar, oba, şäherler,*
*Şäherlileň oba gidesi gelýär.*
*Obalylar obaň güneşin taşlap,*
*Şäheri küýseýär,*
*Şähere gelýär.*

***323***

*Başgaça, başgaça, başgaça bar zat,*

*Bu nähili täsin, beýik tapmaça.*

*Ýok älem däl, älem kysmy adamzat,*

*Baharlarda älemdenem başgaça.*

***Oba etýudy***

*Daň düýbi çyzyldy, ümsümlik oba,*

*Guşlar gum- guklugyň hyýalna mündi.*

*Hem tamlaň ýanynda säginip ulag,*

*Ota- da gidenok aýallar indi.*

*Asmanyň ýüzünden süýrelýän misli,*

*Içi ak pagtaly halta- bulutlar.*

*Öý bikeleri deý taýýar zat iýip,*

*Indi pişiklerem ýalta bolupdyr.*

***324***

*Mal ýataklardan hem bir ses çykanok,*

*Gazyk çalşyp, zowzalardyk geçä biz.*

*Häzir ümsümligiň mukamy akýar:*

*Asudaja köp gatnawly köçämiz.*

*Sygyrlar örä- de gidenok indi,*

*Şowhunly daňdanlar ötäýen ýaly.*

*Peçlerden tüsseler çykanok indi,*

*Adamlar hut göçüp gidäýen ýaly.*

*Ýygym günlerinde iş has köp bolýar,*
*Belki olar gidendirler atyza.*
*Häzir asman- zemin arasyn ölçäp,*
*Derekler çyzgyç deý, durlar hatara.*

*Şemal yralanok ýaşyl baglary,*
*Şol müň ýylky oba, pelek gadymy.*

*325*

*Men bagra basýan- da ümsümlik bilen,*
*Açýan kildi gulplanmadyk gapyny...*

*... Hany meniň barlygymyň gözbaşy,*
*Daňdan ot satmaga ugraýan käbäm?*
*Ýa şoň ýoklugyna gyýylyp senem,*
*Sessizje otyrmyň mähriban obam?*

*“Geldiňmi?” diýýärmiň şahyr gyzyňa?*
*Sen näme üçin dymýaň, bir sözle ahyr.*
*Ýa geçen günleriň çöküp dyzyna,*
*Küýseýäni üçin müýnlimi şahyr?*

*Hiç tapmadym jogap, köne tanşym dek,*
*Imrindim obadan çykýan atyra.*
*Göýä ýaşlymyň ölçegi bolup,*
*Derekler çyzgyç deý durlar hatara...*

*326*

***Ogluma***

*Sen meniň syrdaşym, köňül köçäm sen:*
*Barýaryn içinden şarfymy süýräp...*
*Bu köçede: "Nirä barýaň?" diýlenok.*
*Dogurdan hem...*
*"Agşam nirä barýarkam?.."*

*Özümem oýlanýan: "Bu köçe hezil",*
*Ugrumy hem bilýän, ajykmaýanam...*
*Megerem şu köçä aşyk bolanym*
*Üçindir, meşhur däl...*
*Adykmaýanym...*

*Bu köçede äýnek tozanlap galýar,*
*Görkezesi gelse, görkä:r her reňkde...*
*Akyllar eplenýär, güýç toba gelýär,*
*Bir gudrat döreýär etde hem süňkde...*

*Daga dyrmanmaga ugur bar bärde,*
*Suwdan geçseň- köpri,*
*bugdaýly meýdan...*
*Şarfymyň seçegni süýräp barýan men,*
*Özümi bu köçä "myhmandyr öýtmän..."*

*Dyrnagym bilenjik gazýan ýaplaryn,*
*Çöp- çalamyn aýryp, her taşlan bendäň...*
***327***

*Saçym ýarym döküp, ýarysyn toplap,*
*Şemal garşysynda hopukýan men däl...*

*Hemmesinden üstün, güýji bar ýaly,*
*Hiç kim düşündirmez, milt etmez asla...*
*Bu köçe şeýlebir serim durlaýar,*
*Aşagy boz toprak, depesi asman...*

*Hyýal guşum gonýar gapdalda baga,*

*Perdeleri ýyrtyk  sahna tôwerek...*
*Göýä ujy alyslarda uzaýa,*
*Ondan başga zatlar nämäme gerek?*

*Bagtyýarmy? Şeýle!Şygyr ýaz, aýdym,*
*Parhy ýok, gitmersiň yssylap, üşäp...*
*Şu ýolumdan aýyrmasyn ýaradan:*
*Sen meniň mährabym, sen meniň köçäm...*

***328***

***Ogluma***

*Hiç wagt ýeňilme oglum,*
*Ýeňjegem bolma, gerek däl.*
*Adamlaryň ýürekleri,*
*Seniňki ýaly ýürek däl...*

*Biri bagtyň dilär weli,*
*Beýlekisi gyýa bakar.*
*Käbiri güne garşydyr,*
*Ýörär durar tüme bakan...*

*Biri bulutdyr, kä görseň,*
*Emma ýüregi ýükdendir.*
*Oglum, hiç wagt ýeňilme,*
*Seň egniňe ýük ýüklendi.*

*Biri itse, ýüküň gaçar,*
*Degme hiç göwnüne oglum!*
*Bize ýeňmegem ýaraşmaz,*
*329*
*Ýöne sen ýeňilme oglum!*

*Onsoňam, öwünme oglum,*

*Ýeňme- de ýeňilme oglum!*

*Dünýe bir gögerçinhana,*

*Öwretgin ogluňa oglum,*

*Öwretgin kowmyňa oglum!*

***Esger enesiniň pendi***

*Sen aýdym aýt, eziz watan hakynda ,*
*Senden başga ony aýdyp bilmesin!*
*Sen aýdym aýt, sen şeýlebir aýdym aýt,*
*Ol aýdyma goý nesiller hiňlensin!*
*Sen aýdym aýt, gökde galan ýyldyzlar,*
*Ony diňläp ýere düşjek bolsunlar!*
*Sen aýdym aýt, aglap duran mat gözler,*
*Şol aýdymy diňläp "jak- jak" gülsünler.*
*Şeýlebir aýdym aýt, bolmasyn taýy ,*
*Akar suwlar durup, yza aýlansyn!*
*Sen şeýle aýdym aýt,*
*Çekende keşde,*
*Gyzlar barmagyny dişläp aýnasyn!*
*Sen şeýle aýdym aýt, sözlerde gül şat,*
*Heňlerinde kebelekler jemlensin!*
*Ol aýdym ýugrulsyn şatlyga – gülkä,*
*Ol aýdymy diňlän bir adam galman:*
*Ýer ýüzünde hemme gözler nemlensin...*
*Sen şeýle aýdym aýt,*
*Içinde nagyş,*
*Gözel bolsun ganatlary sözlerniň!*
*Ol aýdymyň özi elýaglyk bilen,*
*Sylsyn eneleriň nemli gözlerin...*
*Sen aýdym aýt, sen şeýlebir aýdym aýt,*
*Buýsansyn ogluna esger enesi!*
*Ol aýdymda parahatlyk baýdagy,*
*Älemiň üstüne baky gerilsin!*
*Ol aýdymda Watan- ýaýla gül açsyn,*
*Atlaryň toýnagna güller düşelsin,*

*Sen aýdym aýt, türkmen ýüregi bilen,*
*Ony diňlemedik gagşap- üşesin!*
*Ýene- de aýdym aýt, derýa hakynda,*
*Oňa bu topragyň adyn goýsunlar.*
*Ol aýdymda Garagumyň ýüregniň*
*Türkmeniňkidigni diňläp, duýsunlar!*

*Sen şeýle aýdym aýt, göýäki gökde-*
*Bulutlar ýolundan galyp diňlesin...*
*Şol aýdymy,*
*Şol aýdymy,*
*Hut şony,*
*Senden soň hiç kimse aýdym bilmesin!*
*Senden soň nesiller aýdyp, hiňlensin!*

***Ogluma***

*Sen meniň syrdaşym, köňül köçäm sen:*
*Barýaryn içinden şarfymy süýräp...*
*Bu köçede: "Nirä barýaň?" diýlenok.*
*Dogurdan hem...*
*"Agşam nirä barýarkam?.."*

*Özümem oýlanýan: "Bu köçe hezil",*
*Ugrumy hem bilýän, ajykmaýanam...*
*Megerem şu köçä aşyk bolanym*
*Üçindir, meşhur däl...*
*Adykmaýanym...*

*Bu köçede äýnek tozanlap galýar,*
*Görkezesi gelse, görkä:r her reňkde...*
*Akyllar eplenýär, güýç toba gelýär,*
*Bir gudrat döreýär etde hem süňkde...*

*Daga dyrmanmaga ugur bar bärde,*
*Suwdan geçseň- köpri,*
*bugdaýly meýdan...*
*Şarfymyň seçegni süýräp barýan men,*
*Özümi bu köçä "myhmandyr öýtmän..."*

*Dyrnagym bilenjik gazýan ýaplaryn,*

Çöp- çalamyn aýryp, her taşlan bendäň...
Saçym ýarym döküp, ýarysyn toplap,
Şemal garşysynda hopukýan men däl...
332
Hemmesinden üstün, güýji bar ýaly,
Hiç kim düşündirmez, milt etmez asla...
Bu köçe şeýlebir serim durlaýar,
Aşagy boz toprak, depesi asman...

Hyýal guşum gonýar gapdalda baga,
Perdeleri ýyrtyk  sahna töwerek...
Göýä ujy alyslarda uzaýa,
Ondan başga zatlar nämäme gerek?

Bagtyýarmy? Şeýle!Şygyr ýaz, aýdym,
Parhy ýok, gitmersiň yssylap, üşäp...
Şu ýolumdan aýyrmasyn ýaradan:
Sen meniň mährabym, sen meniň köçäm...

***Köňül bagy***

(Ogluma)

Ter, tämiz howa bilgisi,kökleri gökde mysaly,
Ýürekden owaz kölgesi,
Juwanlyk eli hasaly,
Ýat ülkäniň jan dawasy,
Ýakyn kä, hossar däl misli,
Sen nämesiň köňül bagy,
Gadymy syýasyz sesmi?

Sowal bersem örülersiň,
Menem , senem haýran Saňa,
333
Köňül bagy, köňül bagy
Hany ýene aýlansana.
Ýüregiň kartasyndaky gazylan çuň çyzyk ýaly,
Men saňa näme diýsemkäm,
Köňül bagy...?

Bir gije, müň gije kibi,
Geçip gitse almaz dagy...

*Ýene -de ýürekde seslen*
*Ýeňiljek kebelek ýaly,*

*Derdiň agyr köňül bagy...*
*Ýüküň datly, owazyň geň,*
*Kim biler hallaryň neneň?*
*Edil bir gadym mekdepden*
*Çykyp gelýän molla ýaly,*
*Şeýlebir ýakyn gözüme,*
*Sen juda daş köňül bagy...*

*Ýene- de müň asyrdan soň,*
*Ýylgyryp,täzeläp bagy,*
*Dillensene,*
*Dil bersene,*
*Dillensene köňül bagy...*
*Şer bilen dert arasynda duran*
*läheň köpri ýaly,*
*Men seniň yşgyňda galan,*
*Gojaman bir gämi saly...*
*Deňizleriň çuň hem sereň,*
*Ýüz sen müň ýyllyga sary-*
*-Köňül bagy...*
***Sen meň mährim beren mähribanymsyň...***
*(Ogluma)*
*Ýüregmiň içinde gül edip saklan,*
*Owazym sen,*
*Şeýdam ,*
*Şadym,*
*Şanym sen...*
*Buýsanjyň gujagna ebedi taşlan,*
*Sen meň mährim beren mähribanymsyň...*

*Ot bilen giribem, kül bilen çykdym,*
*Ýat bir il bilendim,*
*Seň bilen bakdym,*
*Sen hem hakykatdyň,*
*Hem nurly kökdüň,*
*Sen meň mährim beren mähribanymsyň...*

*Ýalňyzlaşdym,*
*Hem azaşdym seň bilen,*
*Kä süýji sözleri açdym seň bilen,*
*Gysylsam hem arkadaşdym seň bilen,*

*Sen meň mährim beren mähribanymsyň...*

*Göwnümiň içine bakdyň ýürekden,*
***Guýydyr meň ruhum, yşyk gerekmez.***
*Kämilligiň ummanynda kürek sen,*
*Sen meň mährim beren mähribanymsyň...*

*Gije şemim, gündizlerine şal bolan,*
*Gözýaşlarmy gurudýaň şemal bolan,*
*Men aglasam, damja bolan, lal bolan,*
*Sen meň mährim beren mähribanymsyň...*
***Goýy güýz***

*Owadan gijeler sowap başlady,*
*Güýzüň dökjek zerlerine ýer ýasap.*
*Agaçlar toprakdan nemlenen borly,*
*Çygjaryp dur,*
*Elläp görseň, der basyp...*

*Merdiwany döwülipdir, alysda*
*Gökden aslyşyp dur nawy bulutlaň...*
*Sen şol gün,*
*Sen şol gün saçlarmy sypap,ýuwdundyň...*
*Bardy şonda mawy- mawy bulutlar...*
*Muny iki dünýäň aralygynda duramda-da hiç unutman,*
*Unutman...*

*Ýene-de ýegşerýär, aýyň erňegi,*
*"Ýok, bu güýzem gaýdyp gelmez?"-diýip, ýa...*
*Ýagyş damjalaýar agaçlaň, baglaň,*
*Begresinden taýyp, ýere tyýpýa...*

*Men ýene-de durun daňyň çotgasyn,*
*"Haçan gaçyrarka, elleri?" diýip...*
*Şol günem şeýledi,*
*Toprak çyglydy...*
*Aglap çawuş çakan ýyllary duýup...*

*Ýene güýze taýýarlaýar eşigni,*
*Enä meňzeş baglar, “hellew-de hellew...”*
*Döwük merdiwan dek bölek bulutlar:*
*- “Geler”*
*- “Gelmez...”*
*- “Geler...”*
*- “Gelmez- le”- diýip...*

*Parhy ýok, älemde kimdir biriniň,*
*Bir ýerlere barmaklygy hökman däl...*
*Sen bilmänem galdyň,*
*Saçym sypaňda*
*Seň kalbyňa meni unutmaz ýaly,*
*Sanjym goýberipdir,*
*Göýä lukmanlar...*

***337***

***Hat :***

*-“Heý menem söýmenmi seni?*

*Gyýak- gyýak jigerlerim...*

*Gören wagtym seretmeseň,*

*Öýdýänsiň sen, begenmerin...*

*Dymyk bolsun ýa- da açyk,*

*Howanyň saňsar şertleri.*

*Maňa garaman geçýärsiň,*

*Dogry edýärsiň,*

*Şeýt meni...*

*Başka ýana bakan wagtyň,*

*Serederin, üstiaşyr...*

*Müňläp- müňläp adamlaryň*

*Arasynda sen bolmasaň,*

***338***

*Gezer ahym, gezer ahym...*

*Hol günem şeýle bolupdy,*

*Seretmediň, gyýadanam...*

*Sen maňa ýakyn söýdüden,*

*Hem golaýsyň, uýadanam...”*

*...Diýen sözleriňi ýatlap,*

*Berdim özüme teselli...*

*Sen söýmeýänsiň hem, ahmal...*

*A men...*

*Heý menem seni söýmenmi?*

***Hoş deňiz!***

*Hoş deňiz, hoş,*

*Kän oturdym kenarda*

*“Şo-ol meni söýeniň geler-le?” diýip,*

*“Ýa bolmasa, ruhum söner- le” diýip...*

*Arçalanjak bolup, söýen “günämden”*

*Dogry,*

*Däldi ol biriniň bagt paýy,*

*Özüm berdim ellerinden tutup ýa?*

*Hoş deňiz, hoş “sabyr” diýip, ses bilen,*

*Maňa indi leksiýalarňy okatma!*

*Hoş deňiz, hoş,bilmeýärin synaňda*

*Haýsy derdiň bilen aýdym aýdanyň...*

*Saplanym “bagtymy beren kinämden”*

*Yzymda gal!*

*Aýtma, gyýylmasyn ol:*

*“Kenarda oturyp, aglap gaýdanym...”*

***17.07.2024   6:16 Çeleken***

***Meniň obam***

*Damarlamdan akyp barýan,*

*Obaň güýji, obaň güýji.*

*Almalary ganda dönen,*

*Sebäp ýaplaň suwy süýji.*

*Gijelerine çyrlaklaň*

*Sesi geler mellek taýdan.*

*Säherden guşluga çenli*

*Gumrusy popuri aýdar.*

*Metjidinde azany bar,*

*Melleginde azaby bar,*

*Her howluda mekge ýyglyp,*

*Lummur- lummur gazan gaýnar.*

*Gyzy, gelini edaly,*

*Çagalar ene ýapdadyr.*

*Garalysynda damaklar*

*Datlanar, sese rast goşar.*

*Tagty Süleýman güneşi,*

*Mirhaýdaryň ýoly geçer.*

*Sowuk, tereň suwlaryndan*

*Içip geçer gelen- geçen...*

*Murgapdyr goşa ganaty,*

*Daňy çygly, kükär ysy.*

*Meniň OBAM-PORTRETIM,*

*Men oň şol öňküje gyzy.*

*Pelleri bar , ter ýaprakly,*

*Gowaçasy dekor kibi.*

*Köçeleri çyzgyç ýaly,*

*Başga oba geçer göni...*

*Obamyň içinde galan*

*Ejem janyň mellegidir.*

*Miras bize ata- baba,*

*Nesilleriň gelmegi- de.*

*Kakam geçmişde galypdy,*

*Juwan ömrün goýdy gökde.*

*Agşam düşse a:t dakylan,*

*Oýnamaga gider HOKKEÝ.*

*Obam! Görküňe maýyl men,*

*Murgap ysly säherimsiň.*

*Obam- menem seniň gyzyň,*

*Goý gözlerme mähriň siňsin!*

*Sen deýin bolmaz dünýede,*

*Magnit merkezi ýalysyň!*

*Unudaýsaň, öýkeläriň-*

*Ene undarmy balasyn?!*

*Obam! Juwansyň hemişe,*

*Men garrasam- ýaşlygymsyň!*

*Her toprak, her bir garyşyň*

*Meň sözlemden nagyşlansyn!*

*Gije syýa çümen ýaly,*

*Gündizlerine A:KJAM sen...*

*Sen dünýäň o çetinde- de*

***Tanalýan MARY- GÖKJÄMSIŇ!***

**Otlar düýş görüpdir, agşam...**

*Otlar düýş görüpdir agşam,*

*Mawy- mawy zynjyrlary*

*Aşagynda ýaşyl ýagşyň,*

*Mawy- mawy sanjym ýaly...*

*Agaçlar telin saýalap,*

*Aý Arşda dişlenip agşam...*

*Ustunde bugdan nikaby,*

*Otlar düýş görüpdir agşam...*

*Kesen garyş meýdançasyn,*

*Guwanyp, synlaýar daýhan,*

*Çygdan bug göterlip, gasyn,*

*Otlar düýş görüpdir agşam...*

*Almalar dökülip çyga,*

*Gözýaşly kibi topragy...*

*Gurçuklary müňňüldeşýär,*

*Kowalap ýaşyl ýapragy...*

*Güýzürgäp bedeleň başy,*

*Şemal güýçlenipdir hasam...*

*Pozupdyr ýeller şol nagşy,*

*Otlar düýş görüpdir agşam...*

***Salam***

*Salam, eý ýaşlygym, owadanjam meň,*

*Galpagyň syhyna garyşan şemal.*

*Tikin tiksem , görkli tükjäm meň,*

*Göwnüň kapasasy açyldy şumal...*

*Togar saçlam ýokdy dogry,bilýädim,*

*Gyz doganmyň saçy büjür- büjürdi.*

*A men bolsa, dogry ýoly dünýäniň*

*Göni tarlarynda dogry ýol gördüm.*

*Soňra ýalanmadym, çarkandygyndan,*

*Seniň saçlaň tary ýaly dogrydym.*

*Eý Ýaşlygym, salam owadanjam meň:*

*Men seni gelmäkäm, görüp doguldym...*

*Ýyllar geçdi, saçlaň tary şol durşy,*

*Hem olar selçeň hem çal sepen duman.*

*Salam eý Ýaşlygym, owadanjam meň,*

*Galpakly günlermi bilmen gaýtalap...*

*Ýöne şol ýoluňdan gidip barýaryn,*

*Özüňden öň ykbalyňy kowalap.*

*Salam eý Ýaşlygym, owadanjam meň,*

*Göni ýoluň bolar NESLIME dowam!*

***Oba.04.07.2024. 5:57***

**_Uzaklarda , bir ýerlerde..._**

*Gün gyçagyn gyran ýaly,*

*Uzaklarda , bir ýerlerde...*

*Deňiz suwun süren ýaly,*

*Uzaklarda , bir ýerlerde...*

*Bahar gerilipdir bug deý,*

*Maýsalapdyr ýaşyl bugdaý,*

*Aýyň seçekleri tug deý,*

*Uzaklarda , bir ýerlerde...*

*Gunçalar tara düzülen,*

*Şunça ýyl ýara üzülen,*

*Owaz bar, saly üzülen,*

*Uzaklarda , bir ýerlerde...*

*Ýagmyra ezilen ýaly,*

*Ýürege gezelen ýaly,*

*Bar, kalba ýazylan biri:*

*Uzaklarda , bir ýerlerde...*

*ARIS ÖÝ*

***(Öýmüze)***

*Seň çyzyklaň çylşyrymly däl eken,*

*Suratyny çekdim , geçen baharda.*

*Reňkem köp ulanman geçdim-de gitdim,*

*Gözlerim dynç aldy, gülüp bakamda.*

*Ari sen, aris sen, aristokrat,*

*Ruhuň ýaşan ynsanlaryň ruhunda,*

*Piter däl,*

*London däl,*

*Eýful başnýa...*

*Birinem deňemen, maňa soralsa-*

*Eý öýmüz-ejemiň, kakamyň öýi-*

*Bu men seniň şahyr gyzyň- dargursak...*

*Uzakdan seredýän, çyzýan mahalym,*

*Dört çyzyk diwarlar,*

*Hem bar hammamyň...*

*Gelsem tukat, gitsem tukat, näme üçin,*

*Bilmeýän men seň niräňde gam baryn?*

*Agtyk- çowluklaram ýerli- ýerinde,*

*Şükür rysgy kem däl, ýekesiniňem.*

*Ýöne men näme üçin tüýnük bagyndan,*

*Ýatyrkam hem öz- özümi çekýärin,*

*Çykarýan-da şonda seni serimden...*

*Ah ariýa, aris, aristokrat,*

*Sen meniň Eýfulym, ymaratymsyň!*

*Ýagşydan galarmyş abraý bilen , at,*

*Sen meň peleklere şygryň üstünden,*

*Iýberen yşk hakda akja hatymsyň.*

*Tüýnügiňden çykar gider kä daýym,*

*Ýa girer penjirä bakan nazarma.*

*Eý aris- dört çyzyk,tüýnük hem hammam,*

*Reňki az ulanan – aris gazalma,*

*Ylham sen,*

*Ylham sen,*

*Beýik bir Gapy,*

*Eý arisiň ýaşan, ariýan öýi.*

*Saldyran şol- Gündogaryň hormaty,*

*Ussaň ezber- açyk seniň ganatyň...*

*Men asla sen hakda şol günden soň hem*

*Ondan öň hem diňe , şeýdip ýazaryn...*

*20.07.2024*

***Hal***

*Güneýden Küzeýe tarap böleklenýär bulutlar...*

*Dogdymy , dogmady belki ýaldyraklar ýokarda…*

*Sanajyndan, holtumyndan howa üfläp atmosfer,*

*Göýä çaýlaň suwy joşup, daşa çogýar akardan...*

*Täsin hem howaly biraz, daglaň gedem keşbi- de*

*Bir görseň pes, bir görseňem howadadyr beýigi...*

*Towlanýan çaýlaň yşgynda damjalary- ýagşy-da...*

*Yzynda ylgadar her gün şol gedemje keýigi...*

*Bölek – bölek, bölek – bölek, edil arybal kibi,*

*Agaçdan syrygýan şepbik hem meňzeýär buluda...*

*Baýyrlaryň ýaşyl torly, gülälekli tutusy*

*Käte derläp nälyş edýär, utulan deý uludan...*

*Menem barýan arasyndan gadym dünýäň açarnyň,*

*Kalbymda gar tokgalary, çözüm- çözüm çözülýär.*

*Owadanja merdiwanlar, bilip güli gaparny,*

*Asmandaky bölek- bölek bulutlar deý üzülýär.*

*Güneýden KÜZEÝE TAÝA BÖLEKLENÝÄR BULUTLAR*

*HEM TEŞNE HEM GYRMYZY BIR ŞAPAK DÖKÜLEN ÝALY.*

*GÖÝÄ DAŇDAN "ÝALDYRAGY DOGURDUM ŞAHYR"- DIÝIP,*

*MENI OÝARÝAR BULUTLAR- YLHAM ÄKELEN ÝALY.*

*DOGRYMY ÝA NÄ DOGRYMY- YGTYÝARMY ALDYLAR,*

*GÖZLERINDEN DAMAN DAMJA ÝAR HYÝALY BOLUPMY?*

*KÜZEÝDEN GÜNEÝE SARY ALYP GAMGYN KALBYMY*

***BÖLEK- BÖLEK, BÖLEK – BÖLEK BÖLEKLENÝÄR BULUTLAR.***

*OGULJENNET BÄŞIMOWA*

*10.09.2024. 6: 34*

***Gözýaş***

*Şonda men aglapdym, arzuwlarmyza...*

*Geçip giden şemal ýaly geçende.*

*Şonda men aglapdym, gijäň güzerne*

*Gözýaşlarym sil bolanda haçanda.*

*Şonda men aglapdym: "Ýitirdim"- diýip,*

*"Seň ellerňi başga tutar" bilmedim.*

*Şonda men aglapdym: "Düşündim" diýip,*

*Senem - ä gülmediň...*

*Ýok örtäpdi bizi aýralygymyz,*

*Senem gidip, "Bagtly ýar" bolmadyň.*

*Şonda men aglapdym, içigip çyndan,*

*Senem - ä gülmediň,*

*Aý ýok , gülmediň...*

*Geçdi ýaşlyk, gollaryny salgady,*

*Sataşdyk gam güzeriniň başynda.*

*Şonda men aglapdym,*

*Senem gülmändiň,*

*Ýaralarmyz bile durup açyldy...*

*Boýuň boýum boýlap,*

*Ýüregiň ýürek,*

*Men güldüm: "Garrylyk bizi çaglapdyr"*

*Ynanmadym, "Söýen dälsiň öýdüp" men,*

*Ýadymda, sen şonda gaty aglapdyň...*

*11.09.2024. 5:59*

***Ejemiň portreti***

***Seni şon ýaly göreýin:** Gyýak dursun barmaklaryň,*

*Eje, men seni gülleriň içinde saklap bilmedim...*

*Heýkelňi çekdim gursakda,garyp günüň kemiş - kemiş...*

*Eje, gözleriň içinde duran ýaly haçan görseň,*

*Bir bölejik, bir dänejik akja kümüş, akja kümüş...*

***Şoň ýaly göreýin seni:** Besläp bilmedim mahmala,*

*Häzir düýşümde owadan gelmegiň hem seň ähtimal!*

*Emma çümesim gelip dur, garyp keşbiňde mähriňe...*

***Şoň ýaly göreýin käbäm:** Elleň ý:arygy hem dursun...*

*Meniň sen barkaň at salan arzuwlarym g:ursun...*

*Seni taşlap alyslarda, "derdiň nä?" diýsene maňa!*

*"Ömrüňi şygra, sungata berdiň nä?" diýsene maňa!*

***Şoň ýaly göreýin seni:** Ejizläňde, aglap goýber!*

*Şoň ýaly göreýin seni, gara bagrym ýanyk- ýanyk...*

*Galan ýerin daglap goýber...*

***Şoň ýaly göreýin  SENI!***

*19.12.2024*

*Sen nirde, ýerdemi, gökdemi ýa-da?*

*Düşdüňmi bir mahal gökden atyza?*

*Men dyrmyşyp barýan häzir howada,*

*Merdiwan deý bulutlaryň şahyna.*

*Ýokaryk barýan men – Hudaýyň ýanna,*

*Berjek soragyma hakym bar, hakym!*

*Seniň kalbyň meniň kalbyma çatyp,*

*Aýra goýmaga nä barmy oň haky?*

*Sorajak maňlaýna geçip bir zaman,*

*Diýjek "Näme günä etdik, aslynda?"*

*Heý şeýle aýralyk bolarmy eýse,*

*Ýa aýyr kalbymyz çatylan ýeri,*

*Belki seň habaryň ýokdur aslynda,*

*Belki ol utanyp ýüzüni sallar,*

*Belki habary ýok ahwaldan belli!*

***Köl boýy***

*Ýalpak kenar ýene bize garaşýar,*

*Üsti tekiz, ýanýan aýna ýalydy.*

*Doňan deryaň çyntyk- çyntyk burjusy,*

*Hut täze gaýalan gaýma ýalydy...*

*Seretseň , balyklar düzüm- de düzüm,*

*Ýöne çykmak görgülikdi, olara...*

*Şonda köli deşip, köke ýasaýan,*

*Balykçynyň gyrmyzydy gulagy...*

*Men näme? Bu köl doňup galypdyr,*

*Köňlüň gapaklary eremez entek.*

*Sowuk gyşda kölü sergin ýüzünde,*

*Beýle eser asyrlardan- asyra*

*Şeýle keşde ýaly, döremez entek...*

*Ikimiziň aramyzda bag bardy,*

*Nije döwük bolsun, buzlaryň üsti...*

*Kenarda hut agaçlar hem aglardy,*

*Ýöne olaň ykballary dürüstdi...*

*Kenar, heý gojaman, gaýgyly kenar,*

*Typýan tapjan ýaly owadandyň sen...*

*Meň bilen ýar arasynda galan buz*

*Deýin ykballary sowadandyň sen...*

*01.01.2025   16:44*

**Gara bulutlar**

*Gara- gara, ýalňyş- ýanmyş bulutlar,*

*Tazygan tazy deý barýaňyz niraäk?*

*Ýüregine taryh salmyş bulutlar,*

*Gizlin nagyşlardan gasynňyz süýräp?*

*Belki barýan ýollarňyzda a:l bardyr,*

*Belki bardyr, şowhun ýa-da dabara?*

*Belki ýüregňizde sowuk ýanwardyr,*

*Belki garaşýaňyz alabahara?*

*Keselbent hyrkaňyz şeýlebir laýyk,*

*Hem ädigňiz tüýdüm- tüýdüm keçeden...*

*Birden juwaz kibi gidýäňiz taýyp,*

*Doňup galar ýerde seslerňiz eşiden...*

*Men siz bilen uzak söhbete girmen,*

*Bolsa bolsun ikimizem ötegçi...*

*Dostlam ýüz öwürdi...*

*Geçmişe dönmen,*

*Ruhum meni öz aslyma göterdi...*

***Pikir***

*Guşlar näme jibir- jibir jibrinýär,*

*Gije sagat iki , howa-da sowuk?*

*Bir –birinden ary bar ýaly misli,*

*Misli ýakynlaşýan ýaly ýasowul...*

*“Derdiň näme?-diýip, bolmaýar-da wah,*

*Agajyň depesi meýdançalary.*

*Adamlardan uzak,*

*Öýlerden uzak, kim saldyka dünýelerne talaňy,*

*Megerem agaçlaň her ýapragyndan*

*Dökülýär topraga dür damjalary,*

*Çünki çyg daşary, howa-da bulut*

*Olar meýhanada oturan ýaly,*

*Diňlänoklar bir- biriniň arzyny,*

*Bu ýerde gürleýäň, gürleýäň, goýýaň,*

*Hiç kimi hiç kimse diňlemeýärem,*

*Soranok hiç kimse bärde parzyňy...*

*Belemok, özler-ä dowul düşüpdir,*

*Gije sagat iki, sesleri gyňyr...*

*Bir zadyň dawasy gidýän çemesi ,*

*Beýleräkdäkiler hüňür-de hüňür...*

*Balkondan diňleseň göýäki ol ýer:*

*Bir mahallar geçip giden bir döwür...*

*Balkondan diňleseň, jibir-de jibir...*

*01:22 gije 09.01.2025*

***Diwardan asylan çagalyk suratymyň öňündäki oýlanma!***

*Özüm, salam!*

*Ýagşymysyň, bilmedim?*

*Saçlaň bardy gaýmak ýaly egnimegöýäki dökülen bir gara derman.*

*Seni näler bagra basjak-la welin,*

*Sen uzakda arman, uzakda arman...*

*Özüm, salam!*

*Pikir bilen şekerdiň,*

*Gözleň nokadyndan eýmenýän häzir.*

*Bakyp dursuň, garagyma ýokardan,*

*Diwardan seretmek, seň soňky käriň!*

*Özüm, salam!*

*Ýylgyrşyň ýok, näme üçin,*

*Ötlem- ötlem ýaly düşünýän zadyň?*

*Bäş, alty ýaş içindesiň şo mahal,*

*Ýöne gorkýan senden,*

*Göýäki maňa bakýan ýaly*

*Törden ullakan adam!*

*Özüm, salam!*

*Indi- indi saplandym,*

*Seň edýän aladaň- şygryň çilesi.*

*Näme bolsa, ýüregimde mähir kän,*

*Ol Watanma hem mähriban iledi...*

*Özüm, salam!*

*Owadanjam, şar gara*

*Gaşlarmyň  burçunda heser çökenim...*

*Özüm, salam,*

*Özüm, salam,*

*Tokmagym,*

*Sen meniň dünýämde özüm ekeniň!*

*Özüm, salam!*

*Hile näme, al näme-*

*Bilmediň dünýede ,Hudaýa şükür.*

*Mundan soň hem adam aldap ýörmersiň,*

*Bilýän tokar, bilýän , pikirli tokar...*

*Özüm, salam!*
*Mellegmiziň bägülin*

*Kakam seniň üçin ýetişdirerdi,*

*Ejem köýnegiňe gül keşdelärdi,*

*Doganlaryň bolsa, uly otagdan*

*Gülki sesleri hem eşidilerdi.*

*Zähmede ýugurdy ene hem ata,*

*Rysgy akyp ýatsa-da meň maşgalam.*

*Eli işsizleri halamazdylar*

*Ulular şo döwür...*

*Zehinlim, salam!*

*17.01.2025 16:18*

***“Sen öýlendiň, şonda...?”***

*Bahar jümjümesin dok:ap ýördi hut,*

*Guşlar saýramaga küýlendi şonda...*

*Pyntyk açan duýgylarmyz,*

*17...*

*A sen... aýtman- diýmän öýlendiň şonda...*

*180 dereje birden nurly gün,*

*Güneýden küzeýe aýlandy şonda,*

*“Men dünýäniň niresinde galdymkam?”*

*Sen öýlendiň şonda,*

*Öýlendiň şonda...*

*Burç ýasady asman,*

*Bulut çakyşyp,*

*“Güýjüm bolsa, uçjak”,*

*Şaýlandym şonda.*

*... Ýö:rdük biz kä wagt ogryn bakyşyp,*

*Ýöne sen näme üçin öýlendiň, şonda...*

*Toý...*

*Gelnalyjy...*

*Küşdepmäge ýeňňeler,*

*Hem-de ýigit, gyzlar aýlandy şonda...*

*Sum:at bolduň,*

*Tapylmadyň iki gün,*

*Ýöne başga gyza öýlendiň, şonda...*

*Ýyl geçdi,*

*Geçdi aý...*

*Ýyldyzlar öçdi...*

*Seçdi durmuş seçjegini biz üçin...*

*Maňa ençe gezek näme üçindigin,*

*Düşündirjek bolup, şaýlandyň şonda...*

*"Näme üçin duýdansyz öýlendiň, şonda?..."*

*S:o:oň: "Bagyşla!" diýdiň,*

*"Bardy sebäbi..."*

*Ýuwdunyp, daşymdan aýlandyň şonda...*

*Meniň gözlerimde sorag belgisi*

*Aglap duran borly:*

*"Näme sebäpli, meni ýalňyz goýup,*

*Öýlendiň, şonda..?"*

*Başyň goýup, egnimdäki gyňaja,*

*Meni söýen gözleň çyglandy şonda...*

*Düzedip bolmajak ýalňyş edipdiň:*

*"Ýaryň taşlap,*

*Nädip öýlendiň, şonda?"*

*Diňlemedim belki,*

*Aýtjak bolupdyň:*

*“Söýmenmi seni?”*

*Şu sözi diýmäge peýlendiň şonda...*

*Emma meň kamatym ýeke soraga*

*Öwrülip gidipdi: -*

*“Öýlendiň, şonda?”*

***19.01.2025 daňdan***

***Saňa***

*“Oglum” diýip, “guzym” diýip,*

*Sen meni  tanarça bolduň.*

*“Ýol kes, ýoluň uzyn” diýip,*

*Ruh beren tamamça bolduň.*

*Şelpe dakdyň, göwnüme meň,*

*Egin goşduň, egnime meň,*

*Medet berdiň çignime meň,*

*Soňsuz bir senamça bolduň.*

*Gam güzerne ýüzsem, geldiň,*

*Gözden monjuk düzsem, geldiň,*

*Dünýäň derdin süzsem , geldiň,*

*Dadymda gümança bolduň.*

*ÝOly bardyr, soly bardyr,*

*Süzgüç süzen ili bardyr,*

*Müň gidilen çili bardyr,*
*Sarsmajak galamça bolduň.*

*Ýandym ataşly naryňda,*
*Bardym men bir seň baryňda,*
*Şygryýetiň diwaryndan*
*Geçiljek günämçe bolduň.*

*Adyň Taňrymydy , bilmen,*
*Parhyň aňrymydy, bilmen,*
*Gyzyň ýaňramydy, bilmen,*
*Aňýetmez jemalça bolduň.*

*Syrlar içre dogamydyň,*
*Men sowasam, sowanydyň,*
*Jogapsyz bir sowalmydyň,*
*Kölümde sonamça bolduň.*

*Eliň goýup, kalba giçlik,*
*Süňňümden gelýän bir güýç deý,*
*Sen bolmasaň, men bir hiçlik,*
*Gaýypdan salamça bolduň...*

***25.01. gije sagat 2:35***

***Ajy guýy***

*Guýylaň içine siňipdi ruhum,*
*Geljege taryhyň kölgesi bolup.*
*Hol gün gördüm seni guýyň başynda,*
*Baldyzlaryň bilen, gelneje bolup...*

*Suw çekmäge durduň, gyzlar kiçidi,*
*Guýa bakdyň, meni gördüň belki- de...*
*Sen ýylgyrjak bolduň, gözleň garagnyň*
*Içindäki dertler welin öňküdi.*

*... Sen durmuşa çykdyň,*
*Men bolsa sygman,*
*Guýa girdim, gury eken çukury.*
*Gözýaşlarym bilen doldurdym şol gün,*
*Hem içinde galdym,*
*Galdy sudurym...*

*“Hihhh”- edip içiňi çekdiň, tisgindiň,*
*Tutduň gorky bilen gyzan ýaňagňy.*
*Guýy doly gözýaş, içinden bakyp,*
*Tanadyň sen aglap duran garagmy.*

*Sen durmuşa çykdyň, doldy guýylar,*
*Içer ýaly däl suwlary, şor bary.*
*Baldyzlarňy tirkäp, gaýtdyň yzyňa,*
*Küýsediň sen süýji suwly obaňy.*

*...Ondan bäri ýyllar geçdi, galňady,*

*Hanalary doldy ajy guýulaň.*

*Sen durmuşa çykdyň, a men öýlendim,*

*Özgerişip gitdi, ady guýulaň!*

***27.01.2025 daňdan***

***Fewralda bahar***

*Kä ýerde, kä ýerde toprak ýaryljak ýaly bolup dur,*

*Gämikler çat açan jäç deý jaýryljak ýaly bolup dur,*

*Gün şuglasy gara ýere garyljak ýaly bolup dur,*

*Gury baglaň şahalary örümjik ýaly bolup dur,*

*Sowuk, aňzakdan bag daly ar aljak ýaly bolup dur,*

*“Bir iki, bir iki pyntyk, sanaljak ýaly bolup dur,*

*Gyş bilen ýazyň köprüsi jan aljak ýaly bolup dur,*

*Gar ýagman, bahar geläýse, halanjak ýaly bolup dur,*

*Daýhanyň eli deý toprak, gabarçak ýaly bolup dur,*

*Böwetlerem pöwhüldeşip, ýaryljak ýaly bolup dur,*

*Ýapda şildirän ak suwlar käneljek ýaly bolup dur,*

*Asmanda duman perdesi talanjak ýaly bolup dur,*

*Gyz höwesi aşygyny gabanjak ýaly bolup dur,*

*Sähel gün jyklasa teller dallanjak ýaly bolup dur,*

*Asman, zeminiň arasy sallançak ýaly bolup dur,*

*Germelip dalbara üzüm, şallanjak ýaly bolup dur,*

*Şetdaly gülläpdir bilmän, allanjak ýaly bolup dur,*

*Ýokarlardan ak bulutlar çallanjak ýaly bolup dur,*

*Dil açmadyk körpeler hem dillenjek ýaly bolup dur,*

*Ussa garaşyp ak tamlar, güllenjek ýaly bolup dur.*

*Ýagmyr nem beren ýerini bellejek ýaly bolup dur.*

*bahar gelse, gyş hiç wagt gelmejek ýaly bolup dur,*

*Mahabatçy guşlar tile ýelmejek ýaly bolup dur,*
*Ynsan yşk duralgasynda ölmejek ýaly bolup dur.*

*08.02.2025 18:29 Botanika bagynyň gapdalynda*

***“Şu garyň öz owazy bar, bilýäňmi?”***

*“Şu garyň öz owazy bar, bilýäňmi?*
*Bilýärmiň, şo günem ýagypdy, şeýle?*
*Ony diňe diňlemeli güň ýaly,*
*Paşmadyk söýgi deý, owazy eýmenç?”*

*Eşidip bolmaýan süýji söz ýaly,*
*Eräp gidýärdi oň ýary howada.*
*Sen maňa şonda bir bakypdyň şeýle,*
*Hem üfläp goýberdiň, gary howada...*

*Sen maňa şeýlebir süýji söz diýdiň,*
*Pyşyrdymy, garmy, tutup bilmedim...*
*Dünýä meşhur boldum, tanaldym gökde,*
*Emma oň hetdine ýetip bilmedim.*

*Sen maňa şonda bir jümle aýdypdyň,*

*Ýary gar deý eräpdi oň gijede?*

*“Şu garyň öz owazy bar, bilýärmiň?”*

*Gar deýin ýumşadyp, bal deý süýjedip...*

*2024*

***Men ertir gidýärin-***

*Men ertir gidýärin-*

*Ho-ol uzaklara:*

*O ýerde Aý ýagty, ýyldyzlar süýri.*

*Kalbyň çatmasyndan,*

*Yşk duzaklaryn*

*Gandal edip, süýräp, ýylan deý süýnüp...*

*Men gidýärin ertir- bagyşla Düýnüm...*

*Men ertir gidýärin, Hoş gal!*

*Hoş senem!*

*Salgama gollaryň saçym degmedik...*

*Dirilik bir pursat berilen düýnüm,*

*Meni ajy täleýine meňzedip...*

*Arzuwlary güýlen, nepesi güýlen...*

*Men ertir gidýärin, saklama Düýnüm!*

*Umytlarmy igledip,*

*Seň goja dünýäňe gaýdyp gelerin!*

*Ýene ýagmyr ýagar, çygjarar asman,*

*Depesine sereder gyz şo mahal...*

*Men ertir gidýärin,*

*Yşk meýmiredip,*

*...Seni maňa maýyl eden şo-ol bahar...*

*Men ertir gidýärin, gidişim matal...*

*Men ertir gidýärin, goşly- golamly,*

*Ele alyp, “Okamadyk hatlaryň...”*

*Ählijesi ýatdan bilýär, bilýäňmi?*

*Tanan, tanamaýan ýakyn – ýatlaryň...*

*Men ertir gidýärin, hoş döwet- kagyz,*

*Bagtymdyr öýdenim, ýaşlygmyň şasy!*

*Alyslardan alyslarda galjak ýar,*

*Besdir senem mundna artyk ideme,*

*Çygjarsa, çygjarsyn nurly didelem!*

*Men indi gidýärin, müň ýyllar aşyp,*

*Entegem aýdylýan söýgi aýdymyn,*

*Ýol ugrunda hiňlenerin, aýdaryn!*

*Men indi gidýärin, bagyşla, Hoş hal!*

*Juwan ýaşda ýalňyz goýup gaýdanym!*

*Men ertir gidýärin, hol uzaklara*

*Hem sen hakda düýne aýdym aýdaryn!*

*Men indi gidýärin!Bagyşla düýnüm,*

*Söýgimi goýdum men köňülde güýlüp...*

*Mart 26. 2025*

***Uzakdan gelen hat***

*Salam Oguljennet!*

*Hallaryň niçik,*

*Bu gije açdyňmy şygryň gutusyn?*
*Nijeme pikirleň donlaryn biçip,*
*Sen asyrlaň okalmajak hatysyň...*

*Salam Oguljennet!*
*Barmydyr bir tap?*
*Hem deňi- duşlarňy görýäňmi käte?*
*Kä mahal açylan bägüli ysgap,*
*Gül bardygyn unutmagyn dünýäde!*

*Salam Oguljennet,*
*Iller amanmy?*
*Sen deýin gözele bärde duşmak hal!*
*Meniň şo pikirim:*
*Çyzyp galammy,*
*"Seň keşbiň üýtgäpdir" diýip biljek däl!*

*Salam Oguljennet!*
*Gaşlaň çytykdy,*
*Ýalňyzlyk derdinde halyň bardy seň...*
*Entek- entek ýazjak zatlaň ýetikdir,*
*Şygryýet howaly bagyň bardyr, seň!*

*Salam Oguljennet!*
*Zehinli uýam!*
*Hem syrdaşym- müň ýyldan soň üýtgemez...*
*Salam Oguljennet,*
*Kepil men uýam!*
*"Garraýan" diýipsiň,*

*Uýam, beýtme sen!*

***Aýralyk***

*Gaçdy leýlisaçlaň ýapragy ýaba,*
*Sen olary üzüp- üzüp zyňypdyň...*
*Şol gün ýeke gezek galmady gabak,*
*Agladyňmy?*
*Aňşyrmadym,*
*Dymypdyň?*

*Bogazyňda halka atyp durdy söz,*
*Belki dözen dälsiň aýralyga-da...*
*Öňler aýtsaň: gözlerime nurdy söz:*
*-Diýrdiň: "Gel aýrylman, aýrylaly-la"*

*Güzer gohun bes eden deý hamana,*
*Ýap saldandy gökden,*
*Egnin düşürip...*
*Leýlisaçlaň ýapraklaryn zyňypdyň,*
*Sen şonda bir gysym edip,*
*Üýşürip...*

***Sen meň üçin...***

*Sen huzuryň ak öýüdiň men üçin,*
*Şo sebäp men senden dönüp bilmedim.*
*Inçeldiň ýonjakdym,*
*Üzjekdim yşgy...*

*Igäm kütek çykdy, ýonuň bilmedim...*

*Sen elýetmez gökde hellewlän derek,*
*Leglek höwürtgesin goýmadyň maňa.*
*Sen söýdüň...*
*Ýöne hiç pyşyrda garyp,*
*“Bir , täk seni söýdüm” diýmediň maňa!*
*Şol sebäpli belki, ýekeje gezek*
*Gökden ganat ýaýyp,*
*Gonup bilmedim!*

*Sen meniň aýlawly agylymdyň, hut!*
*Göremde syzypdym, sarç gördüň meni.*
*Uçsam ýalym şemal öper öýdüpdim,*
*Emma erkin ruhum...*
*Wah erkin ruhum,*
*Sen bir gezek şol ruhuň çuň aýdymyn*
*Diňlän bolsaň belki, bilerdiň welin...*
*Başga- başga ruhsuz, sözsüz hem sazsyz,*
*Agramsyz, dogasyz aýdym diňlediň,*
*Men ol aýdymlara gonup bilmedim...*

*Dem alsam, dem aldyň, uludan –uly,*
*Sähraň güllerinden  bölüp bilmedim,*
*Bir gelip bilsediň, bilýärin muny,*
*Dönüp bilmezdiň...*

*Sen sag bolsaň ýeter maňa dünýede,*
*Bilýän gözleň gözländir meň gülşümi.*

*Sen öýlendiň,*

*Şol gün owadan dünýäň*

*Gaçyp gitdi, owalkyja gelşigi...*

*Men ýandym,*

*Şol günden şu güne çenli*

*Hiç sönüp bilmedim,*

*Sönüp bilmedim...*

***01.06.2025***





ТҮММҮЛЖАГАЗ

ЛЕЙЛИСАЧ

Бахар паслы геленде,
Яшыл дона бүренди.
Онуң инче шахасы
Кем-кемден өсйәр инди.

— Шаха барын яйрат-да
Сен голларың гиңден ач.
Барарыс биз саяңа,
Өсүп, улал, лейлисач!

Җеннет БӘШИМОВА.
Векилбазар районындакы
8-нҗи орта мекдебиң 6-нҗы
клас окувчысы.

ПИОНЕР

октябрят

*Goşgular 2024*
*mowlanakyzy@mai.ru*

***Edebi çeper neşir***

*Türkmen dilinde*